**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**A.Salakow**

# ÖNÜMÇILIGI GURNAMAK WE DOLANDYRMAK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat – 2010

**A.Salakow,** Önümçiligi gurnamak we dolandyrmak.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

# I.Giriş

Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanamyzda önümçiligi gurnamagyň we dolandyrmagyň aýratynlygy Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanda nebit we gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Milli maksatnamamyza laýyklykda Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanamyzda nebit we gaz senagatynyň pudaklaryny has-da ösdürip, dünýä ülüňlerine gabat gelýän önümleri öndürmek hem-de ony ýerlemek boýunça çäreler döwlet tarapynda esasy üns merkezinde saklanýar.

Beýik Galkynyşlar we özgertmeler eýýamynda ýurdumyzyň dürli ýerlerinde açylýan nebit-gaz ýataklary döwletimiziň ykdysady taýdan ösmegine uly ýardam berýär.

Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanamyzda Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi Hazarýaka gaz geçirjisi ýaly ägirt uly maksatnamalar ýurdumyzda nebit-gaz pudagyny ösdürmeklige dünýä derejesinde üns berilýändigini aýdyň subut edýär.

Berkarar döwletimizde giň gerime eýe bolýan şeýle uly maksatnamalaryň durmuşa geçirilmeginde ýurt baştutanymyzyň guramaçylykly binýadynyň ýokarydygynyň anyk beýany bolmak bilen, döwrüň ösen talabyna görä netijeli işlemek üçin ähli şertler bar.

Garaşsyz, Baky Bitarap ýurdumyzda önümçiligiň netijeli ösmegine giň gerim almakda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda önümçiligiň işini gurnamakda, dolandyrmakda we önümçiligi ýokary derejede planlaşdyrmakda aýratynlygy bolup durýar. Ýurdumyzda Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanamyzda önümçiligiň guramaçylygy we dolandyryş metodlary has kämilleşýär. Olary dolandyrmagyň gurluşlary, pudagyň işini planlaşdyrmak şeýle hem beýleki ugurlar boýunça önümçiligiň guramaçylygy we

onuň dolandyrylyşy ylmy derejede öwrenilip ösdürilýär. Şu nukdaý nazardan önumçiligi dolandyrmagyň netijeli bolmalydygyny subut edip durmak hökman däl, sebäbi önümçiligiň dolandyryşdaky peýdalanýan usullary we gurallary, däp bolşy ýaly, has ýokary derejedäki maksatlara tabyndyr. Önümçiligi dolandyrmagyň netijeliliginiň özüne ýa-da hat-da dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň netijeliligine bellenilen ölçegler boýunça baha bermek bolar. Ol ölçeg belli bir wagtyň aralygynda alynan ykdysady netijelilik hem-de bellenilen maksada has tiz we has oňat ýagdaýda ýetmekdir. Bularyň hemmesi Türkmenistanda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda önümçiligiň eýeçiligini dolandyrmagyň usulyýetiniň we işiniň mundan beýläk-de hüjüm edijilikli ösüşinde öz beýanyny tapýar. Şeýle hem bu ugurda önümçiligi dolandyrmak babatda Hormatly Prezidentimiziň pudak ýolbaşçylary bilen geçirýän her bir giňişleýin mejlisleri, aýry-aýrylykda berýän tabşyryklary munuň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki döwürde önümçiligiň işleriniň kämilleşmegini gurnamakda Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda dünýä derejesinde geçirýän her-bir önümçilik sergileri biziň nebit we gaz önümlerimizi ýerlemekde özüniň uly itergisini berýär.

Nebit-gaz senagatynyň önümçiligini gurnamakda we dolandyrmakda önümçilige edilýän goşmaça hyzmatlaryň esasy bölegi häzirki wagtda “Türkmennebit”, “Türkmengaz” we “Türkmengeologiýa”döwlet konsernleriniň ýöriteleşdirilen düzüm birlikleri tarapyndan amala aşyrylýar. Bu işde daşary yurt kompaniýalarynyň paýy 10%-den geçmeýär. Bu babatda Türkmenistan öz hususy hyzmatlar pudagyny döretmegi we ösdürmegi ileri tutulýar. Şol bir wagtyň özünde türkmen hünärmenleri tarapyndan entek öwrenilmedik işleri amala aşyrmakda daşary yurt kompaniýalarynyň tejribelerinden hem peýdalanylýar.

Türkmenistan gury ýerde nebit-gaz ätiýaçlygyny özleşdirmegi we işlemekligi esasan öz güýji bilen amala aşyrýar. Muňa garamazdan daşary yurt kompaniýalaryna hem

öz täjirçilik işlerini alyp barmaklyga mümkinçilik berýär. Bu mümkinçilikler esasan häzirki zaman enjamlaryny getirmek we goşmaça hyzmatlary etmek bilen baglydyr. 2020-2030-njy ýyllara çenli nebit-gaz çykarmagyň öňde goýlan sepgitlerine ýetmek üçin döwlet konsernleri we korporasiýalary ýene-de birnäçe ulanyş hem-de gözleg skwažinalaryny burawlamagy göz öňünde tutýarlar. Munuň üçin bolsa pudagyň önümçilik kuwwatlyklarynyň hatarlaryny has-da berkitmeklik zerurdyr. Muňa nebit-gaz pudaklaryň düzüminde bar bolan burawlaýyş enjamlarynyň saklawhanasynyň gaýtadan dikeldilmegi, skwažinalaryň düýpli abatlamak işleriniň çaltlandyrylmagy uly mümkinçilikler berdi.

Ýurduň nebit-gaz pudagynyň ýakyn ýyllarda ýokary derejede ösdürilmegine Hazar deňziniň türkmen bölegininiň işjeň özleşdirilmegi uly täsirini ýetirer. Gözleg-agtaryş işleriniň netijesi boýunça bu ýerde nebit-gaz ätiýaçlygynyň uly gorlary bar. Deňizde täze ýataklary açmagyň geljegi iki sebit, Orta we Günorta Hazar nebit-gaz howdanlary bilen baglydyr.

Häzirki döwürde Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda döwletimiziň ykdysady taýdan ösmegine uly hem-de doly mümkinçilik bar. Döwletimiziň hut häzirki wagtdaky ösüş depgini, ykdysady işjeňligi şeýle netijä gelmäge doly esas berýär. Iň esasy zat, döwletimiz ykdysady mümkinçiliklerini ýerlikli peýdalanýar. Bu ugurda Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Beýik galkynyşlar we täze özgertmeler zamanamyzda Türkmenistan döwletimiziň hemme taraplaýyn ösüşi ýene-de birnäçe esse belende göteriler.

## II. Halk hojalygynda önümçilik we kärhana

Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň halk hojalygyny ösdürmekde esasy orny önümçilik kärhanalar tutýar. Olar köpsanly ýöriteleşdirilen pudaklardan ybarat bolup, her birisi özleriniň önümçilikli görnüşlerine laýyklykda birnäçe dürli kärhanalary birleşdirýär. Önümçilik kärhanalary köpçülikleýin eýeçiliginiň zähmetkeş toparyny düzýär we halk hojalygynyň esasy önümçilik bölegi bolup durýar. Önümçilik kärhanada zähmetkeş topar halk hojalyk eýeçiliginiň eýesi bolup çykyş etmek bilen halkyň baýlygyny döredýär we köpeldýär. Şunuň bilen baglylykda jemgiýetçilik toparyň, şol bir wagtda her bir raýatyň islegini öwrenip kanagatlandyrmagy üpjün edýär. Önümçilik kärhanasy adyndan belli bolşy ýaly, ol diňe önüm öndürmek we ony ýerlemek bilen meşgul bolýar.

Önümçilik kärhana meýilnamalaşdyrylan görnüşde doly hojalyk hasaplaşygynda işleýär. Ol öz işini Türkmenistanyň kärhanalar (birleşikler) hakyndaky kanunyna laýyklykda alyp barýar. Her bir kärhananyň özüniň döwlet tarapyndan kanuny tassyklanan düzgünnamasy bolup, döwlet tarapyndan kepillendirilen edaralarda hasabatda durýar. Kärhanalar döwlet tarapyndan kanunlaşdyrylan hasabatlary düzýär we degişli edaralara tabşyrýar. Şeýle hem döwlet öňündäki salgyt we töleg borçlaryny ýerine ýetirýär. Ol bankda özüniň doly hukukly hasaplaşyk hasaby açýar we töleg hasaplaşyklaryny amala aşyrýar.

Kärhana bir bitewi önümçilik işlerini ýerine ýetirýär. Ol önümçilik işler esasy hem-de kömekçi işlere bölünýär.

<u>Esasy önümçilik işi – </u>ol işler gönüden-göni önümi öndürmek we ony ýerlemek bilen bagly bolýar.

<u>Kömekçi önümçilik işi</u> – esasy önümçilik işiniň kadaly işlemegine ýardam berýär, ýagny önümçilik serişdelerini bejermek, saklamak, önümçiligi elektroenergiýa, suw,

aragatnaşyk, ulag, material - tehniki üpjünçilikler we ş.m. hyzmatlar gurşawy bilen meşgul bolýar.

Önümçilik kärhanasynyň esasy wezipesi halk hojalygynda jemgyýetçilik köpçüliginiň islegini kanagatlandyrmak bilen baglylykda, hili gowy önümleri öndürip, az harajatlar bilen ýurdumyzyň ykdysady baýlygyny artdyrmak, şeýle hem zähmetkeş toparyň, olaryň her-biriniň hal-ýagdaýyny gowylandyrmakdan ybaratdyr.

Şu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin kärhana;

1. Önümçiligiň netijeli ösüşini,
2. Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny çalt özleşdirmegi,
3. Zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmagy,
4. Zähmet serişdelerini aýawly peýdalanmagy we saklamagy,
5. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegi,
6. Peýda gazanjyny köpeltmegi,
7. Zähmetkeş toparyň durmuş we medeni ýagdaýyny gowylandyrmagy,
8. Zähmetkeş toparyň kadaly iş üpjünçiligini,
9. Zähmetkeş toparyň durmuş deňligini,
10. Yzygiderli we maksada laýyk zähmet bölünişigini gurnamagy,
11. Daşky gurşawy goramagy we ony gowulandyrmagy gazanmaly.

Önümçilik kärhanalary öz gazançlarynyň çäklerinde önümçilik bilen bagly gurluşyklary, önümiň hilini gowylandyrmak baradaky çäreleri gurnamaga haklydyr. Şunuň bilen baglylykda önümçilik emläklerini giňeltmäge haklydyr.

Önümçilik kärhanalaryny ýöriteleşdirilen ugurlary boýunça toparlara bölýärler. Ol esasan hem nebit we gaz pudaklarynda giňden ýaýbaňlandyrylandyr. Olara: nebit we gazy çykarmak bilen bagly kärhanalar, buraw işlerini geçirýän kärhanalar, nebit-gaz skwažinalarynyň gurluşygyny

alyp barýan kärhanalar, gözleg işlerini alyp barýan we nebit-gazy gaýtadan işleýän kärhanalar degişlidir.

Önümçilik kärhanalary hojalyk hasaplaşygynda işlemek bilen, ol doly emläk eýeçilgi bilen üpjün edilen bolýar. Emläk eýeçilgi diýip - önümçilik we administratiw jaýlar, önümçilik we hyzmat ediji gurallar, enjamlar, maliýe serişdeler düşündirilýär.

Önümçilik kärhanalary Döwlet býüjetiniň girdeji bölegini döretmekde ilknjileriň hatarynda durýar. Olar özleriniň gazanan maliýe girdejileriniň belli bir bölegini Döwlet býüjetiniň gaznasyna gönükdirýär.

Önümçilik kärhanalary ýuridiki şahs bolmak bilen, önümçiligiň maddy gymmatlyklaryna doly jogap berýär. Kärhanadaky alynyp barylýan hasabatlary, girdejileri we çykdajylary, gazanylan peýdany ulanmagy, önümçiligi giňeltmegi we işçileriň hal ýagdaýyny gowulandyrmagy özbaşdak çözýär. Kärhananyň esasy wezipesi, önümçiligi hem-de durmuş şertleri planlaşykly alyp barmak bilen, önümçiligi ylmy esasda ösdürmek bolup durýar. Şeýle hem kärhana özüniň zähmetkeş topary bilen önümçiligi ösdürmek we giňeltmek meseleleriň geljekgi planlaryny işläp taýýarlaýar. Önümçiligiň ähli ugurlarynda deň hukuklylygy üpjün etmekligi gurnaýar.

Kärhana önümiň öndürjiligini ýokarlandyrmak hem-de önümiň hilini gowulandyrmak baradaky çäreleri özbaşdak düzmekligi ýola goýýar. Önümçilikde tygşytlanan serişdeleriň hasabyna zähmetkeş topara goşmaça höweslendirme we zähmet hak tölegleriniň ýokarlandyrylan görnüşlerini tölemegi gurnaýar.

Kärhanada önümçiligiň esasy hem-de dolanşyk serişdeleriniň maksada laýyk ulanylyşyny, olara edilýän hyzmatlary we jogapkärçiligi üpjün etmek barada çäreleri işläp düzýär. Zerur bolan ýagdaýlarda pudagyň çäklerinde gurluşyk we bejergi işlerini geçirmekligi gurnaýar. Öndürilen önümleri ýerlemek, hyzmatlary ýokarlandyrmak hem-de

şertnamalaýyn işleri amala aşyrmak baradaky meseleri özbaşdak çözýär. Biziň ýurdumyzda önümçiligiň senagat pudaklarynyň arasynda nebit we gaz pudagy özüniň önümçilik aýratynlygy bilen esasy orunlaryň birini tutýar. Ol hem onuň önümçiliginiň çylşyrymlylygy hem-de köpugurlylygy bilen baglanyşyklydyr. Ýagny nebit-gaz pudagy özüniň köpugurlylygy bilen beýleki senagat pudaklaryndan tapawutlanýar. Şeýle hem ol özüniň önümçiliginde bir-näçe ýöriteleşdirilen pudaklary jemleýändigi bilen düşündirmek bolar.

Olar esasan;

- Nebiti – gazy çykarmak,
- Nebiti – gazy burawlamak,
- Nebit – gaz skwažinalaryny gurmak,
- Nebiti – gazy trubalar arkaly ugratmak,
- Nebiti – gazy gaýtadan işlemek,
- Nebit – gaz ýataklaryny gözleýiş we abatlaýyş işlerini geçirmek ýaly , şeýle hem birnäçe başgada ýörüteleşdirilen kärhanalary öz gurluşynda jemleýär. Mundan başgada ol öz gurluşynda nebit we gaz pudaklarynyň esasy önümçiligi bolan önümleriň öndürilmegi we ýerlenmegi bilen baglanyşykly işlere ýardam berýän üpjünçilik hem-de hyzmat ediji kömekçi kärhanalary birleşdirýär. Nebit – gaz pudagy özüniň ýoriteleşdirilen ugurlary we öndürijilik kuwwatlyklaryna baglylykda toplumlara bölünmek bilen birleşikleri döredýär.

Önümçilik birleşiklerini döretmek her-bir ýöriteleşdirilen ugurlar boýunça ylmyň gazananlaryny özleşdirmekde netijeligi artdyrýar.

<u>Önümçilik birleşigi</u> – bu biri-biri bilen baglanyşykly kärhanalar toplumydyr, ýagny öndürýän önümi, alyp barýan işi, şeýle hem ýerine ýetirýän hyzmatlary ugurdaşdyr.

Biziň häzirki döwrümizde Türkmen döwletimiz şu ugurlary kämilleşdirmek we özleşdirmek boýunça Hormatly

Prezidentimiziň başda durmagynda kadaly çözgütleri amala aşyrýar.

Nebit we gaz pudaklarynyň düzümi ýokarda belleýşimiz ýaly köp ugurlylygy bilen, onuň önümçüliginiň esasy bölegi dynç we baýramçylyk günlerini öz içine almak bilen, gije-gündiziň dowamynda üznüksiz işleýär. Olara esasan hebit we gaz çykarýan kärhanalar degişlidir. Şol esasy ugurlary kämilleşdirmek boýunça ylmyň gazananlaryny özleşdirip. önümçilik kuwwatly enjamlar we gurallar bilen üpjünçilik Döwlet derejesinde üns merkezinde saklanýar.

## III. Önümçiligiň işini gurnamagyň esaslary

Biziň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň önümçilik pudaklarynda baş maksadymyz önümiň öndürjiligini artdyryp Milli ykdysadyýetimizi durnuklaşdyryp ösdürmekdir. Şu nukdaý nazardan önümçilik işleri döwründe, önümi öndürmek, ony ýerlemek we önümiň hiliniň gowulandyrylmagyny ýokarlandyrmak, sazlaşykly hem berk-jebis gatnaşykly alnyp barylmalydyr. Nebit-gaz pudagynda nebiti we gazy çykarmak, buraw işlerini geçirmek, geologiýa gözleg işlerini geçirmek, abatlaýyş we bejeriş işlerini geçirmek, nebiti we gazy gaýtadan işlemek utgaşdyryjy häsiýetde alnyp barylmalydyr.

Nebit-gaz pudagynda önümçilik işleri çylşyrymly we ýokarda belleýşimiz ýaly köp ugurlydyr. Olar maksatly gönükdirilişi bilen tapawutlanýarlar. Önümçiligiň senagat pudaklarynda, şol sanda nebit-gaz pudaklarynda ýerine ýetirilýän işlere laýyklykda önümçilik işi iki topara, ýagny esasy hem-de kömekçi iş toparlaryna bölünýär.

Esasy önümçilik işi – zähmet gurallary bilen gönüden-göni önümi öndürmek hem-de şol önümi ýerlemek bilen bagly işleri ýerine ýetirýär.

Nebit-gaz pudagynda olar, nebiti we gazy çykarmak, skwažinalaryň buraw işlerini geçirmek, trubalar arkaly önümi

ugratmak, geologiýa-gözleg işlerini geçirmek, nebiti we gazy gaýtadan işlemek we beýlekiler girýär.

<u>Kömekçi önümçilik işi</u> – esasy önümçilik işi bilen bagly işleriň kadaly işlerini üpjün edýär. Olara, zähmet serişdeleriniň işjeňligini kadalaşdyrmaga goldaw bermek hem-de zähmet şertleriniň kadaly işlemegini üpjün etmek we beýlekiler girýär. Kömekçi önümçilik işi esasy önümçilik işi bilen berk baglanyşykly bolup, ol esasan önümçilik serişdeleriniň bejeriş we abatlaýyş işlerini geçirmek bilen, önümçiligi elektroenergiýa, suw, material-tehniki hyzmatlary we gaýry üpjünçilikleri amala aşyrýar. Kömekçi önümçilik işleri hem esasy önümçilik işi ýaly çylşyrymly bolýar. Olar guramaçylyk we tehniki esaslandyryjy böleklere bölünýär.

Guramaçylyk işi-önümçiligi sazlaşykly we bökdençsiz işlemegi bilen baglanyşykly çäreleri ýerine ýetirýär.

Tehniki esaslandyryjy işi-önümçilikde zähmet gurallarynyň saz we bökdençsiz-netijeli işlemegi bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetirýär.

Nebit we gaz çykaryş müdirliginiň önümçilik gurluşyna şekil arkaly syn geçirýäris;



Özüniň görnüşlerine laýyklykda önümçilik işi mehaniki hem-de fiziki-himiki işlere bölünýär.

Mehaniki iş-bu mehaniki güýjüň netijesinde çig mal öz durkuny, görnüşini üýtgedýär. Oňa çig maly gaýtadan işläp başga bir görnüşe öwrülmegi girýär.

Fiziki-himiki iş – muňa materialyň fiziki-mehaniki we gurluşynyň üýtgemegi girýär. Olara, materialyň himiki, ýylylyk, elektrohimiki gurluşlaryň üýtgemegi degişlidir.

Önümçilik işiniň esasy bölegi özüniň uzak wagtlap hereket etmegi bilen üznüksiz we üznükli önümçilik işlerine bölünýär.

Üznükli önümçilik işlerine -- geologiýagözleg işleriniň gurluşygyny, şeýle hem gözden geçiriş ( ispitaniýa ) işlerini mysal getirmek bolar.

Üznüksiz önümçilik işlerine – önüm öndermek we önüm çykarmak işlerinde yzygiderli saklawsyz alynyp barylýan işler girýär. Olara nebiti-gazy çykarmak, olary turba geçirijiler arkaly ugratmak, gaýtadan işlemek ýaly togtadylmaýan önümçilik işlerini mysal getirmek bolar.

Her bir önümçilik işi anyk berk guramaçylygy talap edýär. Şonuň üçin önümçilik işinde önümçiligiň alyp barýan işine we häsiýetine baglylykda kärhanada işgär düzüminiň gurluşy düzülýär. Ol önümçilikde alynyp barylmaly işlerini anyk kesgitleýär. Bu nebit-gaz pudagynyň köp ugurlylygy hem-de işleriň çylşyrymlylygy bilen baglylykda umumy şeýle häsiýetlendirilýär:

**Önümçilik işgär düzüminiň mysaly gurluşy Görňüş–1 çatylýar.**

Şu mysaly gurluşda görnüşi ýaly nebit we gaz pudagynda önümçilik kuwwatlyklaryna baglylykda kärhana, bölüm we işgär düzümleriniň gurluşy düzülýär.

Häzirki önümçiligiň ykdysady ösüş döwründe ylmyň gazananlarynyň öňe gidişligini tizleşdirmekde önümiň hilini ýokarlandyrmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Önümiň hilini gowulandyrmagyň yzygiderliligi önümçiligiň işiniň

netijeligini ösdürmäge kesgitli şert döredýär. Önümiň hiliniň gowy bolmagy jemgyýetçilik köpçüliginiň islegini artdyrýar, şunuň bilen baglylykda önümçilik kuwwatlygynyň giňeldilmegine we esasy serişdeleriň köpeldilmegine ýardam berýär. Ýokary hilli önüm ulanyşda özüniň tygşytlylygyny görkezýär. Olar şeýle hem müşderleriň, ýagny alyjylaryň pudaklarynda zähmeti hem-de harajatlary tygşytlamaga mümkinçilik döredýär. Muňa garşylykly eger pudaklarda önümiň hili pese düşse önümçilikde örän köp çykdajylaryň we harajatlaryň artmagyna getirýär, hem-de önümi alyjy müşderler bilen gapma-garşylygy ýüze çykarýar.

Şol sebäpli önümçilik bilen alyjy müşderlerin arasynda sazlaşykly gatnaşyklaryň dowam etmegi üçin hil gözegçiligini döwlet tarapyndan ýola goýmaklyk meselesi ýüze çykýar.

Önümçilikde önümiň hilini durnuklaşdyrmaga we ýokarlandyrmaga esasy täsir edýän zatlar, olar önümçilik gurallary, tehniki enjamlar, ykdysady gatnaşyklar hem-de işçileriň zähmet şertleri bolup durýar. Şular pudaklarda sazlaşykly alynyp barylsa önümiň hiliniň hem-de önümiň önderjiliginiň durnukly we ýokarlandyryjy depginde ösmegine uly itergi berýär.

Pudaklarda önümçiligiň deňderejede, yzygiderli hem-de sazlaşykly işlemegi üçin ýene-de bir esasy wezipe, ol hem önümçiligiň önüm öndürýän bölümlerine, olaryň zähmet gurallaryna, enjamlaryna bökdençsiz, maksada laýyk hyzmat etmek işleri bolup durýar. Ýagny pudakdaky önümçilik gurallarynyň hem-de enjamlarynyň gurat ýagdaýda yzygiderli işlemegine goltgy bermek, işçileriň iş ýerlerinde gerek bolan enjamlaryna üpjünçilk etmek, şeýle hem awtoulag we gaýry tehnikalar bilen hyxmat etmek ýaly işleri ýerine ýetirmek bolup durýar. Esasy önümçiligiň alyp barýan işleriniň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin edilýän hyzmatlara önümçiligiň kömekçi hojalygy diýilip at berilýär. Nebit-gaz pudagynda önümçiligiň çylşyrymlylygy hem-de köpugurlylygy bilen baglylykda, ol ýerde kömekçi hojalygynyň üpjünçilik

hyzmatyny köp talap edýär. Şeýle hem nebit-gaz senagatynyň önümçiliguniň çält depginler bilen ösýändigi hem-de giňeýändigi sebäpli, esasy önümçilik işine goşmaça üpjünçilik hyzmaty, ýagny kömekçi hyzmatlarynyň kämilleşmegini talap edýär. Şonuň üçin kömekçi hyzmatlar bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen kärhanalar döredilýär. Şeýle hem kärhanalaryn düzüminde ýörüteleşdirilen bölümler açylýar. Ýörüteleşdirmegiň esasy maksady nämeden ybarat, ol hyzmatlary böleklere bölmek, ýagny gurallara we enjamlara hyzmat, tehnikalara hyzmat, awtomatlaşdyrylan ugurlara hyzmat, durmuş hyzmatlary we ş.m. degişlidir. Nebit-gaz senagatynyň düzüminde kömekçi hojalygynyň hyzmatynyň derejesi nebiti we gazy çykaryjy önümçiliginde ýokarydyr. Olarda önümçiligiň 40-50 göterimini hyzmat ediji kömekçi hojalyklar tutýar.

**Görnüş-1**

**Nebit we gaz pudagynyň önümçilik işgär düzüminiň mysaly gurluşy .**



Kömekçi hojalyklarynyň guramaçylygyny kämilleşdirmekde esasy ähmiýeti eýe bolýan, olaryň ugurdaşlary bilen toplumlara bölmek, ýagny hyzmat ediji ugurlary boýunça merkezleşdirilen toparlara bölmek bolup durýar. Bu bolsa önümçiligiň guramaçylygynda öndürijiligi ýokary enjamlary we gurallary hyzmat etmekde netijeligi artdyrýar.

Nebit-gaz çykaryjy kärhananyň işi üznüksiz, ýagny dynç günsiz gije-gündiziň dowamynda işleýändigi sebäpli, ýokarda belleýşimiz ýaly kömekçi hojalyk esasy ähmiýetli wezipäni eýe bolýar. Bu ugurda kömekçi hojalygyň bejergi işlerini geçirýän ulgamy esasy önümçilik işiniň ýokary derejesini tutýar. Ol ýerde hem önümçilik gije-gündiziň dowamynda hereket edýändigi sebäpli, netijeli, kadaly hem-de ýokary hilli zähmeti talap edýär. Şeýle hem kömekçi hojalygynyň üpjünçiliginiň mydamalyk taýýarlygynyň guramaçylygyny talap edýär.

Önümçilikde esasy gurallaryň-enjamlaryň yzygiderli we tygşytly işlemegine kömekçi hojalygynyň netijeli hyzmaty wajyp wezipe bolup durýar. Häzirki döwürde gurallaryň gözegçilik-abatlaýyş işleri planlaşdyrylan görnüşde alynyp barylýar. Olar şu aşakdaky işleri öz içine alýar;

1. Gurallara we enjamlara hyzmat,
2. Bejergi işleriň arasyndaky hyzmat,
3. Gurallara gözegçilik, arassaçylyk we ýaglaýyş işleri,
4. Planlaşdyrylan bejergiler.

Nebit we gaz senagatynda ätiýaçlyk material serişdeleri olaryň sehlerine we iş ýerlerine özleriniň talapnamalary esasynda eltilýär. Bu gurluş önümçiligiň işini tiz we anyk ýerine ýetirilmegine ýardam edýär.

Biziň häzirki döwrümizde önümçiligiň ätiýaçlyk material üpjünçiligi Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen anyk we öz wagtynda ýerine ýetirmeklik amala aşyrylýar.

Bu ugurlar boýunça gerek ätiýaçlyk şaýlary döwlet derejesinde üns merkezinde saklanýar.

## IV.Zähmeti kadalaşdyrmak we ony ylmy esasda gurnamak

Önümçilik işiniň ähli döwri esasy 3(üç) şerte baglydyr:

1. Ol zähmet, adamlaryň maksada laýyk alyp barýan işi, ýagny jemgiýeti ösdürmek üçin gerek bolan durmuş maksatly serişdeleri döretmek.
2. Ol zähmet serişdesi, ýagny adamlaryň durmuş maksatly serişdelerini döretmek üçin ulanýan tebigy baýlyklary. Olar; agaç, demir, polat, nebit, gaz,ýod, duz, suw we ş.m.-ler.
3. Ol zähmet guraly; durmuş maksatly serişdeleri döretmek üçin ulanýan gurallary, ýagny durmuş maksatly serişdeleri gerek bolan derejesine çenli ýetirmek üçin ulanýn ähli gurallary.

Bu ýerde zähmeti rejeli peýdalanmak üçin mehanizimleşdirilen gurallary peýdalanmak guramaçylygyň esasy meselesi bolup durýar. Munda esasy önümçiligiň guramaçylygy üçin işçi güýji bilen önümçilik serişdeleriniň gabatlaşmagy we zähmetiň maksada okgunly hereket etmegi wajyp oruny tutýar.Önümçiligiň ähli görnüşinde adamlaryň zähmetiniň guramaçylygy esasy wezipe bolup durýar. Biziň häzirki döwrümizde zähmeti gurnamak, esasan işçi toparynyň mehanizimleşdirilen ugurlarda işlemegi bilen bahalandyrylýar. Häzirki döwürde ähli pudaklarda zähmeti ylmy esasda gurnamaklyga gönükdirilýär. Bu bolsa ylmyň gazananlaryny özleşdirmekde zähmet serişdesini rejeli peýdalanmagyň esasy ugry bolup durýar.

Biziň häzirki ösüş we özgerşikler döwrümizde halk hojalygyny ösdürmekde esasy çözülmeli meseleleriň biri zähmet serişdeleriniň guramaçylygy wajyp orun tutýar. Önümçilikde işçi güýjüni kadaly peýdalanmak üçin zähmetkeş

toparyň iş ýerlerinde ähli mümkinçilikleri döretmeli. Ýagny olaryň zähmet şertlerinden başlap, durmuş ýagdaýlaryna çenli kadalaşmagyny gazanmaly.

Iş ýerinde zähmeti gurnamagyň iki görnüşi bolýar, olar; köpçülikleýin we ýekelikde işlemek.

Köpçülikleýin işlemek, bu önümi awtomatlaşdyrylan ugurlar bilen taýýarlamak we öndürmek.

Ýekelikde işlemek, bu bir işgär önümi başyndan tä gutarnykly maksada çenli özi taýýarlamak.

Häzirki döwürde kärhananyň işiniň netijeligini artdyrmak üçin köpçülikleýin zähmeti gurnamak işleri amala aşyrylýar. Bu usulyýet iş wagtyny rejeli peýdalanylmagyny üpjün edip, önümiň önderjiligini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Zähmetiň netijeligini gazanmakda ýenede bir esasy zat, ol hem zähmetkeş toparyň iş ýerleriniň ýagdaýyny gowylandyrmak, ýagny enjamlar bilen üpjün etmek (instrumentlar, mebeller, şkaflar we ş.m), şeýle hem zähmeti kadalaşdyrmagy häsiýetlendirýän üç şert bar, olar: zähmeti güýç bilen peýdalanmak, sanitar-gigiýena şerti hem-de estetiki şertler.

Zähmeti güýç bilen peýdalanmak şertine-zähmeti akyl hem güýç bilen amala aşyrmak.

Sanitar-gigiýena şerti-iş orunlarynda howa ýagaýynyň arassalygy, temperaturasy, jaýlaryň arassalygy, iş ýerleriniň ýagtylandyrylyşy we sesleriň ýaňlanyşy.

Estetiki şertler-jaýlaryň we gurallaryň reňklenilişi,gözelligi, jaýdar iş eşikleri we ş.m girýär.

Şu ýokarda agzalan ýagdaýlaryň iş ýerlerinde berjaý edilmegi işçi toparyň zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmaga özüniň doly täsirini ýetirýär. Iş ýerleriň arassalygy, tämizligi hem-de daşky gurşawyň ekalogiki ýagdaýynyň gowy bolmagy işçiniň zähmet çekmegine örän oňat täsirini ýetirýär. Zähmet gurallarynyň arassa hem-de tämiz reňkli bolmagy zähmet şertleriniň gowulanmagy bilen baglylykda olaryň

howupsyzlygyny hem üpjün edýär. Ýagny gurallaryň, enjamlaryň gök ýada mawy reňli bolup – howupsyzlygy aňlatmagy, sary we mämişi reňk howuplylygy aňlatmagy , gyzyl reňkli ýerleriň el degirmekde ätiyaçly bolmaklygy talap edýän, gadaganlygy aňlatmagy duýduryjy bellikler bolup hyzmat edýär.

Zähmet şertleriniň kadaly bolmagy hem-de onuň yzygiderli kämilleşip durmagyny üpjün etmek üçin pudaklarda ýörüte işçi topar döredilýär. Ol topar döwrüň ösmegi bilen baglanyşykly zähmet şertleriniň gowulanmagy üçin ylmyň gazananlaryny özleşdirmekde işleri-çäreleri gurnaýar we durmuşa geçirýär.

Zähmet şertler bilen baglanyşykly işçilerin iş wagtlary hem kadalaşdyrylýar. Bu esasan işçileriň iş orunlarynda seljerme işleri geçirilip doly öwrenilýär hem-de durmyşa geçirilýär. Bu hem zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda, onuň netijeligini gazanmakda örän uly orun tutýar. Wagty kadaly peýdalanmagyň mysaly nusgasy şeýleräk görnüşde şekillendirilýär; **<u>(Görnüş-1 çatylýar).</u>**

<u>Iş wagty</u>- bu iş gününiň kanunlaşdyrylan ölçegidir, ýagny işgäriň özüne berkidilen işi ýerine ýetirmek döwrüniň dowamlylygyny aňladýar. Şekilde görnüşi ýaly iş wagtynyň ölçegi degişlilikde böleklere bölünýär.

<u>Ýekebara wagt- </u>her bir işgäriň güniň dowamynda çäklendirilen wagty hasaplaýar. Şunuň bilen baglylykda işgäriň günüň dowamynda etmeli işleri kadalaşdyrylýar.

<u>Taýýarlyk-jemlemek wagty- </u>Önümçilik işine taýýarlanmak (eşik çalyşmak, gurallary, enjamlary jemlemek-tükellemek we ş.m.), Önümçilik işini togtatyp jemlrmek ( iş ýerini tämizlemek, ýuwmak, arassalamak, eşik çalyşmak we ş.m.).

<u>Operatiw wagt-</u> Önümçiligiň janly iş wagty, ýagny önümçilik işini ýerine ýetirmek wagty hasaplanýar. Ol hem öz gezeginde <u>esasy</u> we <u>kömekçi</u> wagtlara bölünýär.

Esasy wagt – önümçiligi ýöretmek üçin (önümi öndürmek, çykarmak, işleri ýerine ýetirmek we ş.m.) berilen esas wagt hasaplanýar. Bu hem öz gezeginde maşyn, maşyn-el, apparatura we el işleri üçin wagtlara bölünýär.

Maşyn işi üçin wagt- önümçilik işlerini maşyn bilen ýerine ýetirmek,

Maşyn-el işi üçin wagt- önümçilik işlerini belli bir wagtda maşyn bilen hem-de el güýji bilen amala aşyrmak,

Apparatura işi üçin wagt- önümçilik işlerini apparaturanyň üsti bilen ýerine ýetirmek,

El işi üçin wagt- önümçilik işini diňe el güýji bilen amala aşyrmak hasaplanýar.

Kömekçi wagt- esasy önümçilik işine goşmaça kömekleri ýerine ýetirmek üçin çäklendirilen wagt hasaplanýar. Ol hem öz gezeginde mehanizimleşdirilen we el işlerine bölünýär.

Iş ýerine hyzmat etmek üçin wagt- önümçilik işlerini ýerine ýetirýän zähmet gurallaryna we gaýry enjamlara tehniki hem-de guramaçylyk hyzmatlaryny geçirmek üçin wagt hasplanýar. Öz gezeginde tehniki we guramaçylyk wagtlara bölünýär.

Dynç almak we şahsy iş üçin wagt- esasy önümçilik tabşyryklary ýerine ýetirilmeýän wagt hasaplanýar, ýagny önümçilikde işgäre garaşly bolmadyk ýagdaýlarda näsazlyklar ýa-da bökdençlikler ýüze çykan pursatlarda, şol ýagdaýlar düzedilýänçä işgär hereketsiz durýar._Şeýle hem işgäriň belli bir sebäplere görä kadaly zähmet şertlerine gelmeklik wagty girýär.

**Iş wagtyny kadaly peýdalanmagyň mysaly görnüşi (Görnüş-1)**




Kömekçi wagt- esasy önümçilik işine goşmaça kömekleri ýerine ýetirmek üçin çäklendirilen wagt hasaplanýar. Ol hem öz gezeginde mehanizimleşdirilen we el işlerine bölünýär.

Iş ýerine hyzmat etmek üçin wagt- önümçilik işlerini ýerine ýetirýän zähmet gurallaryna we gaýry enjamlara tehniki hem-de guramaçylyk hyzmatlaryny geçirmek üçin wagt hasplanýar. Öz gezeginde tehniki we guramaçylyk wagtlara bölünýär.

Dynç almak we şahsy iş üçin wagt- esasy önümçilik tabşyryklary ýerine ýetirilmeýän wagt hasaplanýar, ýagny

önümçilikde işgäre garaşly bolmadyk ýagdaýlarda näsazlyklar ýa-da bökdençlikler ýüze çykan pursatlarda, şol ýagdaýlar düzedilýänçä işgär hereketsiz durýar._Şeýle hem işgäriň belli bir sebäplere görä kadaly zähmet şertlerine gelmeklik wagty girýär.

Zähmeti kämilleşdirmekde, artykmaç öndürüjiliksiz wagtlary ýok etmeklige gönükdirilýär.

Iş wagtynyň peýdalanyluşyny öwrenmegiň usulyýeti, esasan zähmet öndürüjiligi döwründe ýörüte gözegçilik etmek bilen öwrenilýär.

Zähmeti kadalaşdyrmagy öwrenmekde şu aşakdaky usulyýetler peýdalanylýar;

- Iş wagtyny surata düşürmek,
- Önümçilik döwrüni surata düşirmek,
- Ölçeg habarlaryny almak,
- Suratly ölçeg habarlaryny almak,
- Iş wagtyna pursatlaýyn syn bermek.

Iş wagtyny surata düşürmek- esasy maksady bir smenada ýa-da onuň böleginde iş wagtynyň peýdalanyşyny öwrenmek. Ol iş wagtynyň peýdalanyşyny düýpli seljerilmegini we önderjilikligini öwredýär.

Önümçilik döwrüni surata düşürmek- Işi ýerine ýetirijiniň iş döwründe gurallar bilen bilelikde iş wagtynyň peýdalanyşyny öwredýär. Bu usulyýet wyşkalary montaž etmekde, desgalaryň gurlusugynda, abatlaýyş işlerinde ulanylýar.

Ölçeg habarlaryny almak- bu usulyýet önümçilik döwründe gaýtalanýan işleriň wagt ölçeginiň peýdalanyşyny öwrenmek üçin peýdalanylýar.

Suratly ölçeg habarlaryny almak- bu iş wagtynyň peýdalanylyşynyň ölçeg habarlaryny surata düşürip düýpli öwrenmegiň usulyýeti. Şeýlelik bilrn iş wagtynyň peýdalanylyşyny surata düşürmek hem-de habarlary toplamak arkaly iş döwründe esasy wagtyň, kömekçi wagtyň we beýleki wagtlaryň seljermesi geçirilip öwrenilýär.

Iş wagtyna pursatlaýyn syn bermek- bu köpçülikleýin işleri ýerine ýetirmekde, toplumlaýyn habarlary jemläp, iş wagtynyň peýdalanyşyny öwrenmek. Pursatlaýyn syn duýdansyz geçirilýär. Şol sebäpli syn beriji taýýarlyk döwründe syn beriljek iş ýerini doly öwrenip işe girişmeli. Şunuň bilen baglylykda syn beriljek iş ýeriniň näçe wagta çenli dowam etjekdigini, nähili ölçegleri geçirmelidigini ymykly taýýarlanmaly.

Önümçilikde geçirilen ähli synlaryň we gözegçilikleriň netijesinde iş wagtynyň zähmet öndürijiliginde tutýan orny kesgitlenilýär, ýagny iş wagtynyň bisarpa peýdalanylýan ugurlary kesgitlenip kämilleşdiriş usullary ýola goýulýar.

Nebit we gaz pudagynda zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, şeýle hem iş wagtyny rejeli peýdalanmak üçin, zähmetiň kadaly alynyp barylmagyna yzygiderli hasabat we gözegçilik alynyp barylýar. Bu gözegçilik-hasabaty önümçilikde gazanylýan üstünlikleri deňeşdirmeler arkaly seljerme geçirmäge ýardam berýär. Bu ugur biziň häzirki döwrümizde ylmyň gazananlaryny, täze tehnikalar bilen utgaşdyryp, ýokary derejede önümçiligi ösdürmäge-giňeltmäge, şeýle hem önümiň hilini ýokarlandyrmaga özüniň badalgasyny berýär. Nebit we gaz pudagynda ýokarda agzalan üstünliklere baglylykda Milli girdejimiz hem artýar. Milli girdejimiziň artmagy zähmetkeş toparyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, hususanda zähmet haklaryny ýokarlandyrmaga, zähmetkeş topara höweslendirme töleglerini geçirmäge gönükdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet adam üçindir” diýen ýörelgesiniň esasy sütini Milli girdejimizi artyrmak, bu bolsa zähmetkeş toparyň zähmet öndürjiligine bagly bolup durýar.

Önümçilikde zähmet öndürijiligi näçe köp ýokarlandyrylsa, Milli girdejimiz şonça artýar, bu bolsa zähmetkeş toparyň durmuş islegini kanahatlandyrmakda uly

orun tutýar. Şol islegleri kanahatlandyrmak üçin nebit-gaz pudagynyň önümçiliginde;

- Iş wagtyny rejeli peýdalanyp zähmet öndürüjiligi artdyrmaly,
- Önümçilik kuwwatly tehnikalary yhtybarly peýdalanmaly we aýawly saklamaly,
- Önümiň hilini gowulandyrmagyň yzygiderligini gazanmaly,
- Ylymyň gazananleryny yzygiderli öwrenmeli we özleşdirmeli,
- Önümçilik çig mallaryny ýitgisiz we tygşytly maksada laýyk peýdalanmaly.

Nebit we gaz pudagynyň önümçilgi özüniň çylşyrymly gurluşy bilen köp zähmeti, şeýle hem maksada okgunly işlemegi talap edýär. Munyň üçin ilkinji nobatda zähmetiň talap edýän kada-kanunyny berjaý etmeli.

## V. Täze tehnikalary döretmegi we özleşdirmegi gurnamak

Senagaty ösdürmek boýunça dünýä derejesinde ylmyň gazananlaryny özleşdirmek bolup durýar. Ylymda oýlanyp tapylanlary önümçilige girizmek üçin tizden-tiz barlag-maslahatlaryny geçirmek wajyp mesele bolýar. Önümçiligi ösdürmek we giňeltmek boýunça esasan täze öndürüjilikli we kuwwatly tehnikalar, gurallar hem-de enjamlar gerek bolýar. Şol ugurlary kämilleşdirmekde ylmyň gazananlaryny özleşdirmek esasy wezipe bolup durýar. Ylmy teklipleriň döremeginden, amal bolýança aralyk çylşyrymly we köp zähmetli ýoly talap edýär. Olar şu esasy tapgyrlary öz içine alýar; Düýpli we amaly barlagy, Konstruktor-tajribe işleri, Täze tehnikanyň önümçiligi, Täze tehnikanyň ulanylyşy we peýdalanylyşy.

Birinji tapgyr, ýagny düýpli we amaly barlag işleri ylmy barlag tapgyryna degişli, beýleki tapgyrlar täze

tehnikalary döretmek, özleşdirmek, çykarmak we ulanmak bilen baglanyşykly bolup durýar.

Ylmyň gazanlary diýmek, ol ýörüte tebigy taýdan akyldar adamlaryň jemgiýetçilik köpçüliginiň zähmetini ýeňilleşdirmek, öndürýän önüminiň öndürjiligini artyrmak, onuň hilini gowylandyrmak bilen bagly oýlap tapmasydyr. Ol esasan zähmet gurallary hem-de halk köpçüliginiň durmuş maksatly we durmuş häsiýetli isleg bildirýän zatlary bolup durýar. Ol zatlar oýlap tapylandan soň ýörüte taýýarlanylan halk köpçüligi tarapyndan öwrenilýär, tejribe geçirilýär, ondan soň önümçilige, halk köpçüligine ulanyşa gönükdirilýär. Biziň häzirki döwrümizde ol işleri ýörite alymlar topary jemlenen ylymlar akademiýasy alyp barýar. Ol ýerde oýlap tapylanlaryň halk köpçüligine we önümçilige berjek peýdasy, bähbidi barada amaly-tejribe işleri geçirilýär. Ondan soňra ylmy-gözegçilik we taslama-döredijilik edaralarynda, şol oýlap tapylan zatlar, tehniki serişdeler hökmünde önümçilige gönükdirilende Milli girdejimize goşjak goşantlary barada amaly-barlag işleri geçirilýär we netijesine laýyklykda önümçilige ornaşdyrylýar.

Biziň häzirki döwrümizde nebit-gaz senagatynyň gürlüşynda ylmy-barlag edaralar köp ugurlydyr. Ol ugurlar alyp barýan tehniki işleri boýunça ýörüteleşdirilen bolup, biri-birleri bilen sazlaşykly işleýär. Olar ylmyň gazananlaryny özleşdirmekde jebisleşip, netijeli işleri amala aşyrýarlar. Bu ugurlary kämilleşdirmekde kärhanalaryň bölümlerinde hem ylmy-amaly işler geçirilýär. Bu ugur hem ylmy-barlag institutlaryň işlerinde öz örän wajyp miwelerini berýär. Kärhanalarda ylmy-barlag işleri şu aşakdaky esaslary eýerýär;

1. Ylmy-barlag işleri aýratyn ähmiýetli, synag beriji häsiýete eýedir. Nebit-gaz pudaklarynyň tejribe geçiriş bölümleri täze tilsimatlary (tehnologiýalary) barlamakda we özleşdirmekde netijeli işleri alyp barýar.

2. Kärhanalar ylmy-barlag inistitutlar bilen ymykly gatnaşykda işläp, ylmy-barlag inistitutlardan gelýän tilsimat (tehnologik) işlerine amaly-tejribe işlerini geçirip barlaýar hem-de netijesi barada habar berýär.
3. Kärhanalaryň tejribe geçiriş bölümlerinde önümçiligiň düýpli hyzmatyna, şeýle hem taslama düzüjilere, oýlap tapyjylara ýakyndan ýardam berýär.

Kärhanalarda tehniki çözgütleriň netijesinde nebit-gaz ulgamy boýunça ykdysady ugurlaryň guramaçylygy we önümçiligiň planlaşdyryş usulyýetleri alynyp barylýar. Häzirki döwürde nebit-gaz senagatynyň kärhanalarynda hojalyk hasaplaşygyndaky guramaçylyk giňden ulanylýar, şeýle hem täze tehnikalary özleşdirmek we giňişleýin girizmek, şunuň bilen baglylykda buýrma-sargytlar we tabşyryklar amala aşyrylýar. Olar ylmy-barlag we beýleki işleriň, ylmy-tehniki işleriň toplumlaýyn planlaryny öz içine alýar. Iş buýrujylar Ministrlikleriň ýöriteleşdirilen dolandyrmalary, birleşikleri we kärhanalary bolup durýar. Tehniki progress (ösüs), bu ylmyň gazananlarynyň täze öňe gidişliginde tehnikanyň we tehnologiýanyň yzygiderli döwrebaplaşdyrylyp kämilleşmegini talap edýär. Ylmyň gazananlaryny täze döwrebap, öndürüjilikli tehnikalary we abzallary pudaklara kadaly ornaşdyrmak, önümçiligiň giňeldilmegine, onuň öndürýän önüminiň artmagyna, şeýle hem öndürýän önüminiň hiliniň ýokarlanmagyna berk binýat bolup durar.

Nebit-gaz senagatynyň her-bir ýöriteleşdirilen pudaklarynda, kärhanalarynda önümçilik işiniň ylmy esasda kadalaşdyrylmagy wajyp meseleriň biridir. Ol ýerde işleriň çylşyrymlylygy hem-de dartgynlylygy bilen baglylykda howupsyzlygy talap edýär. Bu bolsa ylmyň gazananlary bilen täze tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak esasy wezipe bolup durýar.

Biziň häzirki döwrümizde Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ylmy işgärleri, alymlary, professorlary, doktorantlary we akademikleri bilen duşuşyp geçirýän her-bir maslahatlary, ýurtda diňe önümçilik bähbitli, zähmetkeş toparyň işlerini kämilleşdirmek bilen bagly ylmy täze açyşlary döretmegi talap edýär.

Ylmy täze açyşlar diýilip nämä düşünmeli, ýagny şol ylmy işler ozal öwrenilmedik, metbugatda çap edilmedik, dissertasiýa ýazylmadyk, diplom işde ulanylmadyk, şeýle hem halk hojalygynda ozal seredilmedik açyşlar bolmalydyr. Şunuň bilen baglylykda şol döredilen ylmy açyşlarhalk hojalygynda özüniň ykdysady, hil we öndürijilik bähbidini bermelidir. Halk hojalygynda täze önümleri, täze tehnikalary, şeýle hem täze gurallary we enjamlary önümçilige girizilende ýokarda belleýşimiz ýaly ol doly ylmy işgärler tarapyndan tejribe esasynda, önümçilik howupsyzlygy we önümçilik bähbi öwrenilýär. Şondan soň kärhanalarda we edaralarda önümçilik kuwwatlylygy bilen baglylykda planlaşdyrylýar. Önümçiligi işe taýýarlamak ylmy esasda 4(dört) tapgyrdan ybarat, olar;

1. Ylmy-barlag işleri, ýagny önümçiligiň ösüş derejesini öwrenmek, täze önümçiligiň alynyp barylmagy, täýýarlygy barada maslahat bermek bolup durýar.
2. Taslama-oýlap tapyjylyk, ýagny täze önümleri taslamak, onuň düzümini kesgitlemek, daşky durkuny, tygşytlylygyny anyklamak bilen maşynlary we stanoklary oýlap tapmak.
3. Synag-tejribe işlerini geçirmek, ýagny täze maşynlaryň we gurallaryň görnüşini barlamam, täze önümleriň hilini kesgitlemek.
4. Tehnologoka(tilsimat), ýagny täze tehnikalaryň tehnologiki işlerini girizmek.

Nebit-gaz pudagynda önümçiligi taýýarlamagy gurnamak, tehniki, tehnologiki, material we guramaçylyk toparlara bölünýär.

Material taýýarlygyna- Nebit-gaz önümçiliginiň işinde netijeligi gazanmak üçin tygşytlylygy talap edýän materiallar, tehniki-ykdysady taýdan çykdajylary kadalaşdyrylan material-tehniki serişdeler we iş ýerine ýerlerinde zähmetiň talap edijiligini kadalaşdyrmak girýär.

Guramaçylyk taýýarlygyna- Dürli görnüşdäki önümçiligiň işini kadalaşdyryjy düzgünleri taýýarlamak we düzmek, işçiler düzgünnamasy, kadalaşdyryjy ýygyndylar, tehniki howupsyzlygy üpjün etmek we beýleki tertipnamalar girýär.

Tehniki taýýarlygyna- Nebit-gaz pudagynda önümçilik işleriň yzygiderli hilini gowulandyrmak, öndürjiligi tehniki taýdan ýokarlandyrmak, nebiti we gazy ugratmak, ýerlemek, ylmyň gazananlary bilen baglylykdatäze tehniki, awtomatiki ugurlary özleşdirmek, zähmeti we tehniki howupsuzlygy goramagy üpjün etmek, şeýle hem tehnologiki gurallary, enjamlary bejeriş işlerini geçirmek üçin kadaly mümkünçilikleri döretmek girýär.

Tehnologiki (tilsimat) taýýarlygyna- önümçiligiň tilsimat-tehnologoki işlerini taslamagy öz içine alýar. Nebit-gaz kärhanalarynda önümçiligi taýýarlamakda ähli işleriniň görnüşleriniň, ýagny nebit-gaz çykarmagyň, buraw işlerini geçirmekde gurallary saýlap almagyň, önümçilikde geçirilýän işleriň hasaplamalarynyň, şeýle hem gerek bolan material-tehniki serişdeleiň taslamalary taýýarlanýar.

Önümçiligiň taslama taýýarlygyna leýyklykda önümçilik işiniň häsiýeti we wezipesi kesgitlenilýär. Şu ýerde esasy resminama hökmünde taslama işleri nebit-gaz ýataklaryny işläp taýýarlamak, ykdysady taýdan kesgitlenip çözülen işleriň netijesi hökünde garalýar. Şu ýerde ýene-de bir esasy bellemeli wezipe ol hem nebit-gaz önümçiliginiň tehnologiki taslama taýýarlyk işlerinde ýer asty we ýer üsti tebigy baýlyklarynyň halk köpçüliginiň eýeçiligi hökmünde rejeli peýdalanylmagy göz öňünde tutulmaly. Bu ugurda nebit-gaz ojaklarynyň biziň ýurdumyzyň halk hojalygynyň üpjünçiligi hökmünde ykdysady

netijeligini işläp taýýarlamakda maksatlaýyn işleri ýerine ýetirmeli.

Biziň häzirki ylmyň we tehnikanyň ösen döwründe nebit-gaz önümlerini peýdalanmagyň uzak möhletleýin anyk tehniki-ykdysady görkezijilerini işläp taýýarlamaga mümkinçilik döredýär. Şunuň üçin ykdysady ýörelgeleriň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin nebit-gaz önümleriniň işlerini maksatly we ymykly öwrenmeli. Bu işler doly we dogry öwrenilen soň önümçilik işiniň ýerine ýetirilmeginde netijelik gazanylýar. Nebit-gaz ýataklaryny doly öwrenip maksatly netije çykarmak pudagyň maýa toplamagyna uly ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda nebit-gaz pudaklarynyň ähli ugurlarynda ýagny gurluşyk işlerini geçirmekde, gurallara we enjamlara abatlaýyş işlerini geçirmekde, täze döwrebap tehnikalary önümçilige ornaşdyrmakda, şeyle hem durmuş we önümçilik maksatly çäreleri geçirmekde uly mümkinçilikler döreýär. Nebit-gaz önümçiliginiň netijeligi tehniki hem-de tehnologiki taslamalaryň hakyky önümçilik döwründe işleri ýerine ýetirmekde geçirilýän seljermeler esasynda anyklanýar. Anyklaýyş işleri gurallaryň kuwwatlyklary bilen baglylykda tehnologiki kadalaryň iş ornunda ýerine ýetirilişi bilen amala aşyrylýar.

Maýa goýum toplumy nebit we gaz önümçiliginde şu aşakdaky esasy ugurlara bölünýär. Olar:

1) Skwažnylaryň bureniýasy,
2) Önümçilik şertli üpjünçilik,
3) Önümçilik desgalaryň gurluşyk we abatlaýyş işleri,
4) Gaýry, ýagny energetiki, hojalyk işlerine gatnaw ýollaryny bejermek we ş.m.

Nebit we gaz önümçiliginde ulanyş harajatlary degişlilikde hasabaty harçlanan ugurlary boýunça ýöredilýär. Şonuň bilen baglylykda önümi öndürmek boýunça edilen harajatlar gelip çykýar. Ol çykdajylar esasan şulardan ybarat, ýagny;

1. Çig mal çykdajylary,
2. Ulanyş harajatlary,

3. Abatlaýyş we bejergi işleriň harajatlary,
4. Zähmet haky hasaplamalary,
5. Durmuş häsiýetli tölegler,
6. Hojalyk harajatlary,
7. Gaýry çykdajylar.

Biziň häzirki döwrümizde Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda nebit-gaz önümçiliginiň işini kämilleşdirmekde guramaçylyk, täze tehnikalary döredip ony önümçilige özleşdirmek bilen baglylykda, öndürilýän önümiň öndürijiligini artdyrmak, önümiň hilini gowulandyrmak, önderilýän önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek we zähmet şertlerini ylmy esasda kadalaşdyrmak bolup durýar.

## VI. Pudagyň planlaşykly işlemegini gurnamagyň esaslary

Biziň Garaşsyz we Baky Bitarap ýurdumyzda önümçiligi planlaşdyrmak we pudaklaryň önümçilik-hojalyk işiniň planlaşykly alynyp barylmagy halk hojalygyny ösdürmekde esasy wezipedir.

Plan-meýilnama - bu möhletler we ýerine ýetirijiler bilen baglanyşykly, wagtyň bellenilen döwri arkaly öňde goýlan maksatlary durmuşa geçirmek we çäreleriň toplumyny ýerine ýetirmek esasynda haýsydyr bir aýratyn gün göwrümli binýady dolandyrmagyň ýagdaýy hakymdaky esaslandyrylýan ylmy görkezijidir.

Plan - meýilnamalar wagtyň döwri boýunça; uzak möhletleýin (10- ýyldan ýokary), orta möhletli (5-ýyl) we gysga möhletli (1-ýyl) bolup biler. Meýilnamalaşdyrma anyk ýörelgeleriň berjaý edilmegi bilen amala aşyrylýar, ýagny meýilnamalaýyn resminamalary emele getirmegiň, esaslandyrylmagynyň we guramaçylyk taýdan işläp taýýarlamalaryň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen amala aşyrylýar. Olaryň iň esasylary bolup, şu aşakdakylar durýar; ylymlylyk, durmuşa gönükdirilmegi, önümçiligiň netijeligini ýokarlandyrmak, deňeçerlik we deňleşdirme,ileri tutmak,

ylalaşylan gysga, orta we uzak möhletleýin plan-meýilnamalar we maksatnamalar. Plan-meýilnamalaýyn resminamalary ylymlylyk ýörelgesinde jemgyýetçilik ösüşiniň, meýilleriň seljermesiniň we jemgyýetiň, YTÖ-niň durmuş ykdysady hereketiniň çaltlandyrylmagynyň kanunlaryny peýdalanmak bilen işläp taýýarlamak esasynda durmuşa geçirilýär. Plan-meýilnamada ilkinji nobatda adamyň we jemgyýetiň bähbitleri we olaryň isleglerini kanagatlandyrmak göz öňünde tutulýar. Şeýle hem plan-meýilnama düzülende zähmeti we serişdeleri doly tygşytlamak esasynda zähmet öndürüjiliginiň artyşy, maddy we energiýa sarp edilişini peseltmek, netije berijiligi, düşewüntligi ýokarlandyrmak ýaly görkezijiler möhümdir. Şunuň bilen baglylykda jemgiýetçilik ösüşiniň ileri tutulmagy we döwleti-ýurdy ösdürmek barada esasy ugurlar öňe sürülmelidir. Häzirki zaman şertlerinde plan-meýilnamalaryň anyk-maksatly düzülmegi döwletiň ykdysady syýasatyny durmyşa geçirmegiň, önümçilige we beýleki ýagdaýlara işjen täsir etmekligiň möhüm serişdeleriniň biri bolup durýar. Plan-meýilnamalar, maksatnamalar düzülende şu tapgyrlar tapawutlandyrylýar; meýilnama, maksatnama goşmak üçin netijeli meseleleri saýlap almak we onuň ýerine ýetirilisine, durmuşa geçirilişine gözegçiligi ýola goýmak. Şeýle hem plan-meýilnamala düzülende öňdebaryjy ylmy-tehnikanyň gazananlaryny özleşdirmek, şu esasda jemgiýetçilik önümçiliginiň netijeligini ýokarlandyrmak, tehnolokigi galtaşykly pudaklaryň we önümçilikleriň pudakara gatnaşyklarynyň utgaşdyrylmagy bilen baglylykda meseleleriň göz öňünde tutulmagy zerurdyr.

Pudaklarda, kärhanalarda, edaralarda planlaşykly-meýilnamalaýyn işlemek işçi toparyň wagtyň ähli çäklerinde öz öňlerindäki tabşyryklaryny bilip, maksada okgunly hereket etmegine gönükdirýär. Önümçilik pudaklarynyň planlaşykly-meýilnamalaýyn işlemegi bilen Döwlet, zähmetkeş toparyň çylşyrymly alyp barýan işini dolandyrýar. Biziň häzirki döwrümizde ýokarda belleýşimiz ýaly uzak möhletleýin, orta

möhletleýin we gysga möhletleýin planlaşdyrmalar anyk bellenilen, şu nukdaý nazardan her-bir döwrüň planlasdyrylyşy halk hojalygynyň hem-de jemgyýet köpçüliginiň ösüşi we islegi göz öňünde tutulyp, önümçilik kuwwatlylyklaryna baglylykda amala aşyrylýar. Şeýle hem planlaşdyrmagyň esasy ykdysady wezipesi, ol hem kärhananyň önümçüligini giňeltmek, ösdürmek, düýpli gurluşyklary geçirmek, tehniki ösüşleri özleşdirmek, zähmetkeş hünärmenleri taýýarlamak we beýleki durmuş häsiýetli ösüşleri gazanmak bolup durýar. Planlaşykly işlemegiň gurluşynda önümçüligi planlaşdyrmagyň bäş ýyllyk maksatnamasy esasy merkezi orunlaryň birini tutýar. Pudaklarda bäş ýyllyk planlaşdyryş şu aşakdaky esasy meseleleriň çözgütlerini, ýagny;

- Önümçüligiň ösmegini we kämilleşmegini,
- Jemgiýetçilik köpçüliginiň önüm islegini doly kanahatlandyrmagy,
- Önümçilik serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagyny we ähli ugurda önümçiligiň netijeligini ösdürmegi,
- Ylmyň gazananlaryny, öňde baryjy tejribeleri we tehnikalary ymykly özleşdirmegi,
- Dünýäniň iň ýokary derejeli tehnikalaryny ulanmak bilen önümiň hilini hasda gowulandyrmagy,
- Önümçilikde zähmeti dolandyrmagy kämilleşdirmegi gurnamagy,
- Zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýlarynyň gowulanmagyny ösdürmegi gurnamagy,
- Daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmagy ýokarlandyrmak boýunça çäreleri gurnamagy üpjün etmeli.

Pudagyň durmuş we ykdysady ösüşiniň gelejekdäki planlaşdyrylyşy şu aşakdaky esasy bölümlerden ybarat, olar;

1. Önümi öndürmek we hyzmatlary ýerine ýetirmek,
2. Ylmy-tehniki ösüşleri kämilleşdirmek,
3. Önümçiligiň netijeligini ösdürmek,
4. Düýpli gurluşyklary geçirmek,

5. Material-tehniki üpjünçiligi kadalaşdyrmak,
6. Zähmeti we işgär düzümini kämilleşdirmek,
7. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseldip, peýdany we düşewüntligi artdyrmak,
8. Dyrmyş-ykdysady ýagdaýlarynyň gorlaryny köpeltmek,
9. Daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmagy gazanmak,
10. Zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmagy ösdürmek,
11. Pudagyň malyýe ýagdaýyny berkitmek.

Planlaşdyrmak-meýilnama işini işläp taýýarlamak "Tehniki-ykdysady görkezijileriň" jemleri bilen gutarnykly jemlenýär.

Bäş ýyllyk plan-meýilnamanyň ýerine ýetirilişi hojalygy dolandyrmagyň ähli ugurlarynda bäşýyllyk planyň başlanan döwründen başlap yzygiderli soňky ýyllaryň ösmegi bilen deňeşdirilip bahalandyrylýar. Eger kärhana birinji ýylda göz öňüne tutan plan-meýilnamasyny belli bir sebäplere görä ýerine ýetirip bilmese, soňky ýylda öwezini dolmak bilen, öňde goýlan wezipeleri hökman ýerine ýetirmegi üpjün etmeli.

Uzak möhletleýin plan-meýilnamalar işlenip taýýarlanylanda, soňky her ýyllyk düzülýän plan-meýilnamalaryň esasy özeni bolup, şol wezipeleri ýerine ýetirmegi anyk üpjün etmeli.

Plan-meýilnamalaşdyrmagyň häzirki döwri- bu kärhananyň ýyllyk, çärýeklik we aýlyk ýerine ýetirmeli ähli görkezijileri. Bu görnüş "Tehpromfinplan"- Tehniki,senagat, maliýe plananlaşdyryş diýilip atlandyrylýar.

Tehpromfinplan- bu kärhananyň önümçilik-hojalyk we maliýe işleri boýunça düzülen planyň umumy jemleri. Bu plan bir ýyllyk düzülip zähmetkeş topar tarapyndan işlenip täýýarlanylýar. Ol ýokary guramalar bilen ylalaşylyp kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar. Tehpromfinplan kärhananyň ähli ugurlary boýunça ýerine

ýetirmeli işleri, guramaçylygy, girdejileri, çykdajylary, öndürmeli önümleri, ýerlemeli önümleri we beýleki ykdysady görkezijileri öz içine alýar.

Tehpromfinplan **görnüş-1** şekilde görnüşi ýaly, onuň bölümleri bir-birleri bilen örän baglanyşykly, şekilde görnüşi ýaly tehpromfinplanyň bölümleri şu aşakdakylardan ybarat;

1. Önümçilik we önümi ýerlemek plany,
2. Önümçiligiň tehniki ösüşiniň we onuň guramaçylyk plany,
3. Önümçiligiň ykdysady netijeligini ösdürmek plany,
4. Ykdysady çäklendirme we kadalaşdyryjy plan,
5. Düýpli gurluşyk boýunça plan,
6. Material-tehniki üpjünçilik plany,
7. Zähmet we işgär düzümi plany,
8. Önümiň özüne düşýän gymmaty, peýda we düşewüntlik plany,
9. Önümçilikde ykdysady höweslendirme gaznasy plany,
10. Zähmetkeş toparyň durmuş ösüşi plany,
11. Daşky gurşawy gormak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak plany,
12. Malyýe plan.

1.Önümçilikde önüm öndürmek we ony ýerlemek plany- bu tehpromfinplanyň merkezi-esasy bölümi bolmak bilen, muňa möçber hem-de baha görnüşinde önümi öndürmek, ony ýerlemek, önümçilik kuwwatlygy, hökmany täze kuwwatlyklary girizmek, esasy serişdeler we olaryň ulanyşy degişlidir.

2.Önümçiligiň tehniki ösüşiniň we onuň gurmaçyltk plany- bu bölüm kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň berkemeginde esasy oruny tutýar. Bu bölümde önümçiligiň tehniki, guramaçylyk, durmuş-ykdysady, ylmy-öwreniş çäreleri, önümiň öndürilişini artdyrmak, onuň hilini ýokarlandyrmak, önümiň harajadyny peseltmek, zähmet öndürjiligini artdyrmak, peýda gazanjyny we düşewüntligi

ýokarlandyrmak meseleleri takyklanýar. Şeýle hem bu bölümde önümiň öndürjiligini artdyrmak we önümiň hilini gowulandyrmak bilen baglylykda dünýä bazarlarynyň derejesinde önümleri ýerlemek baradaky çäreleriň meseleleri çözülýär.

3.<u>Önümçiligiň ykdysady netijeligini ösdürmek plany-</u> Kärhananyň önümçiliginiň netijeligini ylmy esasda ösdürmek, şu babatda kärhananyň ykdysady ösüşini tizleşdirmek meseleleri çözülýär. Ykdysady netijeligi kämilleşdirmek üçin alyjy müşderleriň isleglerini ýokary derejede kanahatlandyrmagyň esasy hem-de dolanşyk serişdeleriň, maýa goýumyň, hakyky zähmetiň we material serişdeleriň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik çäreleri gurnalýar. Bu bölüm önümçilik serişdeleriniň kadaly peýdalanylyşyny häsýetlendirýär. Umuman pudagyň önümçüliginiň ähli serişdeleriniň peýdalanyşyna seljermeler arkaly baha berilip netijeler çykarylýar.

**Görnüs-1;Tehpromfinplanyň gurluşy.**




4.Ykdysady çäklendirme we kadalaşdyryjy plan- Ähli plan-meýilnamalaryň gözbaşy çäklendirme we kadalaşdyrma bolup durýar. Ol önümçiligiň şertine laýyklykda hem-de tehnologiki tertiplere laýyklykda öwrenilip taýýarlanylýar. Bu bölümde önümçilik kuwwatlygynyň, çig mal serişdeleriniň, zähmetiň, dolanşyk serişdeleriniň peýdalanyluşy öwrenilýär we çäklendirme hem kadalaşdyrma çäreleri takyklanylýar.

5.Düýpli gurluşyk boýunça plan- Bu bölümiň esasy wezipesine önümçilik kuwwatlygyny artdyrmak, önümçiligi giňeltmek, onuň durkuny täzelemek we beýleki önümçilik zerurly gurluşyklary alyp barmak çäreleri girýär.

6.Material-tehniki üpjünçilik plany- Bu bölümde önümçilik işiniň bökdençsiz işlemegini gazanmak üçin, material-tehniki, gurluşyk we beýleki serişdeleriň gerek mukdardaky möçberi öwrenilip, ony üpjün etmeklik hem-de material-tehniki serişdeleriň alynmaly ýerleri kesgitlenýär.

7.Zähmet we işgär düzümi plany- bu bölümde göz öňünde tutulýan esasy meseleler;

a) Işçileriň derejeleri boýunça talap edilýän umumy sany we goşmaça işçi güýjini girizmek hem-de ol mümkinçilikleri döretmegiň ýollary,

b) Gerek bolan ortaça we doly zähmet haky, onuň düzümi hem-de ösdürmegiň ýollary,

w) Zähmet öndürijiligi artdyrmak we önümi öndürmekde zähmeti talap edijiligi ýeňilleşdirmek degişlidir.

8.Önümiň özüne düşýän gymmaty, peýda gazanmak we düşewüntlik plany- Bu görkezijileri ýerine ýetirmek üçin esasy maksat önüm öndürilende, hyzmatlar ýerine ýetirilende, önümler ýerlenende we beýleki işler geçirilende harajatlary peseltmek göz öňünde tutulmaly, şeýle hem ähli ugurlar boýunça tygşytlylygy gazanmaklyk ýola goýulmaly. Şular bilen baglanyşykly kärhananyň ykdysady kuwwatlylygyny berkitmek üçin peýda gazanjyny we düşewüntliligi artdyrmaly. Bu bölüm hem beýleki bölümler bilen baglanyşykly esasy ünüs merkezinde saklanmaly çäreleriň biri bolup durýar.

9.Ykdysady höweslendirme gaznasy plany- Munda önümçiligiň işgärleriniň höweslendirme, durmuş hem-de önümçiligi ylmy we tehniki taýdan ösdürmegiň möçberi, şeýle hem zähmetkeş toparyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak kesgitlenilýär.

10.Kärhananyň zähmetkeş toparynyň durmuş ýagdaýyny ösdürmek plany- Munda kärhanada zähmet

şertlerini gowulandyrmak, tejribelilik taýýarlygyny ösdürmek, zähmet haklarynyň ortaça ýokarlandyrylmagy, ýaşaýyş şertleri we medeni-bilim derejeleri gowulandyrmak çäreleri göz öňünde tutulýar.

11.Daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek çärelerini işläp düzmek plany- bu bölümde daşky gurşawy goramak, tebigy we çig mal serişdelerini rejeli peýdalanmagyň ýollaryny işläp düzmek çäreleri göz öňünde tutulýar.

12.Maliýe plan- bu bölümde ýokarda agzalan plan bölümleriň baha görnüşindäki hasaplamalary görkezilýär. Muňa peýda gazanjynyň bölünşigi, önümçilik serişdeleriniň hasaplaşyk tölegi, müşderler bilen algy-bergi hasaplaşyklary, hususy dolanşyk serişdeleriniň kadalaşdyryjy we çäklendiriji hasabaty, girdejileri we çykdajylary deňeçerlemek, şeýle hem malyýe planyň hasaplamalary netijesinde kärhananyň umumy girdejisi we çykdajysy kada laýyklykda göz öňünde tutulýar.

Nebit we gaz senagaty kärhanalary boýunça tehpromfinplanyň esasy görkezijileri;

a) Önümçilik boýumça- hasaplamalar boýunça önümiň öndürilişiniň ösüşi, ýagny gaz kondensatyny goşmak bilen nebiti çykarmak, gazy, nebiti çykarmak, nebity we gazy ýerlemek, ugratmak, nebit we gaz ýataklarynyň ätiýaçlygyny köpeltmek, gurluşugy tamamlanan skwažnalaryň sanyny artdyrmak, halk köpçüliginiň islegini kanahatlandyrýan nebit we gaz önüminden ýasalýan harytlary bölek satuw nyrhlarda öndürmek girýär.
b) Zähmet boýunça- senagat we önümçilik, senagat we önümçilik däl düzümleriň zähmet hak tölegleri, nebit we gaz senagatynyň önüminiň zähmet öndürjiligini artdyrmak girýär.

c) Maliýe we önümiň ozüne düşýän gymmaty boýunça- işiň görnüşleri boýunça gazanyljak peýda, düşewüntlik, öndürilýän önümleriň harajatlary girýär,
d) Düýpli gurluşyk boýunça- kärhananyň maýa goýum toplumynyň we merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň hasabyna guruljak-geçiriljek gurluşyk-gurnama işleri, esasy serişdeleri işe girizmek, önümçilik kuwwatlygyny artdyrmak, durmuş maksatly we ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy degişlidir.
e) Material-tehniki üpjünçilik boýunça- material-tehniki serişdeleriniň üpjünçiliginiň esasy görnüşleriniň gorlary we material-tehniki çykdajylrynyň peseldilmeginiň ortaça kadalary we çäklendirmeleri girýär.
f) Täze tehnikalar boýunça- täze tehnikalary, tenologiýalary,tilsimatlary ulanmagy giňeltmek, özleşdirmek we döretmek boýunça esasy meseleler degişlidir.
g) Daşky gurşawy goramak boýunça- daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary-serişdeleri rejeli pydalanmak boýunça esasy meseleler we çäreler girýär.

Nebit we gaz senagatynyň hojalygyň täze usulyýetinde şlemegi bilen ykdysadyýetiň kadalary giňden peýdalanylýar. Önümçilik kärhanalaryň we birleşikleriň ykdysady ösüşiniň bäş ýyllyk plany düzülende şu aşakdaky kadalar merkezleşdirilen görnüşde tassyklanýar. Olara; serişdeler boýunça tölegler, ýagny, önümçilik gorlary, zähmet we tebigy serişdeler, gazanylan peýdadan döwlet býujetine geçirimler, hasaplanan peýdadan ministrligiň ätiýaçlyk goruna geçirimler, birleşikleriň we buraw işlerini geçirýän edaralariň işgärleri üçin zähmet haky gaznasyny döretmek, ýolbaşçy, inžener-tehniki we güllukçylaryň zähmet hakyny tölemek

gaznasy, ylmy, tehnologiki, oýlap tapyjylar işgärleriniň zähmet haky gaznasyny,önümçiligi, ylymy, tehnikany ösdürmek, höweslendirme tölemek boýunça gaznalary döretmek degişlidir. Ýokarda agzalan ykdysady kadalar tapawutlandyrylan görnüsde bäş ýylyň dowamynda her ýyla aýratynlykda tassyklanýar.

Kärhanalaryň we birleşikleriň ýyllyk planlary bäş ýyllyk planda göz öňünde tutylan planlar esasynda düzülýär. Ýyllyk planda önümi ýerlemek, borçnama alyjy müşderler bilen baglaşylan şertnamalaryň esasynda takyk düzülýär we tassyklanylýar.

Halk hojalygynyň ösüşini görkezýän esasy plan görkezijiler ähli pudaklar boýunça birmeňzeşdir. Ýone önümçilik kärhanalarynyň ýöriteleşdirilen ugurlaryna laýyklykda tehpromfinplanda goşmaça görkezijiler girizilýär. Ol hem her önümçilik kärhanasynyň öz ugurlary boýunça borçnamalaryny kadalaşdyrmaga ýardam edýär. Plan tasslamalaryny düzmegiň öňünden ýene-de bir esasy göz öňünde tutmaly görkezijileriň biri, ol hem önümçiligiň geçen döwürlerine tehniki-ykdysady seljermeleri geçirmek bolup durýar. Ykdysady seljermäniň esasy wezpesi, ol hem önümçiligiň netijeligini yzygiderli ösdürmegiň ätiýaçlygyny gazanmakdan ybaratdyr. Bu ýerde önümçilik kuwwatlyklarynyň kärhanada maksada laýyk peýdalanylmagyna seljerme geçirmek tasslama planlaryny-meýilnamalaryny taýýarlamakda esasy görkezijileriň biri bolup durýar. Şeýle hem kärhanada tehniki-ykdysady seljermäniň wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat;

1).Geçilen döwürde planlaryň ýerine ýetirilişine baha hem-de häsýetlendirmeler bermek,

2).Önümçilik planlaryny ýerine ýetirmekde säwliklere ýol bermeleri ýüze çykarmak we onuň sebäplerini bilmek,

3).Önümçilik ätiýaçlyklaryny takyklamak,

4).Ykdysady seljerme döwründe ýüze çykan ulanylmadyk ätiýaçlyk çärelerini işläp taýýarlamak,

5).Önümçilik-hojalyk çäreleriniň maksatly ýollaryny tapmak we gelejekde önümçilige gönükdirmek,

6).Ykdysady seljermeler esasynda toplanan maglumatlary önümçiligiň gelejekdäki planlaryna girizmäge teklipleri hödürlemek degişlidir.

Kärhanalarda geçirilýän ykdysady seljermeleriň ilkinjisi tiz hem-de çal jemler arkaly toplanýan maglumatlar bolup durýar. Bu maglumatlar kärhanalarda gyssagly meseleli çözmekde peýdalanylýar. Biziň häzirki zaman tejribämizde ulanylýan esasy ykdysady seljermeler bu hasabatlaryň anyk jemlenen döwürlerini öz içine alýar. Bu görnüş boýunça kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň we tehniki-ykdysady ýagdaýynyň tatyk görkezijilerine seljerme geçirip netije çykarmak bolýar hem-de anyk maglumatlar esasynda çäreleri geçirmek barada teklipler bermek mümkinçilikleri döreýär. Şu nukdaý nazarydan ykdysady seljermäniň esasy usulyýeti ýokardaky belleýişlerimiz bilen baglylykda kärhananyň önümçilik-hojalyk işlerini öwrenip, oňa kesgitli bahany bermeklik bolup durýar.

Şol kesgitli netijeleri göz öňünde tutmak bilen, şeýle hem halk hojalygynyň isleglerini öwrenmek bilen kärhanalar, pudaklar, şular bilen baglylykda yurt boýunça plan-meýilnamalar we maksatnamalar düzülýär.

Döwlet maksatly plan-meýilnamalaryň we maksatnamalaryň tasslamasy şu aşakdakylary özünde jemleýär;

a) Plan-meýilnamanyň we maksatnamanyň esasy maglumatlarynyň gysgajyk beýany (adyny, işläp taýýarlama hakyndaky çözgüdi, döwlet buýrujysy we maksatnamany ýerine ýetiriji jogapkär adamlar hakynda maglumatlar, ýerine ýetirmegiň möhleti, maliýeleşdirmrgiň möçberi we çeşmesi).

b) Plan-meýilnamanyň maksadynyň kesgitlenilmegi.

c) Meseläni çözmegi esaslandyrýan ýollar we serişdeler, şeýle hem döwlet býüjetiniň serişdeleriniň hasabyna zerur bolan maliýeleşdirmeler.

d) Ýerine ýetirijiler, ýerine ýetirilmeli möhlrtler (tutuşlygyna we tapgyrlaýyn).

e) Maksatnamany ýerine ýetirmegiň we onuň netijeliginiň hasaby.

Döwlet maksatly plan-meýilnamalar we maksatnamalar, onuň çärelerini we wezipelerini döwlet häkimetiniň edaralarynyň, şeýle hem şu maksatnama bilen göz öňünde tutylan ýerine ýetirijileriň amala aşyrmagyň ýoly bilen ýerine ýetirilýär.

Döwlet buýrujysy döwlet maksatly maksatnamada göz öňünde tutylan çäreleri we wezipeleri özbaşdak amala aşyrýar ýa-da zerur bolan halatynda hereket edýän kanunçylykda bellenilen tertipde şertnamalary baglaşýar. Bulara esasan material-tehniki üpjünçilik we önümleri ýerlemek meseleleri girýar.

Döwlet maksatly maksatnama, plan-meýilnama ýerine ýetiriji bolup eýeçiligiň görňüşine garamazdan kärhanalar, guramalar we edaralar çykyş edýärler.

Biziň häzirki döwrümizde maksatnamalaýyn maksatly plan-meýilnamalaşdyryş ýeterlik derejede işlenip taýýarlanylýar we iş ýüzünde barlanylýar.

Plan-meýilnamalaşdyrmagy üstünlikli ösdürmek üçin şu aşakdaky çäreleri amala aşyrmak maksada laýyk hasaplanylýar;

- Türkmen ykdysadyýetiniň özboluşlylygyna laýyk gelýän şu mesele boýunça has giňeldilen ylmy binýady döretmek,

- Häkimiýetiň edaralarynyň olara gatnaşyjylara täsirini güýçlendirmek we maksatnamalaryň netijeligini ýokarlandyrmak maksady bilen maksatly maksatnamalaryň durmuşa geçirilişiniň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmeli.

Şeýle etmek bilen, biziň ýurdumyzda döwlet we sebit maksatly toplumlaýyn plan-meýilnamalary, maksatnamalary durmuşa geçirmegiň has peýdaly netijelerini gazanmaly.

## VII. Önüm öndürmegi we ýerlemegi gurnamak.

Biziň Berkarar, asuda, parahat ýurdumyzda önümi öndürmek, ony ýerlemek özboluşly aýratynlyga eýedir. Munuň esasy sebäbi biziň Garaşsyz, Baky Bitarap ýurdumyzyň Hormatly Prezidenti bu ugurlar boýunça meseleleri gaýra goýulmasyž çare hökmünde esasy üns merkezide saklaýar. Kärhanalarda, guramalarda, edaralarda, şeýle hem nebit we gaz pudagynyň kärhanalarynda önümçilik gurallarynyň, ätiýaçlyk gorlarynyň kuwwatlyklaryna hem-de halk hojalygynyň isleglerine laýyklykda önümi öndürmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça geljekgi plan-meýilnamalar taýýarlanylýar we düzilip tassyklanylýar. Önümi öndürmek we hyzmatlary ýerine yetirmek kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ilkinji baş wezipelri bolup durýar.

Önümçilik plan-meýilnamasynyň kadaly hem-de anyk düzülmegini kesgitlemek böýunça her-bir önümçilik kärhanalarynda önümçilik  kuwwatlyklaryny kesgitleýän güwanamasy (pasporty) bolýar. Plan –meýilnama düzülende önümçilik kuwwatlygynyň çäklerinde önümçilik gurallarynyň, enjamlarynyň wagt-döwür hasabynda öndürjek önüminiň mukdary esasynda hasaplanylýar. Her-bir kärhana önümçilik plan-meýilnamasyny düzende önümçilik kuwwatlygynyň orta hasap bilen iň ýokary derejesini peýdalanýar.

Önümçilik we önümi ýerlemek plan-meýilnamasy şu aşakdaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär;

1. Önümiň mukdary we hili,
2. Önümi öndürmek we ony ýerlemek ücin sarp edilýän işiň ölçegi,
3. Esasy serişdeleriň – gurallaryň ulanylyşy,
4. Önümçilik gatnaşyklarynyň aýratynlygy,

Şu ýokarda häsiýetlendirilen görkezijiler bilen önümçilik plan-meýilnamasynyň esasy sütünleri amala aşyrylýar.

Biziň ýurdumyzyň senagat pudaklarynyň arasynda nebit-gaz pudagy iň iri pudak hasaplanylýar. Şunuň bilen baglylykda ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde hem ilkinjileriň hatarynda durýar. Nebit-gaz pudagyny ösdürmek, onün gerimini giňeltmek biziň baş maksatlarymyzyň biri bolup durýar. Bu ugurda biziň Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasyny belläp geçmek wajypdyr. Onuň nebit-gaz pudagyny ösdürmekde alyp barýan syýasy işleri we guramaçylyk çäreleri, halkymyzýn gelejekde ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin çekýän zähmetiniň bahasyna ýetip bolmajak maýasydyr. Hormatly Prezidentimiziň bu ugurda alyp berýän döwrebap täze tehnikalary, gurallary we enjamlary, şeýle hem daşary yurt işewürleri bilen geçirýän her-bir gepleşikleri biziň häzirki döwrümizde öz miwesini eçilýär. Biz öz gezegimizde Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalaryny eýerip, öndürilýän önümleriň öndürijiligini artdyryp, onuň hilini ýokarlandyryp öňümizde goýulýan plan-meýilnamalarymyzy, maksatnamalarymyzy päk ýürekli, halal we işewürlik zähmetimiz bilen ýerine ýetirmelidiris. Bu ugurda plan-meýilnamalaryň anyk düzülmeginde, ätiýaçlyk gorlarynyň gerimini giňeltmekde, hereket edýän nebit-gaz ojaklaryny kämilleşdirmekde bilim derejämizi artdyryp zähmet çekmekligi öz öňümizde borç edip goýmaly.

Ýokarda belleýşimiz ýaly nebit-gaz senagatynyň önümleri biziň baş baýlyklarymyzyň biri bolmak bilen, onuň önümçilik plan-meýilnamalay hem öz aýratynlygyna eýedir.

Nebit we gaz önümlerini çykarmak boýunça plan-meýilnama esasy nebit, gaz we gaz kondensatyny çykarmak bilen baglydyr. Bu ugurda önümçilik kuwwatlygy bolup nebit-gaz skwažnalary hyzmat edýär. Olar nebit-gaz çykarýan önümçilik pudagynyň esasy serişdeleriniň köp bölegini tutýar. Nebit-gaz çykaryjy kärhananyň önümçilik plan-

meýilnamasynda önüm öndürmek görkezijisi bilen baglylykda her-bir skwažnalaryň aýdalyk iş öndürijiligini kesgitleýän görkezijisi hem bardyr. Ol skwažynalaryň wagt hasabynda peýdalanylyşynyň san (mukdar) görkezijisini kesgitleýär. Bu bolsa ol skwažynalaryň peýdalanylyşyny wagt hem-de öndürijilik boýunça gözegçilik edip öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde esasy orun tutýar. Şol sebäpli nebit-gaz çykaryjy kärhanalaryň önümçilik meýilnamasynda skwažynalaryň peýdalanyş derejesiniň (koeffisiýentiniň) görkezijisi girizilýär.

Nebit-gaz çykaryjy kärhanalaryň önümçilik kuwwatlylyklary bilen baglanyşykly, nebit we gaz çykaryjy skwažnalaryň önüm çykaryjylyk ukyby hem kesgitlenilýär. Bu ýagdaý käbir skwažnalarda gije-gündiziň dowamynda nebit we gaz çykaryjylyk ukyby bir-näçe tonna çenli (10kg.>100t.) tapawut berýär. Bu bolsa skwažnalaryň ortaça çykaryjylyk ukybyny artdyrmak boýunça tehniki-guramaçylyk çärelerini geçirmekligi talap edýär.Bu ýagdaýlary kadalaşdyrmak nebit-gaz çykaryjy kärhanalarynyň işgärler toparynyň esasy wezipesi bolup durýar.

Nebit-gaz çykaryş müdürliginiň önümçilik göwrümine nebiti, gazy we gaz kondensatyny çykarmak-öndürmek girýär. Olary şu aşakdaky esaslarda kesgitleýärler:

- Nebit çykarmak planyny, nebit ojaklary,ýataklary we skwažnalaryň görnüşleri boýunça;
- Nebit çykarmak plany we ortaça alyjylygy, çykaryjylygy skwažnalaryň peýdalanylyşy boýunça;
- Skwažnalaryň çykaryş gorlarynyň ulanyş görkezijileri boýunça;
- Gaz kondensatynyň, tebigy we nebitli gazyň plany, çykaryş çeşmeleri – ýalpaklary boýunça;
- Nebit we gaz skwažnalarynyň işe giriliş-ulanyşa goýberiliş plany boýunça;
- Skwažnalaryň peýdalanyş gorlarynyň hereketi boýunça.

Önümümi öndürmek mukdary san we möçber görnüşinde şu aşakdaky görkezijilerden ybaratdyr:

1. Nebit çykarmak ($Q_n$, tonna), hasabat döwrüne laýyklykda planlaşdyrylany we hakyky hasaplanylany (alynany).
2. Gaz kondensatyny çykarmak ($Q_{gk}$, müň m.kub.), hasabat döwrüne laýyklykda planlaşdyrylany we hakyky hasaplanany.
3. Gaz çykarmak ($Q_g$, müň m.kub), hasabat döwrüne laýyklykda planlaşdyrylany we hakyky hasaba alynany (çykarylany).
4. Nebiti, gazy we gaz kondensatyny bilelikde jemläp (walowoý) hasabatyny çykarmak ($Q_w$,tonnada), nebit çykarmak boýunça ($Q_w$,tonnada), gaz we gaz kondensatyny çykarmak ($Q_w$,mün m.kub.) boýunça hasabat döwrüne laýyklykda planlaşdyrylany we hakyky hasaplanany (alynany). Ölçegleri bir görnüşe, ýagny tonna hasabyna getirmek üçin jemi çykarylan gazyň möçberini degişli şertlilikde gaýtadan hasaplanylýar. Ol gazyň ýylylyk dykyzlylygyna laýyklykda 1tonna nebitiň deň derejesinde alynýar. Şeýlelikde $Q_g = Q_g$ x K, bu ýerde $Q_g$ - gazyň müň metr kub hasabynda planlaşdyrylany we hakyky hasaba alynany, K- koeffisiýeny-gazyň dykyzlyk derejesi. Sunluk bilen jemi çykarylan nebit, gaz we gaz kondensaty tonna hasabynda $Q_w= Q_n + Q_g + Q_{gk}$, deň bolar.
5. Nebitiň, gazyň we gaz kondensatynyň bilelikde haryt önümi (towarnaýa produksiýa) görkezijisini ($Q_t$) tonnada çykarmak boýunça planlaşdyrylany we hasaba alynany, jemi önümiň hasaplanylyşy ýaly, ýagny $Q_t= Q_n+Q_g+Q_{gk}$ görnüşde hasabaty çykarylýar. Şeýlelik bilen nebitiň, gazyň we gaz kondensatynyň haryt görnüşinde ulanyja-alyja

berilmegine, ugradylmagyna, tabşyrylmagyna dolanşyga berilen haryt önümi (towarnaýa produksiýa) diýilýär.

Önümiň baha-nyrh görnüşindäki görkezijileri, bu öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen hyzmatyň we edilen-bitirilen işiň baha görnüşinde hasaplamalaryny aňladýar.

Nebit-gaz pudagynda önümi öndürmegiň we ony ýerlemegiň ölçeg-san birligi görnüşindäki hasabatlar pudagyň umumy edýän işiniň möçberini görkezmeýär, sebäbi her-bir pudak, kärhana önüm öndürmekden, ony ýerlemekden gaýry-başgada, pudagyň öz içinde hem-de beýleki kärhanalarda hyzmat etmek, senagat işlerini ýerine ýetirmek, gurluşyk işlerini geçirmek boýunça beýleki çäreleri amala aşyrýar. Bu edilen işleriň we hyzmatlaryň aglaba köpüsi ölçeg-san görnüşinde görkezip bolmaýar. Şonuň üçin pudagyň ähli ugurlary boýunça edilen işleriň, ýerine ýetirilen hyzmatlaryň, öndürilen önümleriň we ony ýerlemegiň hasabaty baha görnüşinde jemläp alynyp barylýar. Bu bolsa önümi öndürmegiň, hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmegiň umumy hasabaty- görkezijisi, ýagny önümin we ýerine ýetirilen işleriň baha görnüşindäki görkezijisi bolup durýar.

Önümi ýerlemegiň baha görnüşindäki görkezijisi (realizasiýa produksiýa)- bu görkeziji müşderler, alyjylar we talap edijiler tarapyndan alynan, ulanylan we ýerlenen nebit, gaz we gaz kondensatynyň hem-de bitirilen hyzmatyň, edilen işleriň tölegi geçirilen hasabatyny öz içine alýar.

Önümi ýerlemeguň baha görnüşindäki görkezijisi planlaşdyrylanda hasabat döwründe ýerlenmeli önüm bilen baglylykda, hasabat döwrüniň başyna hem-de ahyryna rezeruarlarda we saklawhana gaplarynda galan taýýar önümleriň galyndylary hem hasaba alynýar. Şeýle hem muňa ugradylan önümler, bitirilen işler üçin tölegi geçmedik hasabatlar hem girýär. Ýagny bular gelejekgi iş döwürleriň dowamlylygynda bellenilen kada laýyklykda töleglerini geçirýärler we geçirmäge borçlydyrlar.

Nebit we gaz pudagynda buraw işleriniň planlaşdyrylyşynyň aýratynlygy, ol hem önüm öndürmek ýa-da çig mal çykarmak bilen bagly bolman, şol nebit we gaz önümlerini çykarmak üçin skważnalaryň gurluşygyny geçirip, bellenilen wagtda, hili gowy ýagdaýda ulanmaga tabşyrmak bilen bagly bolup durýar. Buraw işleriniň göwrüm-möçber görkezijileri:

1. Hasabat döwründe gurýan, ýagny gurluşygy gidýän desgalaryň sanyndan;
2. Hasabat döwründe tabşyrylan desgalaryň sanyndan;
3. Buraw hem-de wyşkalaryň montaž-gurnama işlerini geçirýan toparlaryň-brigadalaryň sanyndan ybaratdyr.

Buraw işlerini geçirýän kärhanalarda esasy resminama bolup skważnalaryň gurluşygy geçirilmeli plan-tertipnamasy bolup durýar. Onda işiň möçberi, bahasy hem-de gurluşygy alynyp barylmaly skważnalaryň we beýleki bölekleýin geçirilmeli işleriň möhleti görkezilýär. Onuň işlenip taýýarlanylyşy şu aşakdakylar ýaly, ýagny plan-tertipnamanyň yzygiderliligi:

1. Ilkinji nobatda, ozal plan-tertipnama goşulan, gurluşygy tamamlanylmadyk skważnalaryň gurluşygyny tamamlamak möhletini kesgitlemek;
2. Gurluşygy tamamlanýan skważnalaryň tejribe-synag geçirmek möhletini kesgitlemek;
3. Buraw brigadalaryň buraw işlerini geçirmeli desgalarynyda boş saklanmazlygyny gazanmak üçin wyşkagurnama (wyşkamontaž) işleriniň möhletini kesgitlemek;
4. Planlaşdyrylan-meýilnamalaşdyrylan döwriň içinde buraw işlerini geçirmeli skważnalaryň başlamaly we gutarmaly möhletini kesgitlemek. (Bu işler plan-tertipnama ilkinji nobatda goşulýar).

5. Planlaşdyrylan döwrüň içinde gurluşyk-gurnama işini tamamlap bolmajak, buraw işlerini geçirmeli skwažnalaryň işe başlanmaly möhletini kesgitlemek, bu plan-tertipnama iň soňky nobatda goşulýar.

Plan-tertipnama goşulan ähli skwažnalar buraw işlerini geçirmek boýunça maksatly toparlara bölünýär, ýagny buraw işlerini geçirmeli skwažnalaryň ätiýaçlyk gorlary we çuňlugy bilen tapawutlandyrylyp möhletleri kesgitlenýär hem-de şol esasda toparlara bölünýär.

Plan-tertipnamada her-bir buraw işlerini geçirýän brigadalara buraw işlerini geçirip gutarmak we olarda tejribe-synag geçirmek boýunça skwažnalaryň anyk sany bellenilýär. Buraw işlerini geçirýän kärhanalarda önümçilik plan-meýilnamanyň maksada laýyk ýerine ýetirilmegi üçin kärhananyň her-bir bölümleri özara zähmet gatnaşyklaryny deň derejede alyp barmaly. Önümçilik plan-meýilnamanyň maksada laýyk amala aşyrylmagy üçin inžener-tehniki gulluklar tarapyndan degişli çäreler gurnalmaly we ol esasy gözegçilikde saklanmaly.

Nebit-gaz önümlerini ýerlemek, ol hem nebit-gaz önümini çykarmak bilen baglanşykly esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Nebit-gaz önümini ýerlemek boýunça plan-meýilnamalar, alyjy müşderileriň talaplaryna hem-de jemgyýetçilik köpçüliginiň islegine laýyklykda düzülýär. Bu görkezijini ýurduň içinde hem-de daşynda amala aşyrmak üçin gepleşikler we ylalaşyklar döwlet derejesinde ýola goýulýar.

Biziň ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda bu mesele örän aýdyň we maksada laýyk çözülýär. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň nebit-gaz toplumynyň önümini içki hem-de daşky bazarlarda öz islegini we durnuklylygyny kadaly saklaýar. Biziň ýurdumyzda öndürilýän nebit-gaz önüminiň hiliniň gowy bolmagy bilen baglylykda daşary ýurtlaryň islegi has-da artýar.

Nebit-gaz önümini ýerlemek esasan turba geçirijiler arkaly ugradylýar. Şol ugradylan önüm kabul edilip töleg hasaplaşygy geçirilenden soň önüm ýerlenen hasap edilýär.

Türkmenistan döwletimiz Hormatly Prezidentimiziň ýörelgelerinden we badalgalaryndan ugur alyp Türkmen döwletiniň içki hem-de daşky bazarlarynda ugradylyp ulanylýan önümleriň hasaplaşygyny, hususanda nebit-gaz önüminiň hasaplaşygyna döwlet derejesinde maksada laýyk kadaly çözýär. Bu ugurlar boýunça ýurt baştutanymyzyň yzygiderli, aýba-aý geçirýän Ministrler kabinetiniň giňişleýin mejlisi şaýatlyk edýär. Şeýle ýörelgeler esasanda ýurdumyzyň gülläp ösmegine uly badalga berýär.

## VIII. Önümçiligiň tehniki taýdan ösmegini gurnamak.

Biziň Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanamyza gadam basmagy bilen, Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda pudaklarda täze döwrebap tehnikalary önümçilige ornaşdyrmakda giň gerime eýe boldy. Ýurtda ylymyň gazananlary bilen, täze tehnikalary özleşdirmek häzirki döwrüň tejribesinde amala aşyrylyp başlandy. Şular bilen baglanyşykly önümçiligiň tehniki taýdan ösmegini planlaşdyrmak häzirki döwrüň tejribesine laýyklykda üç derejede göz öňünde tutulýar.

Birinji derejede- ylymyň we tehnikanyň ösmegini planlaşdyrmak halk hojalyk hem-de pudakara döreýän meseleleriň çözgütleri göz öňünde tutulýar, ýagny halk hojalygyny hem-de pudaklary ösdürmek boýunça önümleriň täze görnüşlerini işläp taýýarlamak, zähmet we material çykdajylary azaltmak we şular bilen baglanyşykly maýa goýum toplumyny artdyrmak.

Ikinji derejede- welaýat we pudaklaýyn planlaşdyrma göz öňünde tutulýar.

Üçünji derejede- täze tehnikalary ösdürmek boýunça birleşikleri we kärhanalary planlaşdyrmak meselelerini işläp taýýarlamak göz öňünde tutulýar.

Ähli toplumlaýyn çäreler düzülende esasan pudaklaryň ykdysady netijeliginiň hasabatlaryna üns berilýär. Görkezilen meseleler biri-birleri bilen baglaşykly gelejegi bar bolan planlar toplumynyň gurluşy esasynda çözülýär. Onuň esasy gözbaşy bolup Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli baş ugry Milli maksatnamasy durýar.Tehniki ösüşi planlaşdyrmagyň esasy görnüşi bäş ýyllyk plan, ony işläp taýýarlamagyň binýady halk hojalygyny ösdürmegiň uzak möhletleýin ylmy-tehniki taslamasy bolup durýar. Garaşylýan, üstümizdäki gelejekgi ýyly planlaşdyrmak ýokarda bellenilip geçilen planlaşdyrmalaryň netijesinde ähli ugurlaryň görkezijileri boýunça taýýarlanylýar. Kärhanalarda tehniki ösüşiň garaşylýan üstümizdäki ýylyň plany tehpromfinplanyň iň esasy bölümi bolup durýar.

Ýyllyk planlar düzülende şu aşakdaky esasy meseleler işläp taýýarlanylýar we plana girizilýär. Olar esasan; ýokary netijeligi berýän tehnologiki prosesleriň täze görnüşlerini özleşdirmek we önümiň görnüşlerini artdyrmak, ylmy-tehniki maksatnamany ýerine ýetirnek, şeýle hem tehnologoki gurşawda öňde baryjy tejribäni girizmek, zähmeti ylmy esasda gurnamak, önümçilik we ony dolandyrmak degişlidir. Kärhana planyň beýleki görkezijilerini bäş ýyllyk planda görkezilen tabşyryklara laýyklykda işläp taýýarlaýar. Kärhananyň tehniki ösuşini planlaşdyrmak toplumlaýyn bir-näçe bölümlerden ybaratdyr. Ol bölümleriň hersi öz ugurlary boýunça alyp barmaly işleri aýratyndyr. Onuň düzümi kärhananyň gurşawyna degişli özbolușly aýratyn meseleleri öz içine alýar. Nebit we gaz pudagynyň tehniki ösüş plany şu aşakdaky esasy bölümlerden ybaratdyr:

1. Önümçilige täze tehnikanyň, mehanizasiýanyň we awtomatizasiýanyň ösen tehnologiýasyny girizmek;

2. Nebit-gaz senagatynyň öndürüjilik kuwwatyny ýokarlandyrmak çarelerini işläp düzmek we ony önümçilige girizmek;
3. Zähmeti ylmy esasda gurnamagy girizmek;
4. Ylmy-gözleg we tejribe-oýlap tapyjylyk işlerini girizmek;
5. Önümçiligiň esasy serişdeleriniň düýpli bejergi işlerini kämilleşdirmegi girizmek.

Ilkinji bölümlerde görkezilen çäreler; kärhanalarda öňdebaryjy tehnologiýalary girizmegi, ýokary öndürüjilikli ugurlary tapmaklygy, skwažnalary burawlamakda täze öndürüjilikli usullary girizmegi, nebiti-gazy çykarmakda täze ýokary kuwwatly we öndürüjilikli gurallary özleşdirmekligi, zähmetiň öndürjiligini kämilleşdirmek üçin täze awtomatlaşdyrylan we mehanizimleşdirilen agregatlary gurnamaklygy hem-de guramaklygy öz içine alýar. Beýleki bölümler nebit we gaz beriji gatlaklary ösdürmek çärelerine gönükdirilen, oňa ;

- Nebit we gaz beriji gatlaklary suwukluklyklar bilen doldurmak çärelerini kämilleşdirmek girýär (bug,gyzgyn suw,bakterisitler we garyşyk suwukluklyklar).
- Ýanyjy ojaklary döretmek, mundan başgada ol bölüme nebit berijiligi artdyrmak boýunça gutarnykly netijeligi gazanmaklyk degişlidir.

Önümçiligi dolandyrmak, planlaşdyrmak we guramaçylygy kämilleşdirmek bölümine girýän esasy işler:

1. Önümçiligiň guramaçylygy we dolandyrylyşy esasan önümçilik ugurlary boýunça ýörüteleşdirmek, önümçilik kuwwatlylyklaryna baglylykda toplamak(konsentrasiýa), önümçilige awtomatlaşdyrylan dolanşygy girizmek, apparatyň dolanşyk işini kadalaşdyrmak we ş.m.

2. Önümçiligiň höweslendirme we şunuň bilen bagly beýleki planlaryny işläp taýýarlamak.
3. Önümçilik planlaryny çalt we guramaçylykly taýýarlamak, şeýle hem onuň üznüksiz gurluşyny girizmek.
4. Önümçiligiň içindäki hojalyk hasaplaşygy usullary we görnüşleri kämilleşdirmek.
5. Önümçiligi taýýarlamak usullaryny gurnamak.
6. Hasabat gurluşyny, planlaşdyryş-hasabat işlerini we önümçilik işleriniň resminamalaryny kadalaşdyrmak.
7. Material-tehniki üpjünçiligini sazlaşykly bökdençsizligini gazanmak.

Zähmeti ylmy esasda gurnamak bölümine, guramaçylygy kämilleşdirmäge gönükdirmek, iş ýerlerine hyzmat etmek, zähmet şertlerini gowulandyrmak, zähmetiň öňde baryjy tälimlerini girizmek, zähmet hakynyň kadalaryny we töleglerini kadalaşdyrmak çäreleri girýär. Tehniki ösüşiň planynyň esasy gurluşy, bu ylmy-gözleg we tejribe-oýlap tapyjylyk plany bolup durýar.

Tehniki ösüşiň planynyň jemleýji bölümi ol hem düýpli bejeriş işleri bolup durýar. Hususanda nebitiň we gazyň çykaryjylyk planynyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen göz öňünde tutulýan skwažnalaryň düýpli bejeriş işleriniň gaznalaryny planlaşdyrmak we düýpli bejeriş işlerini üpjün etmek degişlidir.

Kärhanalarda tehniki ösüşiň ýyllyk planynyň esasy düzüminiň çeşmesi şulardan ybaratdyr:

a) Ylmy-gözleg meseleleriň pudaklaýyn ýyllyk planlarynyň tabşyryklary;
b) Ylmy-tehniki bilermenleriň teklipleri;
c) Kärhananyň ylmy-tehniki ösüşiniň bäş ýyllyk plany;
d) Ylmy-gözleg we oýlap tapyjylyk işleriniň gutarnykly netijesi;

e) Daşky gurşawlar boýunça öňde baryjy tajribelilik we döredijilik şahadatnamalar;
f) Täze tehnikalary özleşdirmegiň üstümizdäki ýylyň planynyň ýerine ýetirijiliginiň seljerme netijesi.

Önümçiligiň tehniki ösüşiniň ýyllyk plany üç tapgyrda işlenip taýýarlanylýar, şeýle hem işläp taýýarlamaklyk ýylyň dowamynda hereket edýär. Kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda, jemgiýetçilik guramalary bilen bilelikde merkezi işçi topary döredilýär, topara baş inžener ýolbaşçylyk edýär. Şeýle topar sehlerde hem döredilýär, oňa seh müdiri ýolbaşçylyk edýär.

Birinji tapgyrda- ýyllyk planyň garaşylýan ýerine ýetiriliş netijeligi seredilýär. Bu tapgyrda esasan täze tehnikalara seljermeler esasynda netijeligine üns berilýär. Olaryň kärhananyň tehniki-ykdysady görkezijilerine berýän täsiri kesgitlenýär. Şol esasynda kärhanadaky täze tehnikalaryň netijeligi ölçerilýär we iş öndürijiligi kesgitlenilýär.

Ikinji tapgyr- ýokary guramalardan alynan gözegçilik maglumatlar esasynda başlanýar. Bu tapgyrda önümçiligiň hili, şeýle hem kärhananyň ölçeg birlikleriniň ähli görkezijileri işlenilip taýýarlanylýar. Her bir görkezijiler üçin anyk çäreler düzülýär we ýerine ýetirmeli wagtlary-döwürleri kesgitlenilýär.

Üçünji tapgyrda- planlaşdyrylan işleriň aýry-aýry bölümleriň (sehler, gulluklar, brigadalar we toparlar) düzüminde amala aşyrylyşy seredilýär hem-de täze tehnikalary özleşdirmegiň anyk teklipleri işlenilip taýýarlanylýar we önümçilige gönükdirilýär. Tehniki ösüşiň plan çäreleri skwažnalaryň gurluşugy we nebit-gaz çykaryjylyk, şeýle hem her bölümleriň kömekçi önümçiligi esasynda tapgyrlara-toparlara bölümýär. Şol esasynda kärhananyň sehleriniň, brigadalarynyň we gulluklarynyň tekliplerine laýyklykda merezi topar plan taslamalary işläp taýýarlaýar.

Täze tehnikalary özleşdirmek we girizmek plany düzülende esasan pudaklaýyn ylmy-tehniki institutlaryň teklipleri göz öňünde tutulýar. Birinji iki tapgyryň plany

işlenolop taýýarlanylanda ilkinji nobatda önümiň öndürjiligi hem-de hili göz öňünde tutulýar. Önümçilik plan düzülende garaşylýan netijeler hökmany suratda esasy tehniki-ykdysady görkezijileriniň ösüşini aňlatmalydyr. Plana girizilýän ähli görkezijiler özüniň netijeligini doly subut edenden soň goşulýar. Planyň düzülmegi hasabatlaryň netijeliligi doly kesgitlenilip tamamlanýar.

Biziň häzirki döwrümizde kärhananyň ykdysady ösüşiniň netijeligini täze tehnikalaryň rejeli peýdalanylmagy görkezýär. Täze tehnikalaryň maksada laýyk, rejeli peýdalanylmagy pudagyň ykdysady ösüşiniň binýady-özeni blup durýar. Täze tehnikalaryň rejeli peýdalanylmagy zähmet şertleriniň ýeňilleşmegine özüniň örän uly täsirini ýetirýär. Şol bir wagtda öndürilýän önümiň hilini gowulandyrmak bilen baglanyşykly önümiň öndürjiligi hem artýar. Täze tehnikalaryň ykdysady netijeligini kesgitlemek usullarynyň esasy görkezijisi deňeşdirme hasaplanylýar. Şu ugur boýunça kärhanany planlaşdyrmakda we seljerme geçirmekde döreýän anyk meseleleriň çözgüdi takyk çözülýär. Ol görkeziji şeýle hem tehniki-ykdysady ösüşi esaslandyrmakda, täze tehnikalary döretmekde, önümçilige girizmekde we özleşdirmekde maksatly takyklama bolup durýar.

Deňeşdirmekde alynan netijeligi görkezýän esasy usulyýet, ol hem edilen harajatlar, ýagny önümiň özüne düşýän gymmaty we kada laýyklykda edilmeli harajadyň ara tapawudydyr,N(+,-)= $K_h$-$Ö_g$. Şu ýerde N(+,-) – netijelik (+) gowy, (-) oňaýsyz - gowy däl. Kh- kada laýyklykda harajat, Ög- önümiň özüne düşen gymmaty. Şeýle hem täze tehnikalaryň tehniki-ykdysady netijeligini anyklamak üçin kada we kadalaşdyryjy namalara laýyklykda planlaşdyrylan ýylyň ähli dowamlylygynda şol tehnikalaryň ulanylyşyna kesgitleme hasaplamalary geçirilýär. Deňeşdirmek usulyýetiň netijeligini peýdalanmak, ýyllyk ykdysady netijeligi kesgitlemekde şu aşakdaky deňeşdirme ugurlaryň üpjünçiligini borçlandyrýar:

1. Täze tehnikalaryň kömegi bilen öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işiň möçberini hasaplamak.
2. Geologiýa-tehniki we tebigy şertleri kesgitlemek.
3. Wagtyň hakyky hasabyny takyklamak.
4. Enjamlaryň we gurallaryň hilini (öndürjiligini, ygtybarlylygyny) anyklamak.
5. Öndürilen önümiň, ýerine ýetirilen işiň hilini, görnüsini we gurluşyny seljermek.
6. Harajady hasaplamak we netijeliligi kesgitlemek üçin Kabul edilen nyrhda-bahada hasabaty anyklamak.
7. Görkezijileriň nyrh we möçber boýunça gurluşyny hem-de usulyny kesgitlemek.
8. Önümçülige durmuş taýdan, önümi ulanyş taýdan we daşky gurşawa ýetirýän täsiri taýdan anyklamak.
9. Öndürilen önümiň, çykarylan nebitiň we gazyň, ýerine ýetirilen işleriň ýitgi derejesini kesgitlemek.
10. Skwažnalary burawlamakda ulanylýan tehniki serişdeleriň we tehnologiki işleriň ýagdaýyny ölçermek.

Önümçiligiň ähli görkezijileri täze tehnikalary we tehnologiýalary ulanmak bilen kärhananyň ykdysady binýadyny berkitmäge, öndürüjiligi artdyrmaga, girdejileri köpeltmäge, harajatlary azaltmaga, şular bilen baglanyşykly peýda gazanjyny artdyrmaga öz örän oňaýly täsirini ýetirmeli.

Biziň Türkmenistan döwletimizde Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda “Türkmenistanyň nebit-gaz pudagynyň önümçilik kuwwatyny artdyrmak” boýunça netijeli çäreler geçirilýär. Muny ösdürmegiň esasy binýady önümçilik kuwwatly täze, döwrebap tehnikalary önümçilige ornaşdyrmak we özleşdirmek bolup durýar. Biziň ýurdumyzda täze tehnikalary ösdürmek we özleşdirmek boýunça uglewodorot serişdeleriniň ätiýaçlyk gorlary ýeterlikdir. Türkmenistan özüniň eýeleýän 488 müň inedördül kilometr umumy

meýdanynyň 400 müň inodördül kilometr meýdanyndan gowrak ýerinde gazyň we nebitiň uly möçberiniň bardygyny anyklady. Diňe şol ýeriň 30 göteriminde, Hazar deňiziniň ýalpaklaryny goşmak bilen uglewodorotlaryň ätiýaçlandyrylan gorlarynda gazyň 21 trln.kub. metrniň we nebitiň 12 mlrd. tonnasynyň bardygy tassyklanyldy.

Ýurdumyzyň tebigy baýlyklary bolan uglewodorot serişdelerini rejeli we tygşytly peýdalanmak üçin täze, döwrebap we kuwwatly tehnikalary nebit-gaz pudagynyň kärhanalaryna ornaşdyrmak, girizmek we özleşdirmek wajyp meseleleriň biri hökmünde biziň öňümizde uly wezipe bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz şu ugurlary kämilleşdirmek we ösdürmek üçin ykdysady hem-de tehnologiki taýdan ösen dünýä döwletleri bilen berk gatnaşyklary ýola göýýar.

Hormatly Prezidentimiziň dünýä döwletlerine gidýän her-bir iş sapary, olar bilen duşuşyp geçirýän her-bir ähmiýetli gepleşikleri şu ugurlary berkitmekde we özleşdirmekde berk binýat bolup durýar. Bu ugurlary  berkitmekde esasan ýewropa we aziýa ýurtlarynyň uly tejribesiniň bardygyny bellemek ýerliklidir. Olaryň arasynda esasan Russiýa, Germaniýa, Turkiýa, Eýran, Azerbaýjan, Hytaý we Ýaponiýa ýaly ýurtlar häzirki zaman tilsimatlar bilen Türkmenistanda gysylan gazy öndürmek we nebit önümleriniň çykaryjylyk güýjini kuwwatlandyrmak hem-de kämilleşdirmek boýunça işjeň gatnaşyklary ýola goýýar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen şeýle gatnaşyklar häzirki döwürde biziň ýurdumyzda giň gerime eýe bolýar. Hususanda nebit-gaz pudagynyň tehniki binýadyny berkitmekde alynýan gurallar, enjamlar we abzallar ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmakda hem-de daşky gurşawy goramakda uly itergi berýär. Tehniki ösüşi gurnamakda daşary ykdysady işi ösdürmegiň ileri tutulýan ugry bolup daşary ýurt maýasyny çekmek, esasan hem Türkmen ykdysadyýeti üçin möhüm ähmiýete eýe bolan pudaklara, hususanda nebit we gaz senagatynyň tehniki biýadyny ösdürmäge çekmek hasaplanýar.

Türkmenistanda daşary yurt maýasynyň gatnaşmagynda köpsanly tehniki enjamlar satyn alynyp guruldy, şeýle hem bir-näçe nebit-gaz kärhanalarynyň tehniki serişdeleriniň durky täzelendi. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň maýa goýum syýasatyna laýyklykda nebit we gaz senagatyny ösdürmäge her ýyl daşary ýurt pullarynyň ep-esli bölegi gönükdürilýär. Ýurtda maýa goýumyň amatly şertleriniň hasabyna nebit-gaz enjamlaryna we tilsimatlaryna döwrebap derejede dünýä ylymlarynyň tehnologiki we tehniki ösüş çäreleri öwrenilip iş ýüzine geçirilýär.

## IX. Önümçiligiň tehniki hyzmatyny gurnamak.

Türkmen döwleti özüniň Garaşsyzlygyny we Baky Bitaraplygyny alan döwürlerinden başlap tehniki özgertmeler bilen baglylykda tehniki hyzmatlaryň işlerini kämilleşdirmek ýollaryny we ugurlaryny ýokary derejede özleşdirýär. Nebit-gaz pudagynyň ähli kärhanalarynda önüm öndürmek işlerini ýerine ýetirmek üçin önümçilik gurallarynyň, enjamlarynyň we abzallarynyň saz hem-de bökdençsiz işlemegi esasy wezipe bolup durýar. Tehnikalaryň saz hem-de bökdençsiz işlemegi, oňa edilýän tehniki hyzmatlara berk bagly bolup durýar.

Olaryň ilkinji, yzygiderli we hökmany hyzmatlary tehniki serişdeleriň "Tehniki gözegçilik talapnamalarynda" görkezilen hyzmatlaryny berjaý etmekden we ony hökmany ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Şol hyzmatlaryň guramaçylygyny we üpjünçüligini ýola goýmak kärhanalaryň baş wezipesi bolup durýar. Tehniki hyzmatlary berjaý edýän her-bir kärhana, bölüm we işgär tehniki serişdeleriniň ätiýaçlyk gorlaryny sazlaşykly üpjün etmelidir. Ätiýaçlyk gorlary diýip nämä düşünmeli; oňa tehniki serişdeleriň hyzmatyna gerek bolan ätiýaçlyk şaýlary, ýaglaýjy we arassalaýjy materiallar degişlidir.

Biziň häzirki döwrümizde Hormatly Prezidentimiz ähli ugurdaky pudaklara täze döwrebap we kuwwatly

tehnikalary, gurallary, enjamlary hem-de abzallary alyp bermak bilen, olara ýokary derejede tehniki hyzmatlaryny üpjün etmekligi talap edýär. Şol maksat bilen tehniki serişdeleriň ätiýaçlyk gorlaryny sazlaşykly üpjün etmekde taýsyz tagallasyny gaýgyrmaýar. Biziň bilişimiz ýaly, ätiýaçlyk gorlarynyň üpjünçiligini ýola goýmak maksady bilen Hormatly Prezidentimiz daşary ýurtlar bilen geçirýän her-bir gepleşikleri hem-de baglaşýan her-bir şertnamalary munuň aýdyň şaýadydyr.

Her-bir pudaklarda bolşy ýaly nebit-gaz pudagynyň tehniki hyzmaty hem planlaşykly alynyp barylýar. Her-bir hyzmatlary ýerine ýetirmek önümçiligiň talap etmegine bagly bolup durýar. Şol hyzmatlaryň biri hem önünçiligiň talap etmegi boýunça alynyp barylmaly bejeriş we gurluşyk işleri, olary planlaşykly alyp barmagyň we guramaçylykly ýerine ýetirmegiň esasy maksady önümçiligiň bökdençsiz işlemegini gazanmakdyr. Ony gazanmak üçin ilki bilen önümçilige edilmeli hyzmatyň möçberini we mukdaryny öwrenmeli. Şol görkezijiler öwrenilenden soň, ilkinji nobatda ýokarda belleýşimiz ýaly önümçiligiň işiniň bökdençsizligini gazanmak üçin onuň iş planyny düzüp, guramaçylygyny kesgitlemeli. Guramaçylyk hem-de planlaşdyryş çäreleri işlenilip düzülende hyzmat edilmeli desganyň, ýerine ýetirilmeli bejeriş we gurluşyk işleriniň göwrümine, möçbeine we mukdaryna laýyklykda onuň anyk möhletleri kesgitlenmelidir hem-de şol möhletde hyzmat ediş işlerini tamamlamaklygyň anyk çozgüdini tapmalydyr.

Biziň öňki temalarymyzda belläp geçişimiž ýaly nebit-gaz senagatynyň kärhanalarynda önümçilik işi örän çylşyrymlydyr. Önümçilik döwründe, iş ýerlerinde dürli görnüşdäki gurallar, enjamlar, abzallar we instrumentler, şeýle hem dürli görnüsdäki mehanizimleşdirilen, awtomatlaşdyrylan we elektrikleşdirilen stanoklar işledilýär. Şolary yzygiderli, sazlaşykly we bökdençsiz işletmek üçin tehniki hyzmatlar bilen

göwnejaý üpjün etmeli bolýar. Şuňa önümçiligiň tehniki hyzmatyny berjaý etmek diýilýär.

Nebit-gaz pudagynyň kärhanalarynda we birleşiklerinde tehniki hyzmatlar bilen meşgullanýan bölümlere kömekçi bölüm diýilip atlandyrylýar. Öňki geçen temalarymyzda öwrenişimiz ýaly önümçilik kärhanalary iki bölüme bölünýär. Olar esasy hem-de kömekçi bölümler. Esasy bölüme gönüden-göni önümçiligiň esasy önüm öndürmek işi bilen meşgullanýanlar girýär. Olara önümi öndürmek, ýagny nebit-gaz pudagynda nebiti, gazy çykarmak, buraw işlerini geçirmek, geologiýa-gözleg işlerini alyp barmak, geofiziki işlerini amala aşyrmak, taslama işlerini ýerine ýetirmek, nebiti we gazy gaýtadan işlemek we ş.m. degişlidir.

Temanyň başynda belleýşimiz ýaly ylmyň gazananlaryny özleşdirmekde täze döwrebap tehnikalaryň ösmegi, olaryň önümçilige girizilmegi bilen baglanyşykly hyzmat ediji kömekçi bölümleriň işlerini kämilleşdirmeli bolup durýar. Olaryň ugurlary boýunça işlerini ýörüteleşdirmeli bolýar. Ýagny elektrik, elektronika, mehanika, awtomatizasiýa we ş.m. ugurlary özbaşdak sehlere, bölümlere, kärhanalara aýry-aýrylykda bölmeli hem-de giňeltmeli bolýar. Kömekçi sehleri, bölümleri, brigadalary we gulluklary kärhanalaryň içinde döretmek biziň häzirki ösen täze döwrebap tehikalarymyzy özleşdirmekde hem-de önümçiligiň guramaçylygyny kämilleşdirmekde uly orny eýe bolýar. Nebit we gaz senagaty pudagynda tehniki hyzmatlarynyň bökdençsiz, yzygiderli hem-de guramaçylykly alynyp barylmagyny talap edýän esasy ugurlaryna degişli kärhanalar şu aşakdakylardan ybarardyr. Olar:

1. Buraw işlerini geçirýän kärhanalar;
2. Nebiti we gazy çykarýan kärhanalar;
3. Geologiýa-gözleg işlerini geçirýän kärhanalar;
4. Geofiziki işlerini geçirýän kärhanalar;
5. Nebiti we gazy gaýtadan işleýän kärhanalar.

Bu kärhanalaryň tehniki hyzmatlarynyň göwnejaý berjaý edilmegi, alynyp barylýan işleriň öndürjiliginiň hem-de hiliniň kadaly bolmagyna örän uly täsirini ýetirýär. Buraw işlerini geçirýän kärhanalarda wyşkalaryň montaž-gurnama işlerini geçirmekde, skwažnalaryň sementleýiş işlerini geçirmekde, burawlanan ýerleri garyndylar bilen ýuwmak üpjünçuliginde tehiki hyzmatlaryň ýokary derejedäki guramaçylygyny talap edýär. Wyşkalary gurnamak-montaž işlerini geçirmek, geçirilen buraw işleriniň özboluşly aýratynlygy bilen kesgitlenilýär. Ýagny nebit we gaz ýataklarynyň döredilmegi bilen baglanysykly işiň göwrümi boýunça häsiýetlendirilýär. Wyşkalaryň gurnama-montaž işleriniň wyşkalaryň gurluşygy( ýygnalmagy) bilen baglanyşykly, ýagny olaryň gurallaryny gurnamak we skwažnalaryň esasy elementleriniň gurluşugynyň alynyp barylyşy bilen bagly bolýar. Wyşkalaryň gurnama-montaž işleriniň zähmeti talap edijiligine we onuň önümçilige sarp ediljek bahasyna bir näçe sebäpler täsir edýär, olar: işi alyp barmaly ýeriň tabigy şertlerinden, buraw geçirmeli ýeriň çuňlugyndan, buraw işlerini geçirmegiň görnüşinden, zähmet şertleriniň mehanizimleşdirilen derejesiden we işleriň esasy guramaçylygynyň görnüşlerinden ybaratdyr.

Wyşkalary gurmagyň tehniki-ykdysady görkezijileri buraw işlerini geçirmegiň gurnama-montaž usullaryna bagly bolup durýar. Häzirki döwürde wyşkalaryň gurnama-montaž işlerini geçirmekde birnäçe usullary ulanylyp, olar tutuş (iri) bloklaýyn gurnama, bölek (kiçi) bloklaýyn gurnama we agregatlaýyn gurnamalar. Tutuş (iri) bloklaýyn gurnama usullary mehanizimleşdirilen industrial bazalar ýerine ýetirýär, onuň ykdysady netijeliligi, zähmet harajatlaryny peseltmäge we gurallaryň durnuklylygyny gazanmaga mümkinçilik döredýär. Buraw işleri bilen meşgullanýan müdirliklerde önümçilik göwrüminiň artmagy bilen baglylykda , onuň düzüminde ýöriteleşdirilen hojalyk hasaplaşygyndaky wyşkalary gurnama edarasy döredilýär (BGE). Onuň

düzüminde öz dolandyryş, esasy önümçilik we kömekçi önümçilik gurluşy bolýar. Ol öz esasy önümçilik işini müdürligiň plan-meýilnamasyna laýyklykda gurnap, talaplary we tabşyryklary ýerine ýetirýär.

Buraw işlerini geçirýän kärhanalarda tehniki hyzmatyň ýokary derejede, talaba laýyk amala aşyrylmagy, nebit-gaz senagaty kärhanalarynyň beýleki şahalaryna hem öz oňaýly täsirini ýetirýär.

Nebiti we gazy çykaryjy kärhanalarda tehniki hyzmatlaryň esasy görnüşleri;

- skwažnalara bejergi işlerini geçirmekden,
- nebit we gaz gatlaklarynyň gysyjylyk güýjini kadalaşdyrmakdan,
- nebiti gaýtadan akdyrmaga taýýarlamakdan ybaratdyr.

Nebitiň we gazyň yzygiderli we bökdençsiz çykarylyjygyny gazanmagyň esasy sütüni, nebit-gaz skwažniýalaryň kadaly hyzmatyna we olaryň ulanylşyna bagly bolup durýar.

Biziň ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň özgerdiş işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ylmy-tehniki kuwwatynyň ösüş derejesini mundan beýlägem artdyrmak bolup durýar. Täze kärhanalar, gurluşyklar, önümçilik kuwwatly döwrebap tehnikalar özünde, Türkmenistany hem goşmak bilen, dünýäniň dürli ýurtlarynyň ylymynyň we tehnikasynyň gazanan gowy zatlaryny jenleýän iň häzirki zaman tehnikasy we tehnologiýasy bilen üpjün edilýär. Şu nukdaý nazarydan nebit we gaz senagatynyň tehnikalaryny, enjamlaryny, gurallaryny we onuň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny ylmyň gazanan täze tehnologiki serişdeleri bilen üpjün etmek hem güýçli depginde alynyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda şu ýerde ol serişdelere täze tehnologiki şertlerde hyzmat etmek meseleleri hem ýüze çykýar. Bu bolsa önümçilikde tejribeliligi talap edýär. Onuň üçin her-bir täze tehnikalaryň we awtomatlaşdyrylan ugurlaryň

tehniki hyzmatlary boýunça kadalaşdyryjy namalaryny öwrenip, tejribeliligiňi artdyrmak hökmanydyr. Her-bir göwnejaý tehniki hyzmatlaryň aňyrsynda önümçiligiň öndürjiliginiň artýan görkezijileriniň bardygyny bilmek wajyp borçlaryň biridir. Şol sebäpli her bir işe başlananda göwnejaý çemeleşmelidir. Bu ýagdaýy nebit-gaz senagatynyň önümçiligi hasam ygtybarlylygy talap edýär. Şonuň üçin tehniki hyzmatlaryň ähli görnüşlerinde işleri planlaşykly alyp barmaly. Bu bolsa şol ulanyşdaky tehnikalaryň ýagdaýyny öwrenip, olaryň hyzmat ediş wagtlaryny bilmekden başlanýar. Şoňa laýyklykda hyzmat ediji kärhanalarda we bölümlerde her döwür üçin aýratynlykda iş plany düzülýär. Şol düzülen we tassyklanan iş planlary esasynda tehniki hyzmatlar yzygiderli berjaý edilýär. Anyk iş planlar aşakdaky şekil görnüşinde çärelere we aýlara bölünýär. Şol esasynda işler alnyp barylýar. Iş planynyň nusgasy:

Şekil-1

| Tertip belgisi | Ussanyň ady familiýasy | Wahtalaryň sany | Skwažniýalaryň nomeri | Işiň görnüşi | Bejergiň dowamy | | Bejergiň wagty (sagatda) | | | Smeta boýunça bahasy | Garaşylýan netijelik | Tehniki üpjünçilik | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Başlanýan wagty | Gutarýan wagty | Bejergi üçin | Öndürijiligi | Kada laýyklykda | | | Elektro energiýa | Materiallar | Gurallar |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |

Şeýle hem bejergi işlerini alyp barýan brigadalaryň iş ýerine ýetirijiligi hem hasabat esasynda gözegçilikde saklanýar. Aşakdaky şekilde görnüşi ýaly hasabat düzülýär. Nebit we gaz çykarýan skwažnalaryň bejergi işlerini alyp barýan brigadalaryň ýerine ýetirijilik hasabaty:

Şekil-2

| Ussanyň familiýasy, ady | Şahta sany | Skwažnanyň nomeri | Bejerginiň görnüşi | Basyjy suwuklygyň görnüşi we güýji | Bejerginiň senesi | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Başlanýan wagty | Gutarýan wagty |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |

Nebit we gaz çykaryjy kärhanalarda bejergi işlerini geçirmekde esasy wezipe, bejergi işleriniň wagtyny gysgaltmak we hilini gowulandyrmak bolup durýar.

Tehniki hyzmatlary geçirmekde onuň düzümine esasan şu aşakdaky sanawda toparlar girýär, olar:

1. Elektrik gurnama işlerini geçirýän topar.
2. Mehaniki işlerini geçirýän topar.
3. Kesiji gurally plotnik işlerini geçirýän topar.
4. Izolýasiýa işlerini geçirýän topar.
5. Täze tehnikalary özleşdirýän topar.
6. Kebşirleýji işlerini geçirýän topar.
7. Gurluşyk-gurnama işlerini geçirýän topar.

Tehniki hyzmatlary geçirmekde, onuň bökdençsiz işlemegini gurnamakda esasy mesele material-tehniki üpjünçiligini gazanmakdyr. Ol hem her-bir hyzmat geçirilmeli desgalar boýunça isleglerini bilmek bilen bagly bolup durýar. Ony öwrenmek üçin ilkinji nobatda hyzmat geçiriljek desgalaryň talapnamalaryny almak, ony öwrenmek, netije çykarmak we degişli üpjünçilik kärhanalaryna talapnama ugradyp ony öz wagtynda getirmek bilen bagly bolup durýar. Şu ugurda kärhananyň dolandyryjy düzüminiň guramaçylykly işlemegi özüniň netijesini berýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy we hut özüniň başda durmagy bilen nebit-gaz senagatynda tehniki hyzmatlary talaba laýyk berjaý etmek üçin ätiýäçlyk gorlaryny döredýär. Nebit we gaz senagatynyň önümçiligini ösdürmekde,

onuň önderijiligini artdyrmakda ýurtda geçirilýän çäreler sanardan köpdür. Olaryň içinde biziň häzirki döwrümizde nebit-gaz senagatynyň önümçiligine täze döwrebap tehnikalaryň özleşdirilmegi, olara edilýän tehniki hyzmatlaryň hilini has hem gowulandyrylmagyny, işleriň depgininiň güýçlendirilmegini we bökdençsizligi gazanmagy talap edýär. Şu ýerde önümçiligiň bizden edýän talabyny doly we dogry düşünip ähli ugurlar boýunça, şol sanda tehniki hyzmatlar boýunça işewürligi janlandyrmaly. Bu ugurda öňde goýlan plan-meýilnamalary, maksatnamalary hem-de wezipenamalary bökdençsiz, öz wagtynda we yzygiderli ýerine ýetirmeli. Her bir işlerde säwliklere, geldi-geçerliklere ýol bermeli däldir. Beýleki pudaklar, kärhanalar we gurmalar bilen arabaglanyşygy we gatnaşygy berkitmelidir. Nebit-gaz senagatynyň köp ugurlylygy hem-de çylşyrymlylygy bilen baglylykda önümçilikdäki her bir özgerdişleri zähmetkeş toparyň dykgatyna ýetirip durmaly we olaryň janypkeş zähmetlerini gazanmagy üpjün etmeli.

## X. Zähmeti we zähmet hakyny planlaşdyrmagy gurnamak.

Biziň häzirki döwrümizde Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ösýän Türkmen döwletinde halkyň bähbidi esasy oruna eýedir. Zähmetkeş toparyň ilkinji bähbidini goramak, ol hem olaryň zähmetini we zähmet hakyny kadaly gurnamak.

Bazar ykdysady şertlerinde ýaşaýyş serişdeleriniň esasy bölegi zähmete hak tölemegiň üsti bilen paýlanýar. Paýlamagyň we sarp etmegiň ölçegi bolup zähmet çykyş edýär.

Işgärleriň zähmeti we onuň netijesi bilen olaryň alýan hakynyň arasynda degerli özara baglanyşyk bar. Bu baglanyşyk bolsa haky zähmete görä paýlamagyň ykdysady kanunynyň mazmunyny emele getirýär. Şu kanunyň talaplarynyň berjaý edilmegi durmuş adalatlygy üpjün etmekde aýgytly orun tutýar.

Egerde olar berjaý edilmese paýlamak gatnaşyklary bozulýar, işgärleriň ož zähmetiniň netijesine bolan höwesi gaçýar. Paýlamagyň şeýle ýörelgesi hojalygy alyp barmagyň hemme görnüşlerinde hereket edýär. Zähmete görä hak paýlamagyň anyk görnüşi bolup iş haky çykyş edýär. Iş haky çekilen zähmetiň netijesine, ýerine ýetirilen iş üçin tölenilýän hakdyr. Iş haky önümçilikde zähmet bilen işçiniň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary aňladýar. Iş hakynyň iki sany esasy görnüşi; wagt hasaby bilen tölemek we potratçylyk, ýagny öndürjilige görä hak tölemek görnüşleri bar.

Wagt hasaby bilen tölenýän iş haky işlenen wagtyň möçberine we işgäriň hünärine laýyklykda kesgitlenilýär. Potratçylyk, ýagny öndürijilige görä hak tölenen mahalynda bolsa, işgäriň gazanjy öndürilen önümiň mukdary bilen kesgitlenilýär. Iş hakynyň bu iki görnüşiniň dürli ulgamlary bardyr.

Wagt hasaby bilen iş haky tölemek ýönekeý wagt hasaby bilen we baýrak bermek ulgamlary görnüşinde ulanylýar. Iş hakynyň wagt hasaby bilen tölemegiň baýrak bermek ulgamynda işgärleriň gazanjynyň möçberi diňe bir işlenen wagtyň mukdaryna we işgäriň hünärine bagly bolman, zähmetiň hil netijesine hem baglydyr.

Potratçylyk, ýagny öndürijilge görä iş hakyny tölemek ýönekeý potratçylyk, öndürilen önümiň mukdaryna laýyklykda, baýraklar we höweslendirmeler hem öndürijlige, hile baglylykda hasaplanýar.

Hormatly Prezidentimiziň zähmet we iş haky baradaky syýasaty döwletiň hakyky mümkinçiliklerine, jemgiýetiň dürli gatlaklarynyň bähbitleriniň deňeçerligini üpjün etmäge, zähmete hak tölemegiň derejesini ýokarlandyrmaga, zähmet hakynyň delillendiriş mümkinçiliklerini güýçlendirmäge, hünärli we hünärsiz zähmete hak tölemekde gyradeňligi ýeňip geçmäge gönükdürilendir.

Häzirki biziň döwrümizde ähli pudaklarda işçi güýçleriniň sazlaşykly alnyp barylmagy amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň pudaklary we ugurlary boýunça işçi güýjüne bolan islegi kemala getirmekde düzüm taýdan üýtgeşmeler girizilýär.

Iş hakynyň derejesi iki hili aňladylýar. Onuň birinjisi, nominal iş haky, ikinjisi bolsa, anyk iş hakydyr. Pul bilen tölenýän iş hakyna nominal iş haky diýilýär. Işgäriň iş haky diýip alýan puluna satyn alyp biljek harytlarynyň we hyzmatlarynyň mukdaryna bolsa anyk iş haky diýilýär. Anyk iş hakynyň derejesi pul bilen tölenýän iş hakynyň möçberine, ondan edilýän tutumlaryň, salgytlaryň möçberine, halkyň sarp edýän harytlarynyň we peýdalanýan hyzmatlarynyň bahasynyň derejesine baglydyr. Şol bir deň şertlerde anyk iş haky nominal iş hakynyň ululygyna göni proporsionaldyr hem-de sarp ediş zatlarynyň we hyzmatlarynyň bahalarynyň derejesine ters proporsionaldyr. Anyk iş hakyny kesgitlemek üçin nominal iş hakynyň indeksi bilen bahalaryň indeksini deňeşdirmeli.

Önümçilikde zähmeti planlaşdyrmak esasy görkezijileriň biri bolup durýar.

Zähmeti planlaşdyrmak önümçilikde işçi güýjiniň netijeli peýdalanylmagyna ýardam berýär. Zähmeti planlaşdyrmak şulary, ýagny:

1. Önümçiligiň ähli ugurlarynda zähmet öndürijiliginiň yzygiderli artdyrylmagyny;
2. Zähmet serişdeleriniň doly işçi güýji bilen üpjünçiligini;
3. Önümçiligiň ähli ugurlarynda ýokary, ýörite-orta bilimli we tejribeli hünärmenler bilen üpjünçiligini,
4. Zähmet hak tölegleriniň yzygiderli artdyrylmagyny we kämilleşdirilmegini gazanmalydyr.

Zähmeti planlaşdyrmak şu aşakdaky bölümlerden:

- Zähmet öndürijiligini artdyrmakdan;

- Işgär sanyndan-düzüminden;
- Zähmet haky gorundan-gaznasyndan;
- Işçi güýjiniň we işgär düzüminiň taýýarlygynyň talap edijiliginden ybaratdyr.

Zähmet öndürijiligini artdyrmagy planlaşdyrmak – kärhananyň netijeliligini aňladýan esasy görkezijileriň biridir. Zähmet öndürijiligi bir işgäriň wagt hasabynda bitiren janly zähmetiniň netijeliligini görkezýär. Muny hasaplamagyň önümçilikde üç sany esasy usullary peýdalanylýar. Olar: mukdar hasabyndaky, gymmat hasabyndaky we zähmet hasabyndaky usullardyr.

Mukdar hasabyndaky usul: mukdar hasabyndaky öndürilen önümiň, ortaça işgär sanynyň gatnaşygyna bölmek bilen hasaplanýar, ýagny

$Z_ö = Ö_m : I_s$

Bu ýerde $Z_ö$ – zähmet öndürijiligini, $Ö_m$ – öndürilen önümiň mukdar hasabyny, $I_s$ – ortaça işgär sanyny aňladýar. Mukdar hasabyna tonna, kilogram, kub, metr we ş.m. ölçeg birlikleri degişlidir.

Gymmat hasabyndaky usul: öndürilen önümiň baha görnüşindäki jeminiň ortaça işgär sanynyň gatnaşygyna bölmek bilen hasaplanýar. Ýagny, $Z_ö = Ö_g : I_s$.

Bu ýerde $Ö_g$ – öndürilen önümiň baha görnüşindäki jemini aňladýar. Gymmat hasabynda milli manadymyzda, käbir ýagdaýlarda daşary yurt walýutalarynda hem hasaplanylýar.

Zähmet hasabyndaky usul: öndürilen önüme edilen baha görnüşindäki harajadyň, öndürilen önümiň mukdar sanyny bölmek bilen hasaplanýar, ýagny, $Z_ö = H : Ö_m$.

Bu ýerde H–öndürilen önüme edilen zähmet harajadyny aňladýar.

Zähmet öndürijiligi planlaşdyrmakda zähmet şertleri, tebigy şertler hem-de daşky gurşawlaryň täsirleri hökmany göz öňünde tutulmalydyr. Biziň häzirki döwrümizde esasy zähmetkeş toparyň iş şertlerini we zähmet şertlerini gowulandyrmak bilen bagly, zähmet öndürijiliginiň

ýokarlandyrylmagyny gazanmagy üpjün etmelidir. Zähmet öndürijiligi bilen baglylykda zähmet hak tölegleriniň möçberi hem kämilleşýär we ýokarlanýar. Biziň ýurdumyzyň ykdysady şertlerinde ýaşaýyş serişdeleriniň esasy bölegi zähmet haky tölemegiň üsti bilen paýlanýar. Paýlamagyň we sarp etmegiň ölçegi bolup zähmet çykyş edýär. Şol sebäpli zähmet hak tölegini ýokarlandyrmakda zähmet öndürijiligini artdyrmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Biziň ýurdumyzda ilatyň çalt depginde ösmegi bilen baglanyşykly raýatlary iş bilen üpjün etmekde, goşmaça iş orunlaryny döretmek ýüze çykýar.

Garaşyzlyk ýyllary içinde ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň sany artdy. Ilatyň köp bölegi hojalygy ýöretmegiň bazar görnüşleriniň ösdürilmeginiň hasabyna iş orunlaryny tapdylar. Döwlet kärhanalaryndaky işleýänleriň sany artýar, şeýle hem döwlete dahylsyz kärhanalarda işleýänleriň sany köpelýär. Ýaşaýyş serişdeleriniň netijesinde jemgyýetiň agzalarynyň maşgala girdeýjileri emele gelýär. Ykdysady manysy boýunça maşgala diýip garyndaşlyk gatnaşyklary bilen baglanyşykly bolan we maşgalada sarp etmek üçin bilelikde hojalyk alyp barýan adamlaryň toparyna aýdylýar. Ýöne maşgala bir adamdan ybarat hem bolup biler. Maddy nygmatlaryň we hyzmatlaryň sarp edilmesi hökmünde maşgala ýa-da öý hojalygy üznüksiz önümçiligiň jemleýji, soňky tapgyryny emele getirýär.

Maşgalanyň girdeýjileriniň emele gelmegi, olaryň peýdalanylmagy, girdeýjileriň we çykdaýjylaryň sazlaşdyrylmagy maşgalanyň gaznasyna düşýär. Bu gaznanyň girdeýjiler bölegini emele getirýän çeşmeler örän köp dürlidir. Ol çeşmeleriň esasylary şu aşakdakylar:

1. Işgäriň zähmet girdejileri (iş haky, sylaglar, hususy zähmet işler we ş.m);
2. Telekeçilikden alynýan girdejiler (peýda);
3. Durmuş taýdan goramak üçin geçirilýän çärelerden gelýän serişdeler;

4. Eýeçilikden alynýan girdejiler (goýumlardan gelýän göterimler).

Maşgalanyň girdejileri onuň isleglerini kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýar. Maşgalanyň islegi hemişe ösýär, üýtgäp durýar. Islegleriň ösmegi ykdysady kanundyr. Olaryň üýtgemegine bahalaryň derejesi, bazarda satylýan harytlaryň möçberi we ş.m. täsir edýär.

Türkmenisatanda ýaşaýanlaryň ählisine zähmet çekmek, girdeýji almak üçin deň şertler döredilendir. Adam üçin hemme şertler üpjün edilende zähmet çekmekde, girdeýji gazanmakda hem-de işewürligi artdyrmakda işjeňlik ukyby döreýär.

Biziň Garaşsyz, Baky Bitarap ýurdumyzda raýatlaryň girdejilerini artdyrmak esasy maksatlaryň biridir. Şonuň üçin önümçilik kärhanalarynyň gerimini giňeltmeli we iş orunlaryny köpeltmeli.

Pudaklaryň önümçilik kärhanalarynda işgär düzümini planlaşdyrmak, olary köpeltmek önümçilik kuwwatlygyna, ýagny öndürilýän önümiň, ýerine ýetirilýän işiň möçberine bagly bolup durýar. Işgär düzümi planlaşdyrylanda olar toparlara bölünýär. Ol topar işçilerden, gullukçylardan, kiçi hyzmat ediji işgärlerden we öwrenijilerden ybaratdyr.

Planlaşdyrma işgär düzümi şu aşakdaky usulyýetde hasaplanylýar.

1. Kadalaşdyryjy- sagat usulynda;
2. Işgärleri iş orunlarynda goýmak usulynda.

<u>Kadalaşdyryjy- sagat usulyýeti</u>- kada laýyklykda işleýän kärhanalarda ulanylýar, oňa nebiti-gazy çykarýan,skwažnylara bejergi işlerini geçirýän, burow işlerini alyp barýan kärhanalar we ş.m. önümçilik kärhanalary degişlidir.

<u>Işgärleri iş orunlarynda goýmak usulyýeti</u>- bu usulyýet işgärleri kada laýyklykda, wezipeler boýunça kärhananyň öndürüjilik kuwwatlylygyna hem-de işgärleriň çalşyk smenasynyň möçberine laýyklykda planlaşdyrylýar. Bu

usulyýet işiň gidişi gije-gündiziň dowamlylygynda hereket edýän kärhanalarda ulanylýar.

Işgär düzümini jemlemek meselesinde, hereket edýän pudaklaryň ähli ugurlary boýunça ilkinji nobatda zähmet kanunlarynda şertlendirilen zähmetkeş toparyň ýeňillikleri göz öňünde tutulýar.

Biziň Garaşsyz we Baky Bitarap ýurdumyzda zähmetkeş toparyň zähmetine hormat goýmak iň esasy ýörelgedir. Şol sebäpli işgär düzümi planlaşdyrylanda önümçiligiň bähbidi bilen deň derejede zähmetkeş toparynyň düzüm gatnaşygy hem göz öňünde tutulýar.

Kärhanalarda zähmetkeş toparynyň düzümini planlaşdyrmak bilen bir hatarda olara tölenmeli zähmet haklaryň mukdary hem planlaşdyrylýar. Zähmet haklar planlaşdyrylanda işgär düzüminiň her-bir toparlary boýunça aýratynlykda düzülýär. Töleniljek zähmet haklarynyň ortaça möçberi kesgitlenilýär. Zähmete hak tölemek planlaşdyrylanda esasy üns gönüden-göni önümçilik bilen işleýän işçilere gönükdirilýär. Zähmet haklaryň planlary aýlyk, çäriýeklik we ýyllyk göz öňünde tutulýar we düzülýär. Zähmet haklarynyň tölenmek möçberi planlaşdyrylanda ýene-de bir esasy göz oňunde tutulýan ýagdaý ol hem işçileriň zähmet şertleri, ýagny agyr, zyýanly we kyn şertlerde işlemek we önümçilik derejeleri bolup durýar. Şeýle hem her-bir wezipäniň zähmet borçlary we jogapkärçiliginiň ölçegi göz öňünde tutulýar. Zähmet haky planlaşdyrylanda ähli ugurlar boýunça döwlet tarapyndan berkidilen kanunlara we çözgüntlere gabat gelmelidir. Biziň ýurdumyzda her-bir kanun, karar we çözgütler zähmetkeş toparynyň bähbidini goraýandyr, adamlar bolsa eşretli ýaşamak üçin zähmetine görä hak almalydyr.

Ykdysady höweslendirme gaznasy- bu görkeziji her bir önümçilik-hojalyk kärhanalarynda peýda gazanjynyň hasabyna önümçiligi ösdürmek, ylmyň we tehnikanyň döwrebap ulgamlaryny özleşdirmek, önümçiligiň zähmetkeş

toparynyň durmuş-medeni şertlerini gowulandyrmak we olara höweslendirme töleglerini geçirmek üçin döredilýär.

Peýda gazanjy – bu ykdysady höweslendirme gaznasyny döretmegiň esasy çeşmesidir. Ykdysady höweslendirme gaznasyny planlaşdyrmakda esasy göz öňünde tutmaly mesele, ol hem geljekde zähmetkeş topary höweslendirme çärelerini we beýleki höweslendirme çärelerini geçirmekde, düýpli gurluşyklary, kärhanany giňeltmek, durmuş-medeni we hyzmat çärelerini amala aşyrmakda doly we dogry peýdalanylmagyny üpjün etmekdir. Şeýle hem önümçiligiň ykdysady ösüşini gazanmak, zähmet hak töleglerini öz wagtynda geçirmek we ony ösdürmegi işläp düzmek, zähmet öndürijiligini artdyrmak we önümçiligiň beýleki görkezijileriniň ösüşini gazanmakdan ybaratdyr.

Biziň ýurdumyzyň Milli ykdysadyýetiniň ösmeginde Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagalasy bilen ähli kärhanalarda höweslendirme çärelerini işläp düzmek we ony planlaşdyrmak, kärhanalary belent sepgitlere ýetirmek giň gerime eýedir. Şol bir wagtyň özünde zähmetkeş topary zähmete bolan islegini we höwesini artdyrmakdan ybaratdyr.

## XI. Önümiň özüne düşýän gymmatyny planlaşdyrmagy gurnamak.

Önümiň özüne düşýän gymmaty – bu önümçilik kärhanalarynda öndürilen önüme, ýerlenen önüme, edilen işe we bitirilen hyzmatlara edilen maddy hem-de material serişdeleriniň harajatlary bolup, baha – nyrh görnüşindäki görkezijidir. Bu önümçilik kärhanalarynyň iş netijeliligini görkezýän esasy ykdysady görkezijidir.

Biziň Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagalasy bilen alnyp barylýan ykdysady syýasatyň talaplarynyň biri önümçilikde alnyp barylýan işleriň maddy we material harajatlaryny tygşytly hem-de maksada laýyk peýdalanyp ykdysady görkezijini artdyrmakdyr. Önüm

öndürmekde onuň özüne düşýän gymmatynyň derejesi kärhanada zähmetkeş toparyň önümçilik-hojalyk işini alyp barmakda gutarnykly netijeliligi görkezýän esasy ykdysady görkezijidir. Bu görkezijiniň harajatlary kärhanada tehnikalaryň, gurallaryň, abzallaryň, zähmetiň we hojalyk çykdaýjylarynyň guramaçylykly, netijeli peýdalanylşyny görkezýär. Her bir pudagyň öňünde goýulýan esasy wezipe ol hem önümçilikde peýdalanylýan maddy we material serişdeleri tygşytly hem-de maksada laýyk peýdalanyp, önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmekdir. Önümçilikde önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň esasy ýollary we şertleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Önümçilik çig mallaryny talaba laýyk we kada görä tygşytly peýdalanmak;
2. Tehnikalary, gurallary, enjamlary, abzallary aýawly peýdalanmak we saklamak bilen baglanyşykly netijeligini üpjün etmek;
3. Ýangyç, elektro energiýa, suw we beýleki hojalyk serişdelerini tygşytly peýdalanmak;
4. Önümçilikdäki esasy we dolanşyk serişdelerini rejeli peýdalanmak;
5. Hojalyk we kanselýar harytlary aýawly hem rejeli peýdalanmak;
6. Önümçilikde zaýa önümleriň döremezligine ýol bermezlik;
7. Gaýry maddy we material serişdeleriň tygşytly peýdalanylmagyny gazanmak.

Şu ýokarda agzalan esasy şertleri berjaý etmek önümçilik kärhanalarynyň her bir işgärleriniň gaýra goýulmasyz borjy we wezipesi bolup durýar.

Biziň häzirki döwrümizde önümçilige ornaşdyrylýan kuwwatly tehnikalaryň önüm öndürmek ukybynyň ýokarylylygy bilen baglylykda, onda şeretlendirilen talaplary yzygiderli we maksada laýyk berjaý etmek önümçilik harajatlarynyň peseldilmeginiň esasy sütünleriniň biri bolup

durýar. Önümiň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemekde, senagat kärhanalarynda önümçilik harajatlary şu aşakdaky esasy toparlara bölünýär. Olar:

1. Çig mal we esasy materiallar;
2. Kömekçi materiallar;
3. Zähmet haky hasaplamalary;
4. Durmuş üpjünçiligi hasaplamalary;
5. Ýangyç we energiýa çykdajylary;
6. Hojalyk çykdajylar;
7. Gaýry maddy we material çykdajylar.

Önümçilik harajatlaryny toparlara bölmek, olaryň ugurlary boýunça çykdajylaryň netijeligini kesgitlemekde maksada laýyk mümkinçilikleri döredýär. Şeýle hem önümçilik çykdajylary bilen baglanyşykly seljermeleri geçirmek we şol seljermeler esasynda önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek babatda anyk teklipleri täýýarlamaga hem-de durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Önümçilik harajatlaryny ykdysady elementleri boýunça toparlara bölmek, kärhanada gerek bolan material serişdeleriniň üpjünçiliginiň islegini kesgitlemäge uly ýardam berýar.

Kärhanalarda önümiň özüne düşýän gymmaty planlaşdyrylanda hakyky edilen harajatlary göz öňünde tutmak bilen, öndürilmeli önümleriň, edilmeli işleriň hem-de ýerine ýetirilmeli hyzmatlaryň kada laýyklykda edilmeli harajatlary hem kesgitlenilýär. Bu görkezijini planlaşdyrmak senagat pudaklarynyň her birisiniň alyp barýan iş ugurlary boýunça aýratynlykda düzülýär. Ýagny nebit-gaz pudagyny planlaşdyrmak boýunça, nebiti we gazy çykarýan kärhanalar, buraw işlerini geçirýän kärhanalar, geologiýa-gözleg işlerini geçirýän kärhanalar, skwažnalaryň gurluşygyny geçirýän kärhanalar, nebiti we gazy gaýtadan işleýän kärhanalaryň önümleriniň görnüşleri boýunça aýratynlykda we beýleki kärhanalary mysal getirmek bolar. Şeýle hem önümçilik harajatlary ýokarda, toparlara bölünilip görkezilen her-bir

ykdysady elementler boýunça aýry-äýrylykda kesgitlenilip planlaşdyrylýar.

Kärhanalarda önümiň özüne düşýän gymmaty görkezujini rejeli planlaşdyrmak önümçiligiň netijeli işlemegi bilen baglylykda, ykdysady girdejileriň hem maksada laýyk toplanmagyny üpjün edýär.

Peýda gazanjy- bu rejeli we öndürijilikli çekilen zähmetiň netijesinde emele gelýän kärhananyň sap, arassa peýdasy bolup durýar, ýagny, bu sap, arassa peýda gazanjy öndürilen önümiň ýerlenmegi bilen, şol ýerlenen önüme edilen harajadyň möçberiniň ara tapawudydyr. Peýda gazanjy planlaşdyrylanda degişli ýyllarda ýerlenjek önüm bilen onuň özüne düşýän gymmatynyň ara tapawudy alynýar. Kärhanalarda umumy gazanyljak (balans) peýda hem-de kärhananyň özünde galýan sap peýda gazanjy planlaşdyrylýar. Umumy gazanyljak (balans) peýdanyň düzümine öndürilen önümi ýerlemekden, gaýry ýerlemelerden, edilen işlerden we hyzmatlardan gelýän girdeýjiler girýär, ýagny, $P_b = P_e + P_g + P_h$

Bu ýerde $P_b$ – balans peýda, $P_e$ – önümi ýerlemekden gelýän girdeýji, $P_g$ – gaýry ýerlemelerden we $P_h$ – edilen işlerden we hyzmatlardan gelýän girdeýjileriň goşulmagyndan ybaratdyr.

Kärhananyň özünde, ýagny öz ygtyýarynda galýan sap peýda – ol umumy (balans) peýdadan döwlet býujetine (gaznasyna) tölenen salgytlardan soň, kärhananyň öz ygtyýarynda galýan gazanç – peýda bolup durýar. Kärhananyň özünde galýan sap peýdanyň hasabyna, ýagny gazanylan sap peýda önümçiligi giňeltmäge, zähmetkeş toparyň durmuş, medeni we hyzmat gurşawyny gowulandyrmaga we zähmetkeş topara höweslendirme töleglerini geçirmäge gönükdirilýär.

Umumy düşewünlik %-göterm hasabynda planlaşdyrylýar. Ol umumy (balans) peýdanyň ortaça ýyllyk esasy we dolanşyk serişdeleriň jeminiň bahasynyň goşulmagynyň ýagny bölünmeginiň esasynda hasaplanylýar, ýagny $D = P_b/E_s + D_s \times 100$, bu ýerde D- düşewüntlik, $P_b$-

umumy (balans) peýda, $E_s$- ortaça ýyllyk esasy serişdeler we $D_s$-ortaça ýyllyk dolanşyk serişdeleriň bahasynyň görkezijisidir. Kärhananyň düşewüntliligini ösdürmek – artdyrmak önümçilik kuwwatlygynyň we esasy serişdeleriň peýdalanylyşyny gowulandyrmakdan emele gelýär. Önümçilkde ähli harajatlary, şeýle hem ýokarda belleýşimiz ýaly önümçilik kuwwatlygyny rejeli hem-de tygşytly peýdalanmak peýda gazanjynyň we düşewüntligiň ýokarlanmagyna netijeli itergi berýär.

Soňky ýyllarda ýurduň ykdysadyýetinde gazanylýan üstünlikler diýseň guwandyryjydyr. Häzirki wagtda dünýä tejribesinde ýurduň ykdysady ulgamynyň abadançylygynyň esasy hereketlendiriji çeşmesi diýilip **jemi içerki önüm,** ýagny ýurduň içindäki öndürilýän önüm  hasaplanylýar. Şunda içerki önümiň artyşynda esasy möhüm önümler, ýagny uglewodorot serişdeleri bolan nebit, tebigy gaz, ýod, şeýle hem elektrik energiýasyny görkezmek bolar. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty täze önümçilik we durmuş ähmiýetli desgalary döretmäge, hereket edýan kärhanalary abadanlaşdyrmaga we gaýtadan enjamlaşdyrmaga gönükdirilen iri möçberli maýa goýum işini alyp barmaga mümkinçilik berýär. Munuň esasy binýady ýurduň içindäki öndürilýän önümleriň netijeligi bolup durýar. Netijeli işleýän önümçiligiň girdejisi hem yzygiderli ösýär.

Önümçilik işiniň islendik görnüşinde we ykdysady ulgamynda ahyrky maksat girdeji almak bolup durýar. Şonuň üçin girdeji- bu ilkinji nobatda maddy eşretleriň, önümçiligiň üznüksiz barşyny hem-de önümçilik harajatlarynyň tygşytly we maksada laýyk peýdalanylmagyny üpjün etmegiň esasydyr. Mundan başga hem, ol önümçiligiň barsýna goýulan serişdeleriň özüni ödeýşini hem häsiýetlendirýär. Şeýlelik bilen, eger ol ýa-da başga hojalygy ýörediji önümçilik-malýe işiniň jemleri boýunça girdeji alýan bolsa, diýmek düşewüntli işleýär, onda ol maddy eşretleriň yzygiderli önümçiliginiň üznüksiz barşyny anyk üpjün edýär. Emma, tejribäniň

görkezişi ýaly, kärhananyň alan girdejisi we girdejiliginiň derejesi mydama doly derejede olaryň hakyky ykdysady ýagdaýyny açyp görkezmeýär. Häzir kärhanalaryň bir-näçesi önümçilik-maliýe işiniň netijeleri boýunça girdeji alýarlar, ýöne şol bir wagtyň özünde pudakara algy-bergi hasaplaşyklarynyň wagtynda geçirilmeýändigi sebäpli, maliýe kynçylyklaryny başdan geçirýärler. Bu bolsa belli bir derejede önümçilik pudaklarynyň ykdysady dolanşygyna özüniň täsirini ýetirýär. Şol sebäpli her-bir kärhana pudakara algy-berdi hasaplaşyklaryny üns merekezinde saklamalydyr. Her-bir wagtynda geçirilmedik hasaplaşyklar önümçilik harajatlarynyň artmagyna belli bir derejede özüniň täsirini ýetirýändir. Pudaklarda hojalygy ýöredijileriň maliýe ýagdaýynyň ösüşine baha bermekligi diňe şu möhüm görkezijileri ulanmak bilen geçirilmelidigini aýratyn bellemek gerek. Olar şulardan ybaratdyr; önümiň özüne düşýän gymmaty, bergileriň möçberi, öz dolanşyk serişdeleriniň bolmagy, dolanşyk serişdeleriniň dolanşygy, algy we bergileri, zähmet öndürjiligi, gazna tabşyryjylygy, hasaplaşyk hasabynyň ýöredijilogi.

Kärhanalarda esasy maliýe görkezijiler hökmünde girdeji we düşewüntlik öňe sürülýär. Şol görkezijileri kadaly we durnukly ýöretmek kärhanalaryň esasy maksady bolup durýar. Biziň ýurdumyz Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda örän ajaýyp ykdysady görkezijileri özünde jemleýär. Şunuň bilen baglylykda ykdysadyýetiň anyk ulgamlarynyň ösüşi ykdysady ulgamyň beýleki böleklerindäki maliýe meseleriň, ýagny girdejililigiň üznüksizligini döredýär. Şu ýerde ykdysadyýetiň esasy maliýe meseleriniň hut anyk ulgamyndan başlanýandygyny we ahyrky hasapda hem şol ýerde tamamlanýandygyny bellemek möhümdir, ýagny ykdysady toplumynyň meselerini çözmegiň açaryny anyk ulgamdan gözlemek zerurdyr.

Türkmen döwletiniň Milli ykdysadyýetini ösdürmekde maksatly hem-de ýyllyk planlar işlenilip taýýarlanylanda önümçilik kärhanalaryň görnüşlerine garamazdan onuň

ykdysady netijeligi göz öňünde tutulýar. Ykdysady netijeliligiň gözbaşy bolsa, Milli girdejini iň ýokary derejede ösdürmek bolup durýar. Ony ösdürmek üçin ilkinji nobatda içerki "Türkmen" önümleriniň görnüşlerini köpeltmek, onuň öndürjiligi artdyrmak, hilini ýokarlandyrmak, önümçilik çig mallaryny we serişdelerini rejeli peýdalanmak hem-de şular bilen baglylykda önümiň özüne düşýän gymmatyny aşaklatmak bolup durýar. Bularyň ählisiniň gözbaşynda bolsa zähmetkeş topryň yhlasy, janypkeş we agzybir zähmeti hem-de iş wagtynyň rejeli peýdalanylmagy durandyr.

Bu şertleri döretmek üçin zähmektkeş toparynyň durmuş we medeni, ýaşaýyş hem-de olary gurşap alýan daşky gurşawyň täsirini gowulandyrmagy gurnamaly. Şeýle hem olaryň iş ýerlerindäki, iş orunlaryndaky ähli şertleri kadalaşdyrmaly we onuň yzygiderligini gazanmaly. Bu ugurda Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň çäklerinde zähmetkeş topryň we olaryň maşgala agzalarynyň şertlerini gowulandyrmak ücin jemagat-durmuş, ýaşaýyş we medeni dynç alyş, saglygy goraýyş şypahanalarynyň täze desgalary gurulýar, şeýle hem öňden hereket edýänleriniň durky täzelenilýär. Şol bir wagtyň özünde zähmetkeş toparyň zähmet şertlerini gowulandyrmak we zähmeti ýeňilleşdirmek üçin pudaklarda, kärhanalarda, birleşiklerde zähmetiň köp ugurlary boýunça awtomatlaşdyrylan gurluşlar girizilýär we özleşdirilýär. Muňa durmuş hakykaty şaýatlyk edýär. Biziň ýurdumyzda esasy maksat önümiň öndürjiligini artdyrmak, onuň gerimini giňeltmek, öndürilýän önümiň hilini gowulandyrmak, maddy we material serişdeleri rejeli hem-de tygşytly peýdalanmak, önümçilik harajatlaryny peseltmek we zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly ylmyň gazananlaryny tizden-tiz özleşdirmek bolup durýar. Bu ugurda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurtda geçirilýän syýasy, ykdysady, durmuş we döredijiligi ösdürmek çäreleri giň gerime eýedir. Hususan hem biziň ýurdumyzda ykdysady taýdan baş baýlyklarymyzyň biri bolan nebit we gaz

senagatynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, ondaky bar bolan tehniki enjamlaryny kämilleşdirmek we ylmyň gazananlary bilen baglanyşykly täze döwrebap tehniki enjamlary önümçilige ornaşdyrmak çalt depginde alynyp barylýar. Bu işleriň hemmesi ýokarda belleýşimiz ýaly ilkinji nobatda zähmetkeş toparyň işlerini ýeňilleşdirmek, olaryň howpsyzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly önümiň öndürjiligini artdyrmak, onuň hilini gowulandyrmak, maddy we material serişdelerini tygşytly hem-de rejeli peýdalanmak bilen önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek bolup durýar. Biziň dünýä tejribesinden bilişimiz ýaly her-bir önümi öndürmekde, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmekde, täze desgalary gurmakda, önümçilik kärhanalaryny döretmekde, täze tehniki enjamlary oýlap tapmakda zähmetkeş toparyň iş şertlerini gowulandyrmak bilen baglanyşykly ykdysady taýdan peýdalylygy, tygşytlylygy we netijeliligi göz öňünde tutulýar. Bu bolsa esasan önümiň özüne dýşýän gymmatyny peseldip kärhananyň peýda gazanjyny we düşewüntliligini artdyrmak bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň biziň Garaşsyz we Baky Bitarap ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça berýän syýasy goldawy esasynda, Milli ykdysadyýetimiziň ösmegini hemme tarapdan berkidip, onuň durnuklaşmagyny kämilleşdirmek we gazanmak üçin senagat we gaýry pudaklaryň ähli̇si janypkeş zähmet çekip işlemegi baş wezipedir.

## XII. Pudagyň maliýe işini planlaşdyrmagy gurnamak.

Bizin Garaşsyz, Baky Bitarap ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen alynyp barylýan ykdysady syýasatyň talaplarynyň biri önümçilikde alynyp barylýan işleriň netijeligini üpjün etmek bilen, maliýe serişdelerini maksada laýyk peýdalanyp, ykdysady girdejini artdyrmakdyr.

Kärhananyň maliýesi pul gatnaşygyny aňlatmak bilen, önümçüligiň pul görnüşdäki dolanşygynyň hasabatyny amala aşyrýar. Kärhananyň maliýe ýagdaýy onuň önümçilik hojalyk işiniň netijesine bagly bolup durýar. Önümçilik planlaryny we onuň ähli görkezijilerini ýerine ýetirmek üçin kärhananyň maliýe üpjünçiligi gurat bolmalydyr. Şol üpjünçilgi gazanmak üçin kärhanada maliýe plany düzülýär. Maliýe plany pul serişdeleriniň, maliýe hasaplaşyklarynyň we gatnaşyklarynyň kämil bolmagynyň hem-de rejeli peýdalanylmagynyň ýol görkezijisidir.

Nebit-gaz senagatynyň kärhanalary her ýyl önümçilik planlaryna baglylykda maliýe işiniň girdeji we çykdajy bölekleri boýunça deňeçerlenen maliýe planyny düzýär. Maliýe plan önümçiligi dolandyrmak üçin we gaýry önümçilik planlaryny ýerine ýetirmrk üçin gerek bolan pul serişdeleriniň girdejilerini we çykdajylaryny kesgitleýär. Kärhananyň maliýe ýagdaýy önümçilik-hojalyk işiniň netijeliligine gönüden-göni bagly bolup durýar. Şeýle hem önümi öndürmek, ony ýerlemek we beýleki önümçilik planlarynyň görkezijileriniň iş netijeligi kärhananyň maliýe ýagdaýyna bagly bolup durýar. Şeýlelikde önümçilik bilen maliýe berk biri-birleri bilen baglanyşykda bolýar. Maliýe planynyň esasy borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr;

1. Önümçilik tabşyryklary bökdençsiz ýerine ýetirmek ücin kärhana gerek bolan pul serişdeleriniň möçberini kesgitlemek;
2. Önümçiligi dolandyrmak, ösdürmek we giňeltmek ücin kärhana gerek bolan maliýe serişdesi bilen üpjün etmek;
3. Önümçiligiň netijeligini artdyrmak üçin kärhanada içki ätiýaçlyklary döretmek we ony iş ýüzine geçirmek;
4. Kärhanada pul serişdelerini toplamagyň ýollaryny, höweslendirme gaznasynyň ugurlaryny we

daşyndan geljek maliýe çeşmeleriniň ýerlerini kesgitlemek.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak üçin onuň dolanşyk serişdeleriniň aýlanşygyny çaltlandyrmak iň esasy meseleleriň biridir. Halk hojalygynda kabul edilen gurluşa laýyklykda kärhanalaryň dolanşyk serişdeleriniň düzümine; önümçilik ätiýaçlyklary-çig mallar, esasy we kömekçi materiallar, ýangyç serişdeleri, ätiýaçlyk şaýlary, pes bahaly-tiz zaýalanýan harytlar, konselýar harytlar, hojalyk harytlary, gymmat-pul serişdeleri we beýleki önümçilikde ulanylýan hem-de peýdalanylýan hereketdäki serişdeler we harajatlar girýär.

Çig mal serişdelerine we esasy materiallara önümi öndürmek, hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmek bilen gönüden-göni bagly material harajatlar degişlidir.

Kömekçi materiallara önümi öndürmek, hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmek bilen bagly tehnologiki we goşmaça, ýagny önümçiligiň dolanşygyny çaltlandyrýan serişdeler degişlidir.

Beýleki dolanşyk serişdeleriniň düzümine girýän maddy we material harajatlar, esasy we kömekçi materiallar bilen sazlaşykly hem-de baglanyşykly önümçiligiň dolanşygyna netijeli täsirini ýetirýän çykdajylar degişlidir.

Maddy we material serişdelere; - kärhananyň ammaryndaky (skladyndaky) taýýar we taýýar däl önümler, ugradylan-ýoldaky müşderler tarapyndan doly kabul edilmedik harytlar, ätiýaçlyk şaýlary, ýangyç serişdeleri, müşderler bilen algy-bergiler, bankdaky hasaplaşyk hasabyndaky we kärhananyň gaznasyndaky pul serişdeler girýär.

Kärhanada dolanşyk serişdeler dürli çeşmelerden toplanýar, olaryň iň esasysy iki topara bölünýär: Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr;

1. Kärhananyň özünde döräň we oňa degişli gapdaldan gelen dolanşyk serişdeler,
2. Karz ýa-da amanat dolanşyk serişdeler.

Maddy we material gymmatlyklaryň çykdajylaryny we ätiýaçlyk gorlaryny(fondlaryny) kadalaşdyrmak üçin kärhananyň dolanşyk serişdelerini dogry hem-de maksada laýyk rejeli peýdalanmaly.

Kärhananyň hojalygyny dolandyrmagyň täze ugurlarynda peýda gazanjy pudagyň iş netijeligine baha berýän esasy görkezijidir.

Peýda gazanjy önümi öndürmek, ony ýerlemek, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmekden gelen girdejilerden, önümçilik harajatlarynyň aýrylan ara tapawudyndan emele gelýän görkezijidir.

Nebit we gaz senagatynyň kärhanalary öz-özüni dolandyryş ýa-da öz-özüni maliýeleşdiriş şertlerinde işleýandigi sebäpli öz peýda gazançlaryny ulanmagyň kadalaşdyryjy usullaryny peýdalanýar. Şol maksatlar bilen kärhanalar öz planlaryny düzenlerinde şu aşakdaky görkezilen esasy ykdysady çäklendirmeleri we kadalary tassyklaýarlar; Olar;

1. Material serişdeleriň tölegi.
2. Döwlet býujetine tölegler.
3. Ýokary guramalaryň maýa goýum gaznasyna tölegler.

Ýokarda görkezilen çäklendirmeler we kadalar bäş ýyllyk planlar boýunça düzülip her ýylyň planlary sazlaşykly alynyp barylmagy üçin ýokary guramalar tarapyndan gözegçilikde saklanýar.

Plan boýunça hem-de hakyky gazanylan peýda gazanjy kärhanalar boýunça mysaly şeýle görnüşde bölünýär.

Şekil arkaly mysaly görnüş; Şekil-1.




Balans peýda diýmek – kärhananyň girdeji we çykdajy netijeleriniň tapawudyndan toplanan umumy peýda gazanjy. Şu görkezijiden peýda gazanjynyň töleg hasaplaşyklary başlanýar. Şekilde görkezilen tölegler we hasaplaşyklar kada boýunça yzygiderli hem-de bökdençsiz amala aşyrylmagy talap edýär. Kärhananyň maliýe iş hojalyk hasaplaşygynyň kadaly alynyp barylmagy bilen baglanyşykly, onuň netijesi bilen kesgitlenilýär. Ol hem esasan kärhananyň peýda gazanjynyň artmagy bilen ölçenýär.

Maliýe plan – kärhananyň tehpromfin planynyň gutarnykly bölümidir. Şonuň üçin ol önümçiligiň görkezijileri, ýagny,önümiň özüne düşýän gymmaty,peýda gazanjy, önüm üpjünçiligi we düýpli gurluşyklaryň netijeleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Nebit – gaz senagatynyň Maliýe işlerini hasabatlaryny kadalaryny we çäklendirmelerini bazar gatanyşyklary şertlerinde netijeli hem-de sazlaşykly alyp barmak uly ähmiýete eýedir. Maliýe hasabatlaryny okamagy başarmak häzirki zaman ýokary we ýörite orta bilimli hünärmenler üçin

zerurdyr. Maliýe hasabaty diňe bir kärhananyň amal işlerine gözegçiligi göz öňünde tutman, eýsem özünde maglumat binýadyny hem jemleýär.

Maliýe kadalar, maliýe çäklendirmeler bu kärhananyň maddy we material çykdajylaryny, üpjünçiliklerini, harajatlaryny we hasabatlaryny maksada laýyk, rejeli hem-de netijeli peýdalanmagy aňladýar. Şu kadalary hem-de çäklendirmeleri berjaý etmek her bir hünärmeniň borjudyr. Häzirki zaman milli ykdysadyýetimiziň ösüşini mundan has-da ösdürmek üçin, her bir ýokary derejeli aňly hünärmen maliýe hasabatyny okap bilmegi şu aşakdaky görkezilen sebäplere görä zerurlyga eýedir:

1. Maliýe hasabaty, maliýe işleri we maliýe planlary bilen baglanyşykly meselelere ygtyýarlylyk, belet bolmak ynamy döreýär.
2. Möhüm maliýe meseleleri çözmäge we teklipler bermäge ýardam edýär.
3. Maliýe hasabatynyň düzülişine, ygtybarlylygyna we netijeliligine düşünişmäge mümkinçilik berýär.

Maliýe hasabaty esasan şu aşakdaky düzümlerden ybaratdyr, olar:

1. Buhgalter balansy,
2. Maliýe netijeleri we olaryň peýdalanylyşynyň hasabaty,
3. Balansa goşmaça goşulma,
4. Düşündirişli ýazgy.

Şu ýokarda görkezilen hasabatlar we düşündirişli ýazgylar esasynda kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň netijeliligine baha berilýär. Kärhananyň maliýe ýagdaýyna baha bermek biziň ýurdumyz Garaşsyzlygyny we Bitaraplygyny alan günlerinden başlap örän uly ähmiýete eýe bolandyr. Bu bolsa kärhanalaryň netijeli işlemegine özüniň örän uly täsirini ýetirýär. Bu ýerde kähananyň esasy iş maksady onuň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyny üpjün etmek we iň ýokary girdeýjini almak bolup durýar. Iň ýokary

girdejini almak bolsa bellenilen maksada ýetmekligiň esasydyr. Kärhananyň hakyky ýagdaýyna baha bermeklik ýeke bir kärhana üçin däl-de, eýsem paýdarlar we gelejekki maýa goýumlar üçin uly ähmiýete eýedir.

Kärhananyň ýagdaýy gowy, orta we erbet bolmagy mümkin. Maliýe ýagdaýynyň şeýle bölmekligiň takyk ölçegleri entek ýok. Maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirmek üçin aşakdaky alamatlary ulanmak bolar: maliýe durnuklylygy, töleg ukyplylygy, önümiň tiz ýerleşdirilişi, karz berijilik ukyplylygy, peýdalylygy we başgalar.

Maliýe durnuklylygy – bu töleg we karz berijilik ukyplylygy saklananda, girdejiniň we maýanyň artmagy esasynda kärhananyň ösüşini üpjün edýän maliýe serişdeleriniň, olaryň paýlanyşynyň we ulanylşynyň ýagdaýy bolup durýar.

Kärhananyň umumy durnuklylygy – bu kärhananyň uzak wagtyň dowamynda bäsleşige ukyply bolan önümi çykýarýan we satýan, ondan kärhananyň önümçilik we durmuş ösüşini ýeterlikli derejede üpjün edýän arassa girdejini alýan hem-de karz berijilik ukyplylygy bar bolan ýagdaýydyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklulygy esasan seljerme işlerini geçirmek arkaly kesgitlenilýär. Maliýe hasabatyny seljermegiiň usulyýeti öňde goýulan wezipelere, şeýle hem maglumat, usulyýet we tehniki üpjünçiligiň dürli delillerine baglyltkda üýtgäp biler. Iş ýüzinde maliýe hasabatynyň has giňden ulanylýan iki usulyny tapawutlandyrýarlar, olar;

- Maliýe ýagdaýynyň ekspress seljermesi;
- Maliýe ýagdaýynyň delilleşdirilen seljermasi.

Ekspress sljermäniň maksady kärhananyň ykdysady ýagdaýynyň abadançylygyna ýönekeý baha bermekden ybaratdyr. Ekspress seljerme kärhananyň işine çalt baha bermegiň zerurlugy halatynda giňden ulanylýar. Emma çalt berilýän baha şol birbada (şol minutda) doly baha bermegi

göz öňünde tutmaýar, ýöne buhgalter balansynyň seljermesiniň kömegi bilen belli bir senä kärhananyň ykdysady ýagdaýyna baha bermäge mümkinçilik berýar we şeýlelik bilen şol hasabaty peýdalanyjylariň soňky hereketlerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ekspress seljermesi tölege ukyplylyga, karza ukyplylyga, geçginlige baha bermek üçin amatlydyr.

Maliýe ýagdaýyna delilleşdirilen seljerme- balansyň maddalarynyň jikme-jik seljermesine esaslandyrylandyr, onuň kömegi bilen maliýe ýagdaýyna täsir edýän deliller kesgitlenilýär. Maliýe ýagdaýyna baha bermegiň dürli usulyýeti hereket edýär. Olar esasan önümçilik işiniň dowamlylygynda dürli häsiýetlerde peýdalanylýar. Hasabat we koffisiýentleriň ulgamynyň peýdalanylyşyna esaslanan usulyýet has giňden ýaýran hadysadyr. Koffisiýentleriň hasaby buhgalter hasabynyň ýyllyk maglumatlary boýunça alynyp barylýar. Şu maksatlar üçin balansyň maddalarynyň seljermesine gerek bolan mysaly tablisany(san gözenegi, jedwel) düzmek amatlydyr.

Deňeşdirme seljeriş balansy. (manatda)
Şekil-2.

| № | Balansyň görkezijileri | Absolýut ululyklar | | Jemi agramy | | Gysarma (Tapawut) | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Döwrüň başyna | Döwrüň ahyryna | Döwrüň başyna | Döwrüň ahyryna | Absolýut | Jemi agramy | Döwrüň başyna % | Döwrüň ahyryna % |
| | **A K T I W L E R** | | | | | | | | |
| 1 | Dolanşyk däl aktiwler | 232 | 237 | 37,1 | 37,5 | +5 | +0,4 | +2,1 | +83,3 |
| 2 | Dolanşyk aktiwler, şol sanda; | 394 | 95 | - | - | - | - | - | - |
| | a) Önümçilik ätiýaçlyklary | 221 | 224 | 35,3 | 35,4 | +3 | +0,1 | +1,4 | +50,3 |
| | b) Gysga möhletleýin maliýe goýumlary, pul serişdeler we beýleki aktiwler | 173 | 171 | 27,6 | 27,1 | -2 | -0,5 | -1,1 | -33,3 |
| | w) Gysga möhletleýin maýa goýumlar | 17 | 8 | 2,7 | 1,3 | -9 | -1,4 | -5,3 | -150,3 |
| | g) Debitor bergililigi | 154 | 159 | 24,6 | 25,2 | +5 | +0,6 | +3,2 | +83,3 |
| 3 | Ýitgiler | - | - | - | - | - | - | - | - |
| | **B A L A N S** | **626** | **632** | **100** | **100** | **+6** | **0** | **+0,9** | **100** |
| | **P A S S I W L E R** | | | | | | | | |
| 4 | Maýa we gaznalar | 314 | 318 | 50,2 | 50,3 | +4 | +0,1 | +1,3 | +66,6 |
| 5 | Uzak möhletleýin kreditler we karzlar | 98 | 85 | 15,7 | 13,4 | -1,3 | -2,3 | -13,2 | -216,7 |
| 6 | Gysga möhletleýin kreditler we karzlar | 147 | 122 | 23,5 | 19,3 | -25 | -4,2 | -17,0 | -416,6 |
| 7 | Karz bergililigi we beýleki passiwler | 58 | 62 | 0,9 | 1,0 | +4 | +0,1 | +0,6 | - |
| | **B A L A N S** | **626** | **632** | **100** | **100** | **+6** | **0** | **+0,9** | **100** |

Tablisada gyşarmalar we tapawutlar açyk aýdyň görkezilendir. Şol esasynda netije çykarylýar.

Maliýe durnuklulygyna aşakda görkezilen tablisa esasynda seljerme geçirmek mümkinçiligi döreýär.

Maliýe durnuklulygyň seljermesi.(manatda)

Şekil-3

| № | Maliýe görkezijiler | Döwrüň başyna | Döwrüň ahyryna | Gyşarma (+; -) |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Maýa we gaznalar | 314 | 318 | +4 |
| 2 | Dolanşyk däl aktiwler | 232 | 237 | +5 |
| 3 | Uzak möhletleýin kreditler we karzlar | 98 | 85 | -13 |
| 4 | Öz dolanşyk serişdeleri (st. 1-2+3) | 180 | 166 | -14 |
| 5 | Gysga möhletleýin kreditler we karzlar | 147 | 122 | -25 |
| 6 | Ätiýaçlyklary we çykdajylary emele getirmegiň esasy çeşmeleriniň umumy ululygy (st. 4+5) | 327 | 288 | -39 |
| 7 | Önümçilik ätiýaçlyklary | 221 | 224 | +3 |
| 8 | Öz dolanşyk serişdeleriniň artykmajy (+) ýa-da ýetmezçilik (-) (st. 4-7) | -41 | -58 | -17 |
| 9 | Ätiýaçlyklary we çykdajylary emele getirmegiň esasy çeşmeleriniň artykmajy (+) ýa-da ýetmezçiligi (-) (st. 6-7) | +106 | +64 | -42 |

Absalýut likwidligiň koeffisiýenti ($A_{lk}$) – gysga möhletleýin borçnamanyň haýsy böleginiň ýokary likwidli aktiwleriň hasabyna haýal etmän üzülişilip bilinjekdigini görkezýär. $A_{lk} = P_s + G_{mg}/G_b$, nirede $G_{mg}$ - bolsa gysga möhletleýin maýa goýumlary, $P_s$ – pul serişdeleri, $G_b$ – gündelik borçnamalar, $A_{lk} =$ 0,2-0,3 çäklerde kadaly ähmiýet. Ähmiýet - 20% - den aşak düşmeli däldir.

Çalt likwidligiň koeffisiýenti – kärhananyň bellenilen möhletlerde özüniň gysga möhletleýin bergi borçnamalary boýunça hasaplaşyp biljekdigini görkezýär. $A_{lk} = P_s + G_{mg} + D_b / G_b$, şu ýerde $D_b$ – debitor bergililik. Ähmiýet 0,75-den – 1-e çenli we ýokary bolmalydyr.

Öwezini doluş koeffisiýenti($Ö_{dk}$)– kärhananyň tölege ukyplylygyna umumy baha berýär. Ol gündelik karz borçnamalarynyň nähili derejede material dolanşyk serişdeleri

bilen üpjün edilýändigini görkezýär. Onuň ykdysady manysy-dolanşyga goýlan maliýe serişdeleriniň näçe manadynyň gündelik dolanşygyna düşýänligindedir. $A_{lk}=P_s+G_{mg}+D_b+Ä_ç/G_b$, bu ýerde $Ä_ç$- ätiýaçlyklar we çykdajylar.

Maliýe garaşsyzlygynyň koeffisiýenti ($M_{gk}$) özüniň maliýe-karz işini amala aşyrmak üçin kärhananyň öz serişeleriniň üpjünçiligini häsiýetlendirýär. $K=Ö_s/B_j x100$, bu ýerde $Ö_s$- öz serişdeleri, $B_j$- balansyň jemi. Amatly ähmiýeti 50-60% we ondan ýokary bolmaly.

Mundan başga-da:

1. Hojalygy ýöredijiniň tölege ukyplylygy D > M+N, nirede D bolsa – pul serdişdeleri, gysga möhletleýin goýumlar (gymmatly kagyzlar, wagtlaýyn maliýe kömegi) we debitor bergililik, M – gysga möhletleýin kreditler we karzlar, N – karz bergililigi;
2. Öz dolanşyk serişdeleri E = K+P+A, bu ýerde K maýa goýum, A – dolanşyk däl aktiwler, P – uzak möhletleýin karzlar.
3. Öz dolanşyk serişdeleriniň artykmaçlygynyň barlygy (+), ýetmeýäni (-), $\pm E=E-Z$, bu ýerde Z-önümçilik ätiýaçlyklary.
4. Ätiýaçlyklaryň we çykdajylaryň emele gelmeginiň umumy ululygy E=E+M, bu ýerde M - gysga möhletleýin kreditler we karzlar.

Maliýe koeffisiýentler hasaba alynanda dünýä tejribesinde kabul edilen çäklendirmelerden ugur alynandyr, ol kesgitlemenama şol ýa-da başga görkezijiniň şertli-kadalaşdyryjy ähmiýetine eýedir.

Milli ykdysadyýetimiziň ösmegi hususanda kärhanalaryň, guramalaryň, ulgamlaryň we ähli pudaklaryň durnukly, netijeli işlemeginde gazanylýar. Kärhananyň durnukly işlemegi üçin ýokarda belleýşimiz ýaly maliýe we material serişdeleriň dolanşygyny çaltlandyryp, maddy we

material serişdeleri rejeli hem-de tygşytly peýdalanyp öndürjiligi artdyrmaly. Şu ýagdaýlar doly we dogry berjaý edilende kärhanalarda girdejilik artyp, peýda gazanjy ýokarlanýar. Bu bolsa Milli ykdysadyýetimiziň ösmeginiň özeni bolup durýar. Bu ýerde maliýe gatnaşyklary jebisleşýär we bir bitewi, durnukly ykdysady binýat emele gelýär. Ýurtda girdejiligiň artmagy bilen halkymyzyň hal-ýagdaýy gün saýyn özgerýär we gowulanýar. Bu ugurda maliýe ulgamynyň durnukly we kadaly işlemeginiň wajyp orny bardyr. Milli ykdysadyýetimiziň ösmeginiň çeşmesi maliýe girdejileridir. Maliýe serişdeleriniň kadaly dolanşygy bolsa Milli ykdysadyýetiň ösmeginiň daýanjydyr. Biziň ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda maliýe işlerini planlaşdyrmak, onuň harajatlary, dolanşygy bazar gatnaşygy şertlerinde, ylmyň gazananlary bilen baglanyşykly kada laýyklykda alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda Milli ykdysadyýetimiz yzygiderli berkeýär we ösýär.

## XIII. Zähmetkeş toparynyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmagy we ony ösdürmegi planlaşdyrmagy gurnamak.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistanda mizemez döwlet gurluşynyň esaslaryny berkitmäge hem-de Türkmen halkynyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamamyzyň kabul edilmegi ýurduň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Şu maksatnama laýyklykda ýurdumyzda zähmetkeş toparyň durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça birnäçe çäreler geçirilýär. Hormatly Pezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen gurulýan saglyk öýleri, şypahanalar, dynç alyş merkezleri, mekdepler we çagalar baglary munuň aýdyň şaýadydyr.

Zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýlaryny, iş şertlerini kadalaşdyrmak we gowulandyrmak zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmagyň esasy çözgütleriniň biridir. Häzirki döwürde nebit-gaz senagatynyň kärhanalarynda zähmetkeş toparyň durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça alynyp barylýan işler örän köpdür. Şeýle hem ozal peýdalanylyp ýörülen sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň, çagalar baglarynyň durky täzelenýär. Şol bir wagtda önümçilikde zähmetkeş toparyň zähmet şertlerini gowulandyrmak hem meýilnamada üns merkezinde saklanýar, ýagny zähmetkeş toparyň el işleriniň we önümçilikdäki agyr iş şertleriniň aradan aýrylmagy boýunça, hususanda ýeňilleşdimek boýunça çäreler geçirilýär.

Kärhanada zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýyny ösdürmek plany, bu işgär düzüminiň tejribeliligini bilim derejesini, ýaşaýyş şertlerini, işçileriň maşgala agzalarynyň, şeýle hem zähmetkeşleriň şahsy şertleriniň ähli ugurdan kämilleşdirilmegine gönükdürilýär.

Kärhanada durmuş ýagdaýyny planlaşdyrmak – bu durmuş şertleriniň işlerini zähmetkeş toparyň durmuşyna ornaşdyrmagyň usulyýeti. Ol kärhanada zähmetkeş topar tarapyndan ylmyň gazananlaryny özleşdirmegi, akyl we fiziki zähmeti özleşdirmegi, material we medeni ýagdaýlary gowulandyrmagy, şeýle hem zähmetkeş toparyň ähli ugurlary boýunça agzybirliklerini hem-de jogapkärçiliklerini sazlaşdyrmagy üpjün edýär.

Önümçilik birleşikleriniň, kärhanalaryň we ähli pudaklaryň bäs ýyllyk planyny düzmegiň umumy usulyýetinde ýörüte "Zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýyny ösdürmegi işläp taýýarlamak plany" bölümi bolýar. Önümçilik plnynyň beýleki bölümleri ýaly zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýyny ösdürmek plany özbaşdak däl, onuň görkezijileri kärhananyň tehniki-ykdysady ösüşine gönüden-göni bagly bolup durýar. Zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýyny ösdürmek plany hem öz gezeginde zähmetkeş

toparyň önümçilik-hojalyk işine öz täsirini ýetirýär. Kärhanalarda durmuş üpjünçiligini ösdürmek plany toplumlaýyn meseleleri çözmekde iki topara bölünýär. Olar;

1. Önümçilik gurşawy bilen bagly meseler, ýagny muňa zähmetkeş topar düzüminiň ussatlyk, bilim we hünär derejesini kämilleşdirmek, ony ýokarlandyrmak, önümçilik toparynyň ýaşlaryny işe uýgunlaşdyrmak, durmuş, aň we psihologiki gurşawy kämilleşdirmek, kärhanada agyr we saglyga zyýanly işleri aradan aýyrmak, hünär derejesi pes işçileri kämilleşdirmek meseleleri degişlidir.
2. Önümçilige degişli däl gurşam bilen bagly meseleler, ýagny muňa zähmetkeş toparyň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak, lukmançylyk hyzmatlary, çagalar baglary, medeni-aň, bilim derejesi edaralary bilen üpjünçilik meseleler degişlidir.

Bu meseleler önümçilik gurşawynyň daşyndan çözülýär. Bulary merkezleşdirilen hem-de kärhananyň öz hasabyna çözmäge rugsat berilýär. Ýöne plan düzülende ähli çäreler, kim tarapyndan we nähili derejede cözmeklik barada anyk görkezilmelidir.

Ýokarda belleýşimiz ýaly zähmetkeş toparyň durmuş maksatly ösüs plany kärhananyň umumy planynyň bir bölegi bolup durýar. Ol gelejekgi ösüşleri kesgitlemek boýunça bäş ýyllyk düzülýär. Şonuň esasynda tehpromfinplanyň bir bölümi hökmünde ýyllyk plan işlenilip taýýarlanylýar.

Kärhananyň zähmetkeş toparynyň durmuş ýagdaýyny ösdürmek plany şu aşakdaky bölümlerden ybarat, olar;

1. Önümçiligiň zähmetkeş toparynyň durmuş üýtgeşmelerini geçirmek,
2. Işçileriň zähmetini goramak, iş şertlerini gowulandyrmak, işçileriň saglyklaryny goramak we berkitmek,

3. Işçilerin we olaryň maşgala agzalarynyň medeni-durmuş we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak,
4. Zähmetkeş toparynyň guramaçylyk çärelerini kämilleşdirmek we olara syýasy düşünje bermek.

Önümçiligiň zähmetkeş toparynyň durmuş üýtgeşmelerini geçirmek plany – bu kärhananyň işçilerini toparlara bölüp, olaryň tejribe, bilim we durmuş derejelerine üýtgeşmeler girizmekden ybaratdyr. Işçileriň tejribesini kämilleşdirmek üç görnüşde geçirilýär, olar;

1. Täze işçileri taýýarlamak we öwretmek,
2. Hünär derejesini ýokarlandyrmak,
3. Önümçilik tehnikalaryň ösmegi hem-de ylmyň gazananlaryny özleşdirmek bilen baglanyşykly tejribeliligi gaýtadan kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Kärhananyň işçileri bilim derejeleri boýunça hem toparlara bölünýär, olar: ýokary, ýörite taýýarlykly orta we orta bilimli işçiler. Olaryň hem bilim derejesine, şeýle hem işlän ýyllaryna we tejribesine laýyklykda bilim derejesini kämilleşdirmek boýunça çäreler düzülýär we geçirilýär.

Şeýle hem kärhanalarda zähmetkeş toparyň durmuş ýagdaýlary öwrenilip çäreler geçirmek planlaşdyrylýar. Ol durmuş şertler bilen baglanyşykly, ýaş çatynjalar we maşgala ýagdaýy durnukly derejelere bölmek bilen, ony gowulandyrmak we kämilleşdirmek boýunça çäreler düzülýär.

Işçileriň zähmetini goramak iş şertlerini gowulandyrmak we saglygyny gowulandyrmak plany – zähmet şertleriň howpsuzlygyny üpjün etmegi we zähmetkeş toparyň nähoşlamak we syrkawçylyk ýagdaýlaryny azaltmak çärelerini göz öňünde tutýar.

Zähmet şertleriniň howpsuzlygy – bu önümçilik döwründe işleriň gidişinde esasy üns merkezinde saklanmaly wezipeleriň biridir. Önümçilikde zähmet şertleriniň howpsuzlygyny gazanmak üçin:

1. Önümçilik döwründe zähmetiň ýagdaýyny we onuň tehnologiýasyny – tilsimatlaryny öwrenmeli.
2. Önümçilik gurallaryň, instrumentleriň we enjamlaryň zähmet howpsuzlyk ýagdaýyny bilmeli.
3. Önümçiligiň zähmet şertlerinde şikes ýetmezligiň öňüni almak üçin sanitar-gigiena, psihiki-aň zähmetiň guralşyna we beýleki zähmet şertlerine önümçilik döwründe gözegçilik geçirmeli.
4. Önümçilikde döreýän ýagdaýlary öz wagtynda düzetmek üçin zähmet şikesleriniň döreýşine seljerme geçirmeli we çäreler işläp düzmeli.

Önümçilikde döreýän şikesligi öwrenmegiň esasy sakasy (çeşmesi) – bular garaşylmadyk ýagdaýda döreýän betbagtçylygyň şikesler ykrar haty (akty), önümçilikde döreýän şikesler hasaba alynýan kitapça, şeýle hem kärhananyň tehniki-howpsuzlyk bölüminiň aýdalyk hasabatlary we resminamalary bolup durýar.

Seljerme geçirmegiň esasy şerti – bu önümçilikde şikes ýetmegiň sebäbini bilip we ony wagtynda düzetmekden ybaratdyr.

Önümçilikde zähmetkeş toparyň saglyk ýagdaýyny goramak ol hem esasy şetleriň biri bolup durýar. Oňa esasan önümçilik şertlerinde işleýän zähmetkeş topara daşky gurşawyň täsiri astynda, howa şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly köpçülikleýin näsaglyklaryň ýüze çykmagy täsir edýär. Ony bolsa gyssagly we guramaçylykly öňüni alyş çärelerini geçirmek boýunça işler alnyp barylmagy esasynda ýeňip geçmek bolar. Ony yzygiderli lukmançylyk gözegçiliginde saklamaly. Şular ýaly köpçülikleýin hem-de ýekebara näsaglyklaryň öňüni almak üçin her bir önümçilik kärhanalarynda saglygy goraýyş otaglary we bölümleri döredilýär. Bu bölümlerde ilkinji kömekleri bermek üçin ähli şertler döredilmelidir. Şeýle hem şertlendirilen ýörite saglyk öýleri bilen gatnaşykda bolup degişli tejribe alyş çärelerini geçirmeklik ýola goýulmalydyr.

Zähmetkeş topryň we olaryň maşgala agzalarynyň durmuş-medeni we ýaşaýyş-jemagat şertlerini gowulandyrmak çärelerini gurnamak planyny düzmek we ony durmuşa geçirmek Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygy astynda ýurdumyzda bellenilen maksatnamalaryň esasynda işlenilip taýýarlanylýar. Ol maksatnamalarda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady we medeni çäreleri açyk-aýdyň suratlandyrylandyr. Şol maksatnama esasynda her-bir kärhana, her-bir ulgam, her-bir pudak özleriniň iş meýilnamalaryny düzip maksada okgunly hereket etmeli. Ol maksatnamada Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen halkymyzyň, şol sanda zähmetkeş toparynyň durmuş şertleri bilen baglanyşykly ähli çäreler göz öňünde tutulandyr we hut özüniň ýolbaşcýlyk etmeginde üns merkezinde saklanýandyr. Muňa ýurdumyzyň günbatar böleginde, Hazar deňiziniň kenarynda ýerleşýän “Awaza” Milli syýahatçylyk zolagynda alynyp barylýan işler aýdyň şaýatlyk edýär. Munda her-bir pudagyň jogapkärçiliginde gurulýan dynç alyş merkezleri, saglyk şypahanalary güýçli depginde öz gurluşyk işlerini alyp barýar. Mundan gaýry ýurdumyzyň ähli künjeginde il-günümiziň we zähmetkeş toparynyň ýaşaýyş-jaý bilen ýpjünçiligini gowulandyrmak we täze jaýlary gurmak işini tizleşdirmek üçin ägirt uly massiwde gurluşyk işleri alynyp barylýar. Munuň sakasynda Hormatly Prezidentimiziň aýdan “Biziň raýatlarymyz nobatsyz ýaşaýyş jaý bilen üpjün edilmelidir” diýen ajaýyp sözleri we tabşyryklary durandyr. Hormatly Prezidentimiziň şu goldawlaryndan ugur alyp her-bir önümçilik pudaklary zähmetkeş toparyň bähbidini arap öndürüjilikli zähmet çekmelidirler.

Şol ýadawsyz zähmetiň netijesinde gazanylan sap girdejileri zähmetkeş toparyň durmuş-medeni şertlerine gönükdirmelidirler. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly zähmetkeş toparyň esasy wagty önümçilik bilen bagly bolup durýar. Şonuň üçin önümçilikde esasy şert işgär düzüminiň

agzybirligini hem-de birek-birek bilen gatnaşygnyň ysnyşykly bolmagyny talap edýär. Şol sebäpli kärhanalarda terbiýeçilik meselelerinde çäreleri işläp düzmeli we ony köpçülikleýin çäreler bilen utgaşdyryp amala aşyrmaly. Bu planlaşdyrylan çäreleri durmuşa geçirmekde kärhananyň şu aşakda görkezilen serişdeleri ulanylyp bilner, olara maddy we material höweslendirme serişdeleri durmuş-medeni çäreleri üçin serişdeleri, ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin serişdeleri, önümçiligi giňeltmek, durmuş ätiýaçlygy we kärdeşler arkalaşgynyň serişdeleri degişlidir. Şu agzalan maddy we material serişdeleriniň gaznasy zähmetkeş toparyň janypkeş zähmeti üçin olary höweslendirmäge we olaryň zähmet şertlerini kadalaşdyrmaga gönükdirilmelidir. Zähmetkeş toparyň janypkeş zähmetini gazanmak üçin şu aşakdaky esasy şertler berjaý edilmelidir:

1. Zähmet düzgün-nyzamyň berkidilmegi;
2. Zähmetkeş toparyň agzybirligi;
3. Zähmetkeş toparyň işden boş wagtlaryny guramaçylykly geçirmek.
4. Jemgyýetçilik çärelerini kämil gurnamak;
5. Olaryň maşgala agzalary baradaky edilýän aladalary güýçlendirmek.
6. Zähmet hem-de durmuş şertlerindäki adalatlylygy üpjün etmek;
7. Olaryň zähmete bolan ukybyna görä baha bermek.
8. Köp ýyllaryň dowamynda zähmet çeken işgärleriň höweslendirmelerini köpçülikde tapawutlandyrmak.
9. Önümçilik ukyplylygy bilen bagly zähmeti üçin tapawutlandyrmak.

Şu ugurda kärhanada alnyp barylýan durmuş-medeni çäreleriň ilkinjisi gönüden-göni önümçilik bilen bagly işçilere gönükdirmekdir. Şeýle hem höweslendirme serişdeleriniň aglaba bölegi ýaş hünärmenleri tejribelige çekmek ugurlaryna, ýagny olaryň önümçilik ugurdan tejribesini artdyrmaga we bilimlerini ýokarlandyrmaga

gönükdirilmelidir. Bu bolsa önümçilikde tejribeli işgärleriň artmagy bilen öndürijiligiň artmagyna we öndürilýän önümiň hiliniň ýokarlanmagyna itergi berýär. Şular bilen baglanyşykly kärhanalaryň girdejiligi artyp höweslendirme gaznasy durnuklaşýar. Höweslendirme gaznanyň durnuklaşmagy bilen önümçilikdäki zähmetkeş topary ýeňillikli ýagdaýda dynç alyş şypahanalara ugratmaga we önümçilik döwründe ýeňillikli iýmit bilen üpjün etmäge mümkinçilik döreýär. Ol hem kärhananyň şu ugurdan plan-meýilnamalary düzülende hökmany ýagdaýda göz öňünde tutulmalydyr. Umuman zähmetkeş toparyň durmuş şertlerini gowulandyrmakda göz öňünde tutulýan plan-meýilnamalar zähmetkeş toparyň zähmete bolan yhlasyny, höwesini we janypkeşligini ýokarlandyrmaga gönükdirilmelidir. Biziň ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen bu ugurlary kämilleşdirmekde uly mümkünçilikler döredilendir. Häzirki biziň asuda, parahat, agzybir ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda alynyp barylýan ähli medeni-durmuş çäreler diňe halkymyzyň, onuň her-bir raýatynyň eşretli durmuşda ýaşamagyna gönükdirilýändir. Ýurdumyzyň baş maksady Milli ykdysadyýetimiziň durnuklylygy bilen baglanyşykly öz raýatlarynyň ýaşaýyş, durmuş we zähmet şertlerini gowulandyrmak bolup durýar. Bu ugurda geçirilýän çäreler köp, geçirilmeli çäreler bolsa “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň Baş maksatnamalaryna” laýyklykda ondan-da köpdür. Bulary bolsa biziň ýaşlarymyz ürüç edip öwrenip gelejekde durmuşa ornaşdyrmakda esasy wezipe bolup durýar. Döwüriň ösmegi bilen halkyň islegi hem has artýar, şol sebäpli her-bir durmuş çärelerini döwrüň talabyna görä kämilleşdirmeli. Ony bolsa dünýä derejesinde ylmyň gazananlary bilen özleşdirip durmuşa geçirmeli. Ýöne ähli ýagdaýlarda-da ilkinji nobatda halkyň, zähmetkeş toparyň bähbidi göz öňünde tutulmalydyr.

Şonda biziň zähmete bolan yhlasymyzyň berkemegine öz itergisini berer.

## XIV. Önümçilik-hojalyk işlerini seljermegi gurnamak

Ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda, häzirki döwürde durmuşa geçirilýän çuň jemgiýetçilik-syýasy we durmuş-ykdysady özgertmeleriň barşynda özgerdişleri dowam etdirmek, mundan beýlägem döwleti durnukly ösdürmek we halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak üçin, ykdysady ýagdaýy durnuklaşdyrmagyň, önümçilik-hojalyk işleriniň ýagdaýyny kadalaşdyrmagyň meseleleri birinji derejeli ähmiýete eýe bolýar.

Önümçilik-hojalyk işlerini seljermek- bu kärhananyň iş netijeliligini öwrenmek we onuň bölümleri bilen bilelikde alyp baran işleriniň netijeliligini kesgitlemek. Seljermäniň esasy masady kärhananyň önümçilik-hojalyk ýagdaýyny öwrenip, onuň önümçilik netijeliligini artdyrmak üçin kesgitleýji çozgütleri görkezmek. Önümçilik-hijalyk işini seljermegiň esasy maksady, olar;

1. Kärhanada belli bir wagt-döwür aralygynda ýetilen sepgitlere we derejelere ykdysady hem-de kada taýdan baha bermek.
2. Meýilnama boýunça borçnamalary ýerine ýetirmekde dörän kynçylyklaryň we kemçilikleriň üstüni açmak.
3. Önümçilik işiniň netijeliligini artdyrmak boýunça gönükdürilen çäreleriň netijeliligini kesgitlemek.
4. Önümçiligiň tehniki we ykdysady ösüşiniň gelejekdäki mümkinçiliklerini tapmak.

Şu ýokarda görkezilen meseleleriň maksada laýyk geçirilmegi bilen, kärhananyň gelejekdäki alyp barjak önümçilik-hojalyk işleriniň çözgütleri kesgitlenilýär we

gönükdürji çäreler işlenip düzülýär hem-de durmuşa ornaşdyrylýar.

Kärhananyň önümçilik-hojalyk işinde ykdysady görkezijileri gowulandyrmak üçin seljerme döwründe täze öňdebaryjy tejribelilikler ýüze çykarylýar, şeýlelikde seljerme netijesinde ýüze çykan öňdebaryjy tejribelilikleri kärhananyň önümçiligine ornaşdyrylýar.

Önümçilik-hojalyk işini seljermegiň esasy maglumatlary statistiki, buhgalteriýa we gündelik hasabatlardan alynýar. Şol maglumatlaryň netijesinde önümçiligiň işini has-da kämilleşdirmek we gowulandyrmak meseleleri ýüze çykýar. Olary bolsa ýola goýmaklyk kärhana üçin gaýragoýulmasyz wezipe bolup durýar.

Kärhananyň önümçilik – hojalyk işini seljermek esasan deňeşdirme usullary arkaly alnyp barylýar. Olara:

1. Öňde goýlan önümçilik planlarynyň ýerine ýetirilşi bilen baglanyşykly deňeşdirme usuly.
2. Önümçilik kada we çäklendirmä görä alnyp barylmaly işler bilen baglanyşykly deňeşdirme usuly.
3. Önümçilikde ýerine ýetirilen işleriň geçen degişli döwür bilen baglanyşykly deňeşdirme usuly.
4. Ylmyň gazananlary esasynda özleşdirilen täze döwrebap tehnikalaryň peýdalanylşyny kesgitlemek bilen baglanyşykly deňeşdirme usullary degişlidir.

Nebit-gaz senagaty kärhanalarynyň önümçilik hojalyk işini seljermek, ol pudagyň önümçilik işleriniň çylşyrymlylygy bilen baglanyşykly özboluşly aýratynlyga eýe bolýar.

Nebit we gaz, geologiýa gözleg işleri kärhanalarynyň önümçilik hojalyk işlerini seljermek köp ätiýaçly gorlary bar bolan nebit-gaz ýataklaryny tapmak bilen baglanyşykly bolýar, şeýle hem gazylyp çykarylmaly nebitiň we gazyň çuňluklary we gatlaklary bilen bagly önümçilik işlerine seljerme geçirmek bolup durýar. Nebit-gaz ýataklaryny

burawlamak işlerini geçirýän kärhanalarda esasy iş buraw işlerini ýokary hilli derejede geçirip, çalt önümçilige tabşyrmak bilen bagly bolýar. Şonuň üçin ol kärhanalaryň önümçilik hojalyk işini seljermek öňde goýulan wezipeleri bökdençsiz amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolup durýar.

Geologiýa, nebiti we gazy çykarmak boýunça işleri alyp barýan kärhanalaryň önümçilik – hojalyk işini seljermek esasan öndürilmeli önümiň we ony ýerlemegiň netijesini öwrenmek bilen bagly bolup, ýokarda görkezilen usulyýetleriň ählisi peýdalanylýar. Ol kärhanalaryň nebiti we gazy çykarýan skwažnalarynyň görnüşleriniň dürli-dürli bolmagy bilen, ol ýerde seljerme işleri örän maksada laýyk alnyp barylmagy talap edýär.

Nebiti we gazy gaýtadan işlemek boýunça öndürilýän önümleriň görnüşlerini köpeltmek we onuň hilini dünýä derejesinde ýokarlandyrmak biziň ýurdumyzyň baş maksady bolup durýar. Şol sebäpli bu ugurda seljerme işlerini geçirmekde ylmyň gazananlaryny özleşdirmek we täze döwrebap tehnikalary peýdalanmak bilen bagly meseleleri çözmek esasy wezipä eýedir.

Biziň hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurt derejesinde geçirilýän ylmy-amaly maslahatlar şu ugurlary kämilleşdirmek boýunça esasy çäreleriň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagalasy bilen ýurdumyzyň önümçilik kärhanalarynyň ykdysady binýadyny berkitmek boýunça ägirt uly mümkinçilikler döredilendir. Şol ykdysady binýadyň düýbüni has-da berkitmek işlerini geçirmek, täze-täze mümkinçilikleri döretmek önümçilik kärhanalarynyň paýyna düşýär. Onuň üçin kärhanalaryň ykdysady görkezijilerini talaba laýyk ýerine ýetirip, täze üstünliklere ýol açmaly. Bu ugurda kärhananyň maliýe işleri hem durnukly bolmaly. Olary kesgitlemek önümçilik hojalyk işlerini seljermegiň paýyna düşýär. Önümçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde ykdysadyýet we maliýe ägirt uly orun tutýar. Ykdysady we maliýe serişdeleriniň paýlanyş

deňölçegleriniň seljermesi ykdysady we maliýe işleriniň baş wezipeleriniň biridir. Kärhananyň ykdysadyýet we maliýe hasabatlarynyň, hususan kärhanalaryň maliýe hasabatlarynyň ýeterlik binýady bar bolanda serişdeleri herekete getirmegiň dürli ugurlarynyň netijeligine, olaryň paýlanyş ugurlarynyň maksada laýyklygyna we esaslydygyna dogry baha bermek mümkin. Hasaba alşyň halkara tejribesinde kabul edilen ulgamyna geçmegiň döwlet maksatnamasynyň talaplaryny hasaba almak bilen emele getirilýän hasabat görnüşleriniň toplumy şeýle maglumatlar binýadynyň esasy bolup durýar. Hasabatlylygyň düzümi we mazmuny bazar ykdysadyýeti üçin möhüm bolup durýan hadysalaryň hojalyk birliginiň derejesinde beýan edilşine seljeriş çemeleşmesi arkaly kesgitlenýär. Gürrüň, ilkinji nobatda, görkezijileriň şular ýaly toparlary barada barýar; ýagny maliýe işiniň netijeleri, emlägiň möçberi we düzümi, peýda gazanjynyň paýlanyşy, durmuş harajatlar üçin çykdajylar, býujet bilen özara gatnaşyklaryň görkezijileri we başgalar. Bu möhüm görkezijileriň maliýe hasabatynda ençeme ýyllaryň dowamynda esasan ykdysady ýagdaýyň talaplaryny hasaba almak bilen beýan edilendigini bellemek gerek.

Ýurduň ykdysadyýet we maliýe gurşawynda soňky ýyllarda bolup geçen üýtgeşmeler ykdysadyýet we maliýe maglumatlarynyň görkezijiler ulgamyny, onuň hasabat üpjünçiligini, seljeriş usullaryny we düýpli derejelerdäki maliýe we ykdysadyýet bilen baglanyşykly dolandyryş çözgütleriniň kabul edilşini özgertmekligi talap etdi. Şonda ykdysadyýeti we maliýany dolandyrmak üçin zerur maglumatlary esasy taýýarlap beriji hökmünde önümçilik – hojalyk işini seljermek bolup durdy. Şoňa görä oňa bildirilýän talaplar ýokarlandy.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň hereket edýän döwlet hasabatlylygy maglumatlaryň möhüm ugurlar boýunça ýygnalmagyny we işlenmegini talap edýär.

Milli hasaplar ulgamynda ilkinji derejedäki maliýe balanslaryndan paýlaýyş amallaryna geçirilmegi bu günki gün kärhanalaryň maliýesiniň görkezijileriniň olaryň işine maliýe ykdysady taýdan seljermeklige uýgunlaşdyrylmagyndan ybaratdyr.

Milli hasapçylygyň aýratynlygy girdejiniň, emlägiň we maýa emele gelşiniň arasynda takyk özara baglanyşygyň belli edilmegidir. Girdejini we emlägi özara baglanyşykly ugurlar bilen deňeşdirmek mümkin; ýagny gazanylan girdeji näçe köp bolsa, eýeçilikdäki emlägi köpeltmegiň mümkinçiligi şonça-da köpdür, eger-de onuň tersine girdejiniň ýerine zyýan (ýitgi) çekilen halatynda kärhana degişli emläk öz-özünden azalýar.

Milli hasaplar ulgamynyň usulyýeti maliýe – ykdysady seljermäniň emlägi we eýeçiligi takyk düzgünleşdirýän mehanizme eýedir. Milli hasabatyň seljermesi esasan kärhananyň serişdeleriniň ykdysady aýlanyşygynyň balansynyň kömegi bilen çözülip bilner. Ykdysady aýlanşygy balansynyň usulyýetiniň esasy, diňe milli hasaplaryň halkara derejesinde ykrar edilen usulyýeti bilen çözülip bilner.

Milli hasaplar ulgamyny kabul etmek bilen, ykdysadyýetiň ähli derejelerinde ondan goldanmak gerek, munuň özi ykdysadyýeti öwrenmäge we dolandyrmaga ulgamlaýyn çemeleşilmegine ýardam berýär. Milli hasapçylygyň aýratynlygy girdejiniň, emlägiň we maýa emele gelşiniň arasynda takyk özara baglanyşygy görkezýär. Ykdysady aýlanşyk balansy üçin giriş maglumatlar bolup, buhgalterçilik hasaba alşyň hasaplaryndaky galyndylaryň we dolanşyklaryň serişdeleri degişlidir. Çykyş maglumatlar bolup, milli hasapçylygyň görkezijileri, alnan girdeji, maýa emele geliş, sap karzlaşdyryş we sap karz alyş degişlidir. Ykdysady aýlanyş balansy düzmegiň ugur alyş esasy diňe bir hasaplardaky galyndylar däl, eýsem ähli hasaplaryň hasabat döwründäki algy we bergi (D/t-K/t) boýunça dolanşyklarynda öz içine alýan ykjam düzülen buhgalterçilik balansydyr.

Şeýlelik bilen, ykdysady aýlanşyk balansyny gurmak üçin ugur alyş materialy bolup, buhgalterçilik hasaba alşyň maglumatlary hyzmat edýär. Ol maglumatlary görnüşe getirmek, ýagny şol maglumatlar toplumynyň ýazgy görnüşleri Döwlet maglumatlar ulgamynda işlenip düzülýär we degişli gulluklar tarapyndan tassyklanylýar. Çünki ony peýdalanyjylar kärhanalaryň hasaplaýyş we seljeriş işlerini geçiriji hünärmenlerdir.

Şol görnüşler esasynda ýokarda durýan dolandyryş edaralar, maglumatlar ulgamy, ylmy-barlag guramalary we kärhanalaryň bilermenleri buhgalterçilik hasaba alyş boýunça maglumatlara ykdysady seljerişi, teklipleri işläp düzmek, degişli çözgütleri kabul etmek üçin çäreleri işläp düzýärler. Buhgalterçilik hasaba alşyň maglumatlary işlenmedik görnüşde ykdysady seljeriş üçin az ýaramlydyr hem-de olary dolandyryjylaryň we ykdysatçylaryň giň toparlary peýdalanyp bilmeýärler. Bu bolsa kärhananyň guramaçylygynyň pesligini aňlatmak bilen, kärhananyň dolanşygyndaky ykdysady meseleleriň çözgütlerini kynlaşdyrýar. Şeýle hem bu önümçiligiň netijeliginiň derejesini, ösüşini kesgitlemek we deňeşdirme seljermesini geçirmek üçin bökdençliklere ýol berýär. Bu ýagdaý düşewüntligiň häzirki wagtda hereket edýän, peýdanyň düşýän gymmata, ýa-da öz maýasyna gatnaşygyna esaslanýan görkezijileri kärhanalaryň köp sanysynyň zyýan  çekýändigi zerarly dogry maglumat bermäge ýaramsyzdyr. Kärhanalarda ykdysady we maliýe hasabatlary doly we dogry ýöredilen halatynda ol önümçiligiň netijeligini açyk-aýdyň görkezýär. Hasaplamalaryň uzyn zynjyrjygy netijesinde galyndy alynýar. Ykdysady aýlanşyk balansynda hasaplamalary şol bir galyndy getirýärler, ýagny hemme serişdeler bir ýere jemlenýär we gözden salynmaýar.Tölegler üçin ähli hasaplanan serişdeler bir ýere toplanýar. Netijede: “Näme bardy?”, “Näme boldy?”, “Bar zatlar nirä gitdi?” diýen ýaly sowallara jogap bermek mümkin bolýar.

Ykdysady aýlanyşyk balansyň nusgasy, seljeriş üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Ol ýerde maliýe we material serişdeleriniň deňeşdirilip görülmegi kärhananyň emläginiň üýtgewsiz we artýan halkany seljermeginde uly mümkinçilik döredýär.

Ykdysady seljermäniň esasy netijesi ösüşiň sudurlaryna gözegçilik etmek üçin hojalyk ýöretmegiň ýönekeý düzgünlerini bozmaly däl, iň bolmanda tölegler boýunça girdejileriň hasaplanylyşyny öndürilen girdeji bilen, maýanyň düzümini kesgitläp, maliýe-ykdysady durnuklylygy ýaramažlaşdyrman saklamaly. Önümçilik-hojalyk işini seljermek kärhananyň netijeliligini görkezýän esasy gural bolmak bilen, onuň guramaçylyk işine kärhananyň ähli bilermenleriniň gatnaşmagyny talap edýär.

Biziň ýurdumyzda nebit we gaz senagatynyň, umumy uglewodorot serişdeleriniň maksada laýyk çözgütlerini tapmakda önümçilik-hojalyk işini seljermek usuly giňden gerim alandyr. Şeýle hem biziň ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda her-bir geçirilýän ylmy-amaly maslahatlaryň çözgütleri önümçilik-hojalyk işiniň seljerme maglumatlary esasynda amala aşyrylýar.

Önümçilik-hojalyk işini seljermegiň netijesi kärhananyň ähli, ýagny önümçilik we önümçilik däl gurşawlary boýunça geçirilmeli her-bir edilen hem-de edilmeli işleriň netijeliligini kesgitleýär. Husuanda;

Önümçilik gurşawy boýunça- önümiň öndürülişini, onuň ýerlenişini, önümiň we ýerine ýetirilen işleriň hilini, zähmet öndürjilgiginiň derejesini, zähmetiň kadalaşdyrylyşyny, iş wagtynyň peýdalanylyşyny, zähmetkeş toparyň zähmet hak töleglerini, olaryň iş şertlerini, önümiň özüne düşýän gymmatyny, peýda gazanjynyň emele gelişini, onuň peýdalanylyşyny, algy-bergi we malye serişdeleriniň dolanşygynyň ygtybarlylygyny kesgitleýär.

Önümçilik däl gurşaw boýunça- zähmetkeş toparyň medeni-durmuş ýagdaýyny, ol ugura bölünip berilen

serişdeleriň peýdalanyşyny, iş ýerleriniň agyr we zyýanly şertleriniň kämilleşdirilişini, zähmetkeş toparyň zähmetini goramak şertleriniň alynyp barylyşyny hem-de daşky gurşawy goramak we ony aýawly saklamak boýunça geçirilen çareleri hem-de geçirilmeli çareleri kesgitleýär.

Şu nukdaý nazarda seljermelerden gelip çykan hem-de dörän meseler esasynda önümçiligiň işini kämilleşdirmek we zähmetkeş toparyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça esasy çäreler işlenip düzülýär.

Biziň Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasy we medeni ideologiýalary-ýörelgeleri halkyň hal-ýagdaýyny, olaryň dürmuş şertlerini gowulandyrmakdan ybaratdyr. Bu işleri ýola goýmak we durmuşa geçirmek ücin her-kim öz ornunda zähmete we durmuşa hormat goýup, janypkeş zähmet çekip ýaşamalydyr.

Önümçilik-hojalyk işini seljermekde iň esasy bellemeli zat, ol hem önümçilikde zähmet çekýän her-bir işgär önümçilikde-kärhanada dörän säwlikleri deňinden geçirmeli däldir. Ol meseleler şol wagt, önümçilik döwründe düzedilse, ýola goýulsa, çäreler görülse pudagyň ösmegine, kämilleşmegine hem-de zähmetkeş toparyň iş şertleriniň, durmuş şertleriniň gowulanmagyna özüniň oňaýly täsirini ýetirýär. Bu işleri ýola goýmakda ylmyň gazananlaryny kärhananyň her-bir ugurlary boýunça öz wagtynda özleşdirilse, pudakdaky alynyp barylýan işleriň hiliniň hem-de öndürjiligiň has-da artmagyna ýardam berýär.

Önümçilik-hojalyk işiniň seljermesiniň esasy netijesi, bu önümçilikdäki döreýän kynçylyklary we säwlikleri ýüze çykaryp, ony düzetmegiň ýollaryny işläp taýýarlamakda we gelejekde önümçiligiň sazlaşykly hem-de kämil ýagdaýda hereket etmegine uly itergi berýär.

## XV. Daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmagy gurnamak

Daşky gurşawy goramak durmuş-ykdysady gatnaşyklarda örän uly we wajyp oruna eýedir. Önümçilik-hojalyk şertlerinde adamzat tarapyndan her-hili görnüşde tebigata köp tarapdan täsir edilýär. Tebigata täsir edilmegi netijesinde daşky gurşaw üýtgeýär. Adamzat ýaşaýşynyň dowamaty tebigat bolup durýar. Tebigat adamzady ekleýär, saklaýar, ulaldýar we durmuş gatnaşyklaryna gönükdirýär. Tebigat arassa, asuda, parahat we tämiz bolmasa durmuş we ýaşaýyş şertleri hereketsizlige duçar bolýar. Durmuş we ýaşaýyş şertlerine gerek bolan ähli serişdeler tebigatyň eşreti, tebigatyň baýlygy bilen üpjün bolýar.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan alnyp barylýan syýasy ýörelgeleriň iň esasysy daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak bolup durýar. Bu ugurda hormatly Prezidentimiz dünýä derejesinde öz ygtybarly syýasatyny ýöredýär. Dünýä derejesinde daşky gurşawyň üýtgemeginiň öňüni almak üçin toplumlaýyn işleri geçirýär. Tebigaty goramagyň hökmanylygy bu durmuşyň we ýaşaýşyň dowamatydyr. Tebigaty goramagyň we onuň baýlyklaryny rejeli peýdalanmagyň ýollary "Türkmenistanda ýeri ulanmak hakyndaky" kanunda örän aýdyň kepillendirilendir. Onuň içine oba hojalyk ekinlerini saklamak, erroziýadan ýeri goramak, ýeri rekultiwasiýa etmek, olary ýumrulmaklardan, düzlenmekden, guramakdan goramak, öwezini dolup bolmajak gerekli gazylyp alynýan känleri toplumlaýyn özleşdirmek işler girýär.

1974-nji ýyldan başlap, pudaklaryň planlarynda "Daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary we rejeli peýdalanmagyň planlary" ýörite bölüm hökmünde göz öňünde tutulandyr. Ol bolsa şu ugurda pudaklaryň işeňňirleşmegini talap edýär.

Uglewodorod serişdeleri bolan nebit, gaz we himiýa önümleri bilen işleýän senagat pudaklary, bular howany, ýeri, suwy we umumy tebigaty hapalaýan hem-de zaýalaýan esasy çeşmedir. Önümçiligiň ösmegi, nebit we gaz senagatynyň işleriniň çylşyrymlaşmagy, nebit we gazy taýýarlamagyň hiline edilýän talabyň güýçlenmegi galyndylaryň köpelmegine eltýär.

Nebit we gazyň, umumy uglewodorot serişdeleriniň hiliniň üýtgemegi daşky gurşawyň hapalanmagyna-zaýalanmagyna eltýär. Nebit we gaz senagatynda daşymyzy gurşap alýan tebigaty goramak üçin dürli kämilleşdiriş çäreleri geçirilýär. Olaryň esasylary:

1. Howa we suwa goýberilýän galyndylary täze tilsimatlar esasynda kadalaşdyrmak.
2. Nebit we gaz önümleriniň tüsse görnüşindäki gazlaryny azaltmak we ekologiýa taýdan zyýanlaşdyrylmagyny kemeltmek çärelerini durmuşa geçirmek.
3. Nebit we gaz önümleriniň ýitgilerini çäklendirmek, ýagny rezeriuarlary, saklamhanalary, drenaž gurluşuklaryny, nasos serişdelerini germetizlemek-zyýansazlyndyrmak çarelerini geçirmek.
4. Howa göýberilýän zyýanly tüsse gazlaryny azaltmak, ýagny tüssesiz fakel gurumlary, ýokary öndürijilikli gazy we tozany alyp galýan gurallaryň kämilleşdirilen görnüşlerini gurmak.
5. Arassalaýjy enjamlary tehniki taýdan güýçlendirmek, ýagny mehanikanyň ýerine fiziki-himiýa we biologiýa arassalaýjy enjamlary özleşdirmek, inçe gaşly atstoýnikleri we öz-özüni arassalaýan filterleri-süzüjileri döretmek işlerini geçirmekdir.

Biziň ýurdumyzda, häzirki wagtda ähli önümçilik pudaklarynda arassalaýjy enjamsyz önümleri öndürmäge, işleri ýerine ýetirmäge ýol berilmeýär. Şunuň bilen

baglylykda çig nebitiň we nebit önümleriniň, gazyň ýitgilerini azaltmaga degişlilikde, nebitiň we gazyň düzümindäki gerekli zatlary dolulygyna almakdan ybaratdyr. Tebigaty goramakda ýene-de bir esasy edilmeli işler, ol hem nebit, gaz, suw çykarýan guýularyň her-hili sebäplere görä hatardan çykarylýanlaryna ýokary derejede germetizirlemek işlerini geçirmek degişlidir. Tebigy serişdeleri rejeli – maksada laýyk peýdalanmak uglewodorod serişdelerini çykarýan we ony gaýtadan işleýän pudaklarda kada we çäklendirme esasynda netijeli işler amala aşyrylmalydyr.

Senagat kärhanalarynda tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, ol hem ylmyň gazananlary bilen berkidilen kadalary we çäklendirmeleri berk berjaý etmek bilen örän baglanşyklydyr. Bu ugurda nebit-gaz senagatynda alnyp barylmaly işler talaba laýyk gurnalandyr. Çig maly ulanmaklygy gowulandyrmakda esasy ugurlar, ol hem ylmyň gazananlary bilen özleşdirilen tehnologiýalary talaba laýyk berjaý etmek, bu işleri yzygiderli we maksada laýyk berjaý etmek üçin kärhanalarda bu ugurlar boýunça iş planlary we çäreleri düzülýär. Şol esasynda degişli bölümler we guramalar tarapyndan gözegçilikde saklanýar. Tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagy kärhanalarda baş maksat bolup durmaly.

Daşky gurşawy goramak baradaky geçirilmeli çäreleri – işleri planlaşdyrmagyň esasy maksady daşymyzy gurşap alýan tebigatyň hapalanmagynyň öňüni almak we tebigy serişdeleri öňküden hem tygşytly ulanmakdyr. Ýyllyk plan işlenilip taýýarlanylanda şu aşakdaky esasy görkezijiler girizilýär:

1. Çäreleriň we gönükdirjileriň atlary.
2. Işiň maksady we çäreleriň özleşdirilmeli ýeri.
3. Işi we çäreleri esasy gurnaýjylar we ýerine ýetirijiler.
4. Çäräniň we işiň başlanýan hem-de tamamlanýan wagty.

5. Plan boýunça ähli işiň bahasy we onuň harajatlary.
6. Çäreleriň esasy ugurlary, hususanda, suw serişdelerini goramak we tygşytly ulanmak, howa giňişligini goramak, ýeri goramak we tygşytly ulanmak, mineral serişdeleri goramak we tygşytly ulanmak.

Işlenip taýýarlanylan plan-meýilnama ýokary guramalar tarapyndan ylalaşylyp, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar.

Suw serişdelerini goramak we tygşytly ulanmak baradaky geçirilmeli işlerde ýeriň üstündäki we astyndaky sywlary ulanmaklygy azaltmak ugrunda anyk ýollar görkezilýär. Ol hem ulanylan suwlary gaýtadan ulanmak, gaýtarmasyz we öndürüjiliksiz suwlaryň ýitgilerini azaltmaklyk, önümçilige ulanylan suwlary ýygnap gaýtaryp bermegi ýola goýmak, ondan başgada güýçli minerallaşan we başga suwlary arassalamak-drenaž arkaly amala aşyrylýar. Tebigy suw serişdelerini goramak we ony tygşytly peýdalanmak çäreleri düýpli öwrenilip maksada laýyk geçirilmelidir. Nebit we gaz senagatynda suwuň ulanylyşyny azaltmak barada toplumlaýyn işler geçirilýär. Esasanda, nebit bile çykarylan ýer asty suwlary, ýer asty basyşy saklamak üçin ulanylýar. Suw serişdelerini tygşytly ulanylmakdaky geçirilýän işlere, Hazar deňzinden ýörüte akdyryjylar arkaly Uzen käniniň astyna deňiz suwuny akdyrylyşy muňa gaty gowy mysal bolup biler. Şu bölümiň esasy görkezijilerine aşakdakylar girýär;

1. Suw haýaty- çeşmelerden, kanallardan, köllerden, guýulardan, şäher suw geçirijilerinden, ýerasty çeşmelerden we başgalar (transport edilendäki ýitgileri göz öňünde tutmak bilen) sarp edijiniň suw haýatlaryna alýan suwlary.
2. Suwy sarp etmek (suwy ulanmak) – her hili ugurlar üçin sarp edijiniň öňüne gerek bolan suwunyň her-hili görnüşleri boýunça umumy mukdary (önümçilik

üçin, oba hojalyk ýerlerini suwarmak üçin, hojalyk we jemagat hyzmatlar üçin).

3. Suwy aýyrmak (galyndy suwlary aýyrmak) – özüniň çykyşy we häsiýetine garamazdan ýöne suw howdanlaryna aýrylýan hemme görnüşdäki galyndy suwlaryň mukdary (önümçilikden, jemagat hyzmatyndan, şahtlardan we başgalar).
4. Suwy öwrümleýin ulanmak – sany boýunça täze suwlary çalyşyp bilýän öwrümli suwlar arkaly üpjün edilýän suwlaryň çykdajysy.
5. Suwy gaýtadan yzygiderli ulanmak – gaýtadan işlenilip ulanylýan suwuň mukdary, arassalaýan ulgamlarda arassalanan suwuň mykdary, ýagyş galyndylarynyň we başga suwlaryň mukdary.
6. Başga edaralara we guramalara suwuň berilmegi – önümcilige, arassalanmaga, ýok edilmäge ýa-da lagym geçiriji ulgamlaryň suwlaryny arassalamak we ýok etmek üçin başga guramalara berilýän suwlaryň umumy mukdary.
7. Zyňyndy suwlardan gymmatly zatlary almak – edaralarda özbaşdak önüm üçin ulanylýan ýa-da başga edaralara gaýtadan işlemek üçin berilýän suwlardan alynyp galynan zatlaryň bahasy.

Planyň birinji bölümindäki edilmeli işiň esasy maksady, tehnologiýa we sowatmak üçin ulanylmaly suwy, zyňyndy suwlaryň iň ýokary derejede tygşytly ulanmagyň hasabyna täze suwlaryň iň az derejä çenli gerekligini azaltmakdyr.

Howa boşlugyny goramakdaky edilýän iş hemme stasionar çeşmelerden çykýan hapalaýjy gazlardan adamy we tebigaty goramakdyr. Ol hem arassalaýjy enjamlaryň tehnologiýa taýdan kämilleşmegine baglydyr, meselem olara: gaz arassalaýjy we tozan sorujy enjamlar, tüsse sorujy, gaz ýuwujy, ümür arassalaýjy we başga hapa jisimleri alyp gaplaýan we arassalaýan enjamlar girýärler.

Nebit we gaz senagatynda howa boşlugyny goramakdaky edilmeli işlere aşakdakylar girýärler: nebiti we gazy ýygnalýan, saklanýan, täzeden işleýän enjamlary germetizirlemek, nebitden çykýan gazlary almak, fakelleri ýok etmek, içinden ýanýan dwigatelleri ulanmak arkaly skwažnalar burawlananda çykýan gazlary ýygnamak we ş.m. girýärler.

Howa boşlugyny hapalaýan stasionar çeşmelerden başga hem hereket edijiler bardyr – olara esasan ulag (transport) serişdeleri girýärler. Bu taýda howany hapalanmazlyk içinde ýanýan dwigatelleriň sazlygyny gazanmak arkaly, hapalaýjy gazlary alyp galýan enjamlary işläp çykarmak we olary durmuşa geçirmek arkaly gazanyp bolar.

Bölümiň esasy görkezijilerine aşakdakylar girýärler:

1. Stasionar hapalaýjy çeşmelerden çykýan hapalaýjy jisimleriň sany – wentilirlenýän howadaky tehnologiýa gazlarynyň hapa jisimleriniň sany;
2. Alyp galynýan we arassalanan jisimleriň sany – gaz arassalaýjy we tozany alyp galýan enjamlardaky hapa jisimleriň sany;
3. Atmosfera stasionar hapalaýjy çeşmeleriň zyňýan hapa jisimleriniň sany;
4. Hereket ediji (transport) çeşmeler hereket etdiriji dwigatellerden çykýan gazlaryndaky hapa jisimleriň sany we başgalar.

Planyň üçünji bölüminde ýeri goramaklyk we tygşytly ulanmaklyk baradaky edilmeli işler görkezilýär. Olar öz gezeginde ýeriň oba hojalyk öwrüminden çykmagynyň azalmagyna kömek edýär. Olar öz içine hojalyk guramaçylyk, agrotehniki, tokay melorasiýasy häsiýetli ýeri eroziýadan, sillerden, guramaklykdan we başga zyýanly zatlardan gorap saklap, oba hojalyk ýerleriň hasyllylygyny we öndürjiligini ýokarlandyrmaklyk ýaly toplumlaýyn işlerden ybaratdyr. Şol işleriň esasy gönüşlerine gök tokaýlary döretmeklik,

gidrotehniki enjamlary gurmaklyk senagatda ulanylandan soň, oba hojalykda ulanylar ýaly ýerleri ilkibaşdaky katdyna ýetirmeklik (ýerleri rekultiwasiýa etmek) ýaly işler girýärler.

Nebit we gaz senagatynda burawlanan känleriň işleýän wagty tokaýlaryň çapylmagyny, ekinleriň zaýalanmagyny azaltmak barada uly işler geçirmeklik gerekdir. Skwažnalar gurulyp bolnandan soň, şol işler üçin bölünip berilen ýerlerde rekultiwasiýa işleri alynyp barylýar. Ýerleriň öndürijilikli gatlaklaryny öňki katdyna getirilýär we hapalardan arassalanylýar.

Ýerleri goramak baradaky geçirilmeli işler, aşakdaky görkezijilerden ybaratdyr;

1. Tokaýlardan ybarat bolan zolaklary döretmek – ýerleri suw we el eroziýalardan, guraklyklardan goramaklyk üçin bag nahallaryny ekmek baradaky edilmeli işleriň mukdary;
2. Eroziýa garşy gidrotehniki we sillere garşy gatlaklary gurmaklyk, suwlaryň opurmazlygy üçin we suw saklanýan ýerleriň çökmezligi üçin inžener enjamlarynyň mukdary we şuňa meňzeşler.
3. Ýerleri rekultiwasiýalaşdyrmak – gerekli meýdanlary gazylyp alynandaky, geologiýa we agtaryş, gurluşyk işlerindäki (opurluşyklardan, zyýanly galyndylardan boşan ýerleriň dikeldiş işleri girýär) bozulan ýerleri halk hojalygynda ulanmak üçin dikeldiş we öňki kaddyna getirmek işleriň mukdary we şuňa meňzeşler.

Mineral serişdeleri goramak we tygşytly ulanmak üçin geçirilmeli işleri planyň dördünji bölüminde görkezilýär. Olar ýerasty gymmatlyklary gazylyp alynýan känleri ulanmakdaky ugurlaryň we usullaryň öňe gitmekligini üpjün etmelidir. Mineral serişdeleri tygşytly ulanmaklyk ýerastyndan gazylyp alynan gymmatlyklaryň bollugyna baglydyr. Nebit we gaz pudaklarynda mineral çig maly goramak we tygşytly ulanmaklyk aşakdaky toparlara bölümýär:

1. Geologiýa äriýaçlyklardan nebiti we gazy amiýaklaryň derejesini ýokarlandyrmak, ýagny nebitiň we gazyň alynyşyny ýokarlandyrmak.
2. Nebit we gaz känleriniň ulgamynda tehnologiýa düzgünleriniň bozulmagy zerarly suw almaklygy duýdurmak.
3. Skwažnalar burawlanan wagtynda tehnologiýa şertleriniň bozulmagy zerarly açyk nebit we gaz çüwdürimlerini.
4. Nebit we gaz çykarylanda, taýýarlanylanda, transportirlenende we işlenilende ýitgileri ýok etmeklik.
5. Nebiti we gazy täzeden işletmekligiň çuňlugyny ýokarlandyrmak.
6. Nebiti we gazy ýangyç üçin ulanmaklygy peseldip, nebiti himiýa üçin çig mal hökmünde ülanmaklygy güýçlendirmek.

Bölümiň plan görkezijilerine aşakdakylar girýär:

a). Ýerasty gymmatlyklaryň gazylyp alynmagyny ýokarlandyrmak-ýerasty gazylyp alynýan gymmatlyklaryň göterimini (%-ni) ýokarlandyrmak;

b). Mineral çig malyň gazylyp alynýan wagtynda ýol ugra komponentleriň alnyşynyň göterimini (%-ni) ýokarlandyrmak.

Ýer astyny goramakdaky geçirilmeli işlere, ilkinjiden olar açylan wagtynda önümli, suwly gatlaklary goramaklygy we her-hili sebäpler boýunça ýok edilýän skwažnalaryň ýokarsyny germetizlemekligi üpjün etmelidir. Ýer astyny goramakdaky iň wajyp şertleri- taslamada göz öňünde tutulan skwažnalaryň şertlerini gyşarnyksyz ýerine ýetirmeklik, burawlanýan skwažnanyň gönüden-göni ýer astynda göz öňünde tutulan tegelege degmeklik. Nebit we gaz känleri gyşarnyksyz taslamalardaky we tehnologiýa-tilsimat şekillerdäki şertler esasynda ulanylmalydyr.

Daşymyzy gurşap alýan tebigaty goramaklyk üçin we tebigy serişdeleri tygşytly peýdalanmak üçin edilmeli işlere gaty kän malyýe serişdeler goýberilýär. Şol edilmeli işleriň maliýe çeşmesi – ortaklaşdyrylan düýpli goýumlardan gelýär. Şol işleri durmuşa geçirmeklik ykdysady netijäni üpjün edýär.

Ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak yurt derejesinde üns merkezinde saklanýar. Daşky gurşawy goramak we tabigy serişdeleri rejeli peýdalanmak bu durmuş şertleriniňiň iň esasy özeni, ýaşaýşyň bolsa dowamaty bolup durýar.

## XVI. Pudagy dolandyrmak

Önümçilik kärhanalary, önümçilik birleşikleri öz ulgamynda – garamagynda dürli tehnologiki desgalary, maşynlary, tehnikalary, stanoklary, awtoulaglary, energetiki serişdeleri, zähmet gurallaryny, şeýle hem köp sanly zähmetkeş topary jemleýändigi sebäpli onuň gurluşy örän çylşyrymly bolup durýar. Şonuň üçin kärhananyň ähli ugurlary boýunça gatnaşyklar jebis hem-de sazlaşykly alynyp barylmalydyr. Şunuň bilen baglylykda önümçilik we zähmet guramaçylygy berkeýär hem-de kämilleşýär. Şu işleri yzygiderli, bökdençsiz ýerine ýetirmek üçin önümçilik – hojalyk işini dolandyrmak meselesi ýüze çykýar.

Kärhanalary dolandyrmak, bu birnäçe funksiýalary – wezipeleri öz üstüne alýar. Olar, esasan önümçiligi planlaşdyrmak, önümi öndürmek we ony ýerlemek, önümçiligi sazlaşdyrmak, utgaşdyrmak, guramaçylyk, hasabat we gözegçilik işleriniň çözgütlerini toplamakdan ybaratdyr.

Kärhanany dolandyrmagyň ilkinji wezipesi önümçiligi planlaşdyrmak – bu önümçiligiň ähli ugurlary boýunça edilmeli işleriň we ýetilmeli derejeleriň meýilnamalaryny işläp taýýarlamak.

Önümi öndürmek we ony ýerlemek – bu dolandyrmagyň döredijilikli ugurlary bolup, önümçilik planlarynyň çözgütlerini we çärelerini taýýarlap ýerine ýetirijilere habar berip, talap etmek.

Sazlaşdyrmak we utgaşdyrmak – bu önümçilik planlarynyň we işlenip taýýarlanan meýilnamalaryň bökdençsizligini gazanmak üçin degişli bölümlere goltgy bermek.

Guramaçylyk – bu dolandyrmagy herekete getirmegiň bir görnüşi bolup, dolandyryjy guramalaryň we gurluşyň düzümini berk aragatnaşykda saklamagy ýola goýýar, ýagny dolandyryş döwründe işlenilip taýýarlanylan meýilnamalaryň we planlaryň ýerine ýetirilşine gözegçilik etmekde we barlag geçirmekde dolandyryş wezipeleriň – funksiýalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Hasabat – bu wezipe ýerine ýetirilen işiň belli bir döwür aralygyny kesgitleýän gözegçilik bolmak bilen, ol dolandyryş wezipeleriň ähli ugurlary bilen aragatnaşyk saklaýar, ähli alynyp barylýan işleriň möçberini kesgitleýär.

Şeýlelikde kärhanany dolandyrmak bu, önümi öndürmek we şonuň bilen bagly ähli işleri ýerine ýetirmekde zähmetkeş toparyň alyp barýan işlerini maksada laýyk gönükdirmek, sazlaşdyrmak we utgaşdyrmak bilen bagly bolup durýar.

Biziň Garaşsyz we baky Bitarap ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda pudagy, kärhanany we bölümleri dolandyrmak işleri örän sazlaşykly amala aşyrylýar we talaba laýyk ýerine ýetirilýär. Bu ugurda kärhanalara ylymly, bilimli, tejribeli we zähmetsöýer adamlary işe çekmek ýola goýulandyr. Önümçilikde işleýänleriň bolsa ylym we zähmet derejesini kämilleşdirmek işleri amala aşyrylýar.

Kärhananyň netijeli işlemegi esasan önümçiligi dolandyrmagyň usulyýetleri bilen kesgitlenilýär. Ol usulyýetler esasan:

1. Kärhananyň we onuň bölümleriniň zähmetkeş toparlarynyň maksada okgunly we agzybir zähmet çekmeklerinden;
2. Öndürilýän önümleriň, ýerine ýetirilýän işleriň deň derejede we yzygiderli alynyp barylmagyndan;
3. Kärhanada alynyp barylýan işlerde ýalňyşlyklar göýbermän, onuň durnukly hereket etmegini gazanmakdan ybaratdyr. Şeýle hem dolandyrmagyň usulyýeti önümçilik toparynyň alyp barýan işleriniň görnüşlerine we maksadyna laýyklykda, guramaçylyk, adminstratiw-hukuk, ykdysadyýet we durmuş – aň düşünjelerine bölünýär. Ähli dolandyryjy usulyýetler topary biri-birleri bilen berk arabaglanyşykda bolup, olar kärhananyň kadaly dolandyrylmagyna gönükdirilendir. Bu usulyýetler önümçiligiň ösmegi, onuň durkunyň täzelenmegi we kuwwatlandyrylmagy bilen ýyl ýyldan kämilleşdirilýär.

Kärhanany dolandyryjy düzüm öz alyp barýan iş görnüşlerine, möçberine we ýörüteleşdirilen ugurlaryna laýyklykda dürli-dürli bolýarlar. Olar mysal üçin, buraw işlerini geçirýän kärhanalarda şu aşakdaky görkezilen şekil görnüşinde suratlandyrylýar. Buraw işlerini geçirýän kärhananyň gurluş düzimi: Şekil-1



Kärhananyň başlygy- ol kärhanany dolandyrmagyň umumy ýolbaşçylygyny we önümçilik-hojalyk işleriniň jogapkärçiligini öž üstüne alýar. Oňa esasan bu ugurda, önümçilik-hojalyk işlerini ýöretmekde, zähmetkeş toparyň zähmetini goramakda, hereket edýän tehnikalary kämilleşdirmekde, ylmyň gazanan täze döwrebap tehnikalaryny önümçilige ornaşdyrmakda we beýleki guramaçylyk meselelerini çozmekde kärhananyň bölümleri we orunbasarlar kömek berýär. Şol bir wagtda kärhananyň ähli zähmetkeş topary onuň netijeli çykaran görkezmelerine tabyndyrlr.

Baş inžener- ol önümçilik işiniň esasy ugurlary bolan, önümçiligi, tehnikalary we tehnologiýalary kämilleşdirmekde guramaçylyk işlerine ýolbaşçylyk edýär. Ol ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmakda, onuň netijeliligini gazanmakda we tehniki düzgünleriň dogry – talaba laýyk alynyp barylmagynda doly jogapkär bolup durýar. Onuň bölümleri öz jogapkär ugurlary boýunça netijeli görkezmelerene tabyndyrlar.

Baş geolog- nebit-gaz ýataklarynyň gözleg-agtaryş işlerine, buraw işleri geçirilýän döwürde, şeýle hem skwažnalaryň barlag işlerine geologiki tarapdan gözegçilik edýär. Şol işler alynyp barylýan döwürde geologiki tarapdan ýolbaşçylyk edýär we oňa doly jogap berýär. Onuň bölümleri hem netijeli görkezmelerine tabyndyrlar.

Ykdysadyýet boýunça başlygyň orunbasary- bu kärhananyň ykdysady ugurlary boýunça gulluklaryna ýolbaşçylyk edýär. Onuň esasy wezipelerine kärhananyň önümçilik-hojalyk işlerine seljerme geçirip, ondan netije çykarmak, onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmak, iş wagtyny tygşytly peýdalanmak, zähmet hakynyň öz wagtynda kada laýyklykda tölegini gurnamak, ykdysady ugurlar boýunça ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak, önümçilige edilýän harajatlary çäklendirmek, maýa goýum toplumlaryň hasabyna

önümçiligi giňeltmek-ösdürmek boýunça düýpli gurluşyk işlerini geçirmek, dolanşyk serişdeleriniň hereketini çaltlandyrmak, zähmetkeş toparyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça çäreleri işläp düzmek, zähmetkeş toparyň arasynda zähmet öndürjiligi boýunça ýaryşlar gurnamak, zähmet we material serişdeleriniň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik etmek, daşky gurşawy goramak we şuňa meňzeş beýleki ykdysady meseleleri çözmek girýär. Onuň şekil-1-de görnüsi ýaly üç sany bölümi bolup, ýokarda agzalan meseleleri çözmekde oňa ýardam edýärler we onuň netijeli görkezmelerine tabyndyrlar.

Umumy işler boýunça başlygyň orunbasary- onuň wezipesine kärhanaýň zähmetkeş toparynyň kadaly ýagdaýda işlemeklerine ýardam bermek girýär. Onuň adminstratiw-hojalyk bölümi bolup, şol işleri ýola goýýar. Oňa zähmetkeş toparynyň iş ýerlerinde gerek bolan hojalyk inwentarlar, şeýle hem kärhana gelen-giden hatlary we düzgünnamalary resmileşdirmek degişlidir.

Işgärler düzümi boýunça başlygyň orunbasary- Işgärler düzüminin önümçilige gerek bolan wezipeleri boýunça planlaryny düzýär we hasabatyny ýöredýär. Raýatlar işe kabul etmekde bilim we tejribe derejesi boýunça saýlaýar, işe kabul edýär we kanun esasynda işden boşadýar. Boş duran orunlar barada Dölet tarapyndan kanunlaşdyrylan görnüşde zähmet biržasyna maglumat berýär. Zähmetkeş toparyň hukuk binýadyny goraýar. Garamagyndaky işgärler bu işleri kada laýyklykda amala aşyrmaga ýardam berýär we netijeli berýän görkezmelerini ýerine ýetirýär.

Ykdysady gullugyň esasy bölümi buhgalteriýa – hasaphana. Bu bölüm gönüden-göni kärhananyň ýolbaşçysyna – başlygyna tabyndyr. Ol kärhananyň maliýe, material we pul serişdeleriniň hasabyny ýöredýär. Döwlet býujeti bilen baglanyşykly salgytlar we tölegler hasaplaşyklaryny ýola goýýar. Zähmet haklarynyň hasaplamalaryny we töleglerini amala aşyrýar. Kärhananyň

maddy we material gymmatlyklaryna tükelleme işlerini geçirýär. Kärhananyň buhgalteriýa hasabatyny – balansy düzýär we kada laýyklykda degişli guramalara tabşyrýar.

Ýokarda görkezilen gulluklaryň we bölümleriň hemmesi biri-birleri bilen gatnaşykly, arabaglanyşykly we sazlaşykly işlemeli, şeýle hem kärhanada dörän meseleleri öz wagtynda netijeli çözmeli. Şunuň bilen baglylykda kärhananyň önümçiliginiň bökdençsiz işlemegini gazanmaly.

Nebit-gaz pudagynyň önümçiligi köp ugurlulygy bilen baglylykda ýene-de bir mysaly gurluşa seredeliň, ol hem nebit we gaz çykaryjy birleşiginiň gurluş düzümi, onuň gurluş düzümi alyp barýan iş ugry boýunça tapawutlydyr. Ony mysaly **şekil-2 goşunda** syn edip görüp bilersiňiz.

Önümçiligi dolandyrmak işi zähmetkeşleriň zähmet öndürjiligi kämilleşdirmage ünşini çekýär. Ol önümçilik toparlarynyň, geňeşleriniň we maslahat beriji ugurlarynyň üsti bilen, önümçiligiň iş netijeligine, planlaryň, meýilnamalaryň, öňde goýulan maksatlaryň üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam berýär. Önümçiligi dolandyrmakda jemgiýetçilik guramalary hem örän işeňňir gatnaşýarlar. Olardan esasan hem Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň, Kärdeşler arkalaşyklarynyň, Ýaşlar guramalarynyň agzalaryny görkezmek bolar. Jemgyýetçilik guramalary zähmetkeş toparyň iň ýakyn howandary bolmak bilen, olar zähmetkeş toparyň durmuş-medeni ýagdaýlaryny gowulandyrmakda, kärhananyň dolandyryjy düzümi (adminstrasiýasy) bilen bilelikde medeni çäreleri işläp taýýarlaýarlar we durmuşa geçirýärler. “Türkmenistanyň kärhanalar (birleşikler) hakyndaky kanunda” zähmetkeş topar kärhanadaky jemgyýetçilik serişdeleriniň eýesidir–diýlip bellenilendir. Şol sebäpli olar köpçüligiň islegini nazarda tutup kärhanadaky jemgiýetçilik serişdelerini döredýärler we halk baýlyklaryny artdyrýarlar.

Kärhanalarda (birleşiklerde) zähmetkeş toparyň bir bölegi dolandyryjy düzümden ybarat bolup, olara ýolbaşçylar,

inžener-tehniki işgärler we gullukçylar degişlidir. Olar kärhanadaky önümçilik serişdeleriniň we iş wagtynyň rejeli peýdalanylyşyna, şeýle hem kadalaşdyryjy düzgünnamalaryň berjaý edilişine gözegçiligi ýola goýýarlar. Bu kärhanadaky döreýän esasy meseleleriň çözgüdini tapmakda özüniň oňaýly täsirini ýetirýär. Olara esasan şu aşakdakylar;

1. Kärhananyň zähmetkeş toparynyň agzybirligini berkitmek.
2. Zähmetiň rejeli bölünşigini gazanmak.
3. Iş ýerlerini we hyzmatlary kadalaşdyrmak.
4. Işgär düzümini saklamak, taýýarlamak we bilim, tejribelilik derejelerini ýokarlandyrmak.
5. Iş usullaryny ýeňilleşdirmek.
6. Zähmeti dolandyrmagy kadalaşdyrmak.
7. Ýolbaşçylyk ugurlaryny kämilleşdirmek – degişlidir.

Kärhanda zähmetkeş toparyň zähmet netijeliligi olaryň diňe bir işe ussatlygyna bagly bolman, eýsem olaryň daşky gurşawy bilen bagly, ýagny işgäriň iş döwründäki şähdiaçyklyk – meselelerini gazanmak bilen hem bagly bolup bolup durýar. Zähmetkeş toparyň şähdiaçyk ýagdaýda işlemegini gazanmak üçin wezipe borçlary ýerine ýetirmekde düzüm gatnaşyklaryny gowulandyrmak wajyp meseleleriň biridir.

Kärhanany dolandyrmakda ýolbaşçynyň guramaçylyk meseleleri hem örän uly orun tutýar, ýagny ol öňde goýulýan meseleleri çözmekde, zähmetkeş toparyň agzybirligini gazanmakda, olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramakda örän adalatly çemeleşmelidir.

Häzirki zamanda ýolbaşça bildirilýän talap ilkinji nobatda özünde ýokary hünärliligi we ygtybarlylygy jemleýär. Ol biziň häzirki bazar gatnaşyklarynyň we ykdysady galkynyşyň ösýän döwründe tejribeli, tehniki we ykdysady bilimleri ele alan ýokary hünärli hünärmen hem-de

edara ediş wezipelerini ýerine ýetirýän önümçiligiň guramaçysy bolmalydyr.

Haryt – pul gatnaşyklarynyň ösdürilmegine tarap alnan ugur, bazaar ykdysadyýetiniň we ýolbaşçylygyň usullarynyň kadalaşdyrmagynyň guralyna uly gyzyklanma bildirýär. Adamzat işiniň islendik ulgamynda iş tejribesiniň utgaşdyrylmagy düşünjelere uýgunlaşmak bilen başlanýandygyny aýtmak gerek, “Menejer” sözüniň “Dolandyryjy” sözüniň ýerine orun almagynyň bazar şertlerinde giňden ýüze çykandygyny aýtmak gerek. Dolandyryjynyň ýeke-täk jähtiniň ýoklugy mälimdir. Adamlaryň bilelikdäki işinde ýolbaşcýlygyň manysy iki ýagdaýyň – toparlaýyn özüňi alyp barşyň bitewi başlangyjynda we özüňi guraýyşda özara gatnaşygy jemleýär. Ýolbaşçynyň işi durmuş-ykdysady ulgamyň çäklerindäki bilelikdäki işiň gurluşyna utgaşykli baglanyşyklydyr. Başga sözler bilen aýdanyňda, ähli ýerine ýetiriji, guramaçylyk we edara ediş wezipeleri, wezipe basgançaklarynyň aşaky basgançaklaryna salgylany biler, kömekçi bölümlere, wezipeli gulluklara berilip biliner, ýa-da ýokary derejedäki ýolbaşçynyň elinde jemlenilip biliner. Wezipeleri toparyň agzalaryna bölüp bermek ýolbaşçylygy kesgitlemegiň esasyna getirýär, ykdysady işiň aýratyn görnüşi bar, onuň esasy özeni-adamlaryň bilelikdäki işini dolandyrmakdyr. Islendik wezipe derejesindäki ýolbaşçynyň umumy wezipesi tabynlygyndaky toparyň tagallalary bilen öz fiziki we aň güýçlerini artdyrmagyň ýoly bilen bilelikdäki işde maksatlara ýetmekden jemlenýändir. Şunda ýolbaşçylygyň ýokary derejesi we zähmet hem-de dolandyryş işlerine beýleki gatnaşyjylar bilen şuňa meňzeş gatnşyklary ýola goýmak möhümdir. Häzirki zaman şertlerinde, haçanda islendik işiň aň düzümleri fiziki düzümlerden agdyklyk edende, el bilen işlemäge majbur etmän, eýsem kelle bilen işlemäge mejbur etmeli, hiç hili buýrük beriji çäreler bilen adamy döredijilikli oýlanmaga we hereket etmäge iterip bolmajakdygyny ýatdan

çykarmaly däldir, şeýle hem adamyň işlemeýän işine itermäge mejburlyk ulanmaly däldir.

Zähmet toparyndaky dolandyryş, guramaçylyk we şahsyýetara gatnaşyklary tehnologiki, ykdysady, ideologiki, syýasy, ahlak, estetiki, edara ediş we beýleki ýagdaýlaryň kömegi arkaly ýerine ýetirilýär.

Hojalyk ýolbaşçysynyň zähmetiniň hakyky usulyýeti, maglumatlaryň, kararlaryň, buýruklaryň ýa-da görkezmeleriň dälde, eýsem topardaky gatnaşygyň ulgamyny hasaplaýandyklary ýokardaky aýdylanlardan düsünüklidir. Işiň hünärmentçilik häsiýetine eýedigi baradaky delile düşünmek düýpli pursat bolup durýar. Onda şunuň ýaly ýagdaýda dolandyryş işlerini we ýolbaşçy hojalyk düzümlerini hünärment taýdan seçip almagyň meselesi wajyp oruna eýedir. Bu ýerde ýolbaşçynyň hünärment sypatlarynyň guramaçylyk ukybyna raýatlyk borjy, özüne we beýlekilere talap edijilik, umumy we dolandyryş medeniýetine ýokary derejelilik degişlidir. Adam häsiýetleri guramaçylyk ukyplarynyň, endikleriniň we adamlaryň bilelikdäki işine ýolbaşçylyk etmegiň aň esaslaryny düzýär.

Guramaçylygy uştünlikli dolandyrmak üçin zerur bolan häsiýetleriň ähli umumy jemi guramaçylyk ukybynyň egsilmezdigini görkezýär. Ýolbaşça hemişe özegçiligi we öz ösüşiniň üstünde işlemegi talap edýär.

Kärhanada dolandyryjy (AUP) we dolandyrýan (ýerine ýetiriji) düzümler biri-bileri bilen maglumatlar geçirmek arkaly berk baglanyşykda hem-de gatnaşykda bolýarlar. Şekile syn edeliň. (şekil-3)

Şu ýerde ;

a) Daşky gurşawyň täsiri barada maglumat bermek.
b) Önümçilik işiniň ýagdaýy barada maglumat bermek.
g) Netije çykaryp görkezme bermek




Dolandyryjy düzüm dolandyrýan düzümden önümçilik işleriniň gidişi hem-de bellenilen maksatnamalaryň ýerine ýetirilşi barada maglumatlary alýar we işleriň gidişinden netije çykaryp, meseleleriň çözgüdi barada ýerine ýetirmek üçin görkezme berýär.

Dolandyryjy düzüm daşky gurşawdan gelýän maglumatlary hem kabul edýär. Olary ýokary guramalardan, önüme isleg bildirýänlerden we ylmy-tehniki ösüş barada we ş.m. maglumatlar bolup biler. Dolandyryjy düzüme daşky gurşawdan maglumatlar tapgyrlaýyn gelýär, emma dolandyrýan düzümden bolsa yzygiderli gelýär.

Maglumatlar önümçiligi dolandyrmak döwründe şu aşakdaky mydamalyk dolanşygy başdan geçirýär.

1. Dolandyrylýan desganyň ýagdaýy barada maglumat (gelýän we ilkinji gyssagly maglumatlar).
2. Kesgitli, ymykly we saklawa (хранение) degişli maglumat.
3. Maglumatlaryň nusgasyny köpeltmek.
4. Maglumatlary paýlamak, dolandyryjynyň görkezmelerini gurnamak.

5. Dolandyryjynyň görkezmelerini geçirmek (çykyjy maglumat).
6. Görkezmeleri ýerine ýetirmek we dolandyrýan düzüme ýetirýän täsirini bilmek.

Dolandyryjy we dolandyrýan düzümleriň gatnaşygy maglumatlaryň dürli görnüşleri bilen arabaglanşygy saklaýar. Olar, bir ugurly wezipeleşdirilen we bir ugurly merkezleşdirilen görnüşlerdir.

Bir ugurly dolandyrmak görnüş – ol bir ugurly önümçilik bilen ýolbaşçynyň arasyndaky arabaglanyşyk bolup, maglumatlar göni ýolbaşça barýar we ol ýerden dolandyrýan düzüm görkezme alýar. Şekile syn: (şekil-4)




Bu görnüşde ýüze çykan meseleleriň ählisini ýolbaşçynyň özi çözýär. Bu görnüş kärhanada degişli önümçilik hünärmenleriniň ýok ýerlerinde peýdalanylýar.

Wezipeleşdirilen dolandyrmak görnüş – bu dolandyrmagyň tapawutlandyrylan görnüşi bolup, önümçilik hünärmenleri bilen wezipeleşdirilen bölümler arkaly maglumatlary kabul etmek we görkezmeleri ýerine ýetirmek bolup durýar. Mysaly şekile syn; (şekil-5)



Şekilde görnüşi ýaly önümçilik bilen hünärmenleriň we ýolbaşçynyň aralarynda köpugurly maglumatlar geçirilýär we kabul edilýär. Bu görnüş köpugurly maglumatlygy bilen önümçilikde jogapkärçiligiň hümmeti pese düşýär, sebäbi işi ýerine ýetiriji görkezmeleri ýolbaşçydan hem-de hünärmenlerden alýarlar.

Birugurly – merkezleşdirilen dolandyrmak görnüşi – bu görnüşde kärhana önümçilik hünärmenleri bilen üpjün edilip, maglumatlar birugurly amala aşyrylýar, şeýle hem görkezmeler birugurly berilýär, ýagny diňe ýolbaşçynyň görkezmesi esasynda önümçilik işleri ýerine ýetirilýär. Mysaly şekil-6-a seredeliň;




Şekilde görnüşi ýaly iki taraplaýyn alynýan we berilýän maglumatlar diňe ýolbaşçynyň üstünden gaýdýar. Bu görnüşde önümçilik jogapkärçiligi anyk öz wezipesini ýerine ýetirýär. Birugurly merkezleşdirilen dolandyrmak görnüşinde önümçiligiň anyk meselerini çözmekde ýolbaşçy topar bilen bilelikde geňeş agzalary hem bolýar, ol önümçilik meselelerini çözmekde netijeliligi artdyrýar. Önümçilik maglumatlary kabul edilende we geçirilende esasy talaplar, ol hem her-bir maglumat anyk, gysga we düşünükli bolmalydyr.

Kärhanada ähli gelýän-kabul edilýän maglumtlary ýatda saklmak we ony ýerine ýetirmek üçin maglumatlar resmileşdirilýär hem-de degişlilikde jogaplar taýýarlanylyp

degişli ýerlere gönükdirilýär. Ol mysaly şekilde görnüşi ýaly şeýleräk görnüşde amala aşyrylýar. (şekil-7)




1. Girýän we gelýan maglumatlar ilkinji nobatda kabul edilip bellige alynýar, ýagny gelen maglumata sene bilen tertip belgisi goýulýar, gaýtadan doly gözden geçirilip netije çykarmak boýunça degişli wezipeli hünärmenlere gönükdürilýär.
2. Resminamalaryň jogabyny, çözgüdini taýýarlamak işleri geçirilýär.
3. Ýolbaşçy tarapyndan ylalaşylyp, gol çekmek bilen berkidilýär.
4. Degişli maglumatlar doly taýýar bolandan soň daşky gurşawa ugradylmaly (ýokary gurama, gaýry kärhanalar we ş.m.). Hatlar resmileşdirilip jogap berilýär. Içki resminamalar ýerine ýetirmeli jogapkär bölümlere geçirilýär we netijesi boýunça gözegçilikde saklanýar.

Önümçiligi dolandyrmakda we guramaçylyk çärelerini kämilleşdirmekde maglumatlary resmileşdirmek hökmanydyr.

Biziň häzirki bazar gatnaşyklarynyň ösýän we kämilleşýän döwründe maglumatlar bilen netijeli işlemek, önümçiligi dolandyrmakda, ony ösdürmekde we gerimini giňeltmekde esasy gural bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda önümçilik we gaýry kärhanalaryň maglumatlaryny aýba-aý toplap geçirýän Ministrler Kabinetiniň mejlisi, onda pudaklaryň ykdysady netijeligini jemläp berýän her bir görkezmeleri, tabşyryklary we maslahatlary munuň aýdyň şaýady bolup durýar. Ýurtda ykdysady we önümçilik maglumatlary toplap, ondan netije çykarmak pudaklary ösdürmekde baş wezipe bolup durýar.

## XVII. Önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny dolandyrmak

Türkmen döwleti öz Garaşsyzlygyny alan günlerinden başlap senagat pudaklarynyň önümçiligini kämilleşdirmek maksady bilen ýurtdaky senagat kärhanalaryny ylmyň gazananlaryna esaslanyp täze, döwrebap awtomatlaşdyrylan ugurlara geçirmek boýunça çareler işläp düzdi.

Kärhanany awtomatlaşdyrmak – bu işçileriň zähmet şertlerini ýeňilleşdirmekden, önümiň hilini gowulandyrmakdan, önümiň öndürjiligini artdyrmakdan, iş wagtyny tygşytlamakdan, kärhananyň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmakdan we ş.m. önümçilik çärelerini kämilleşdirmekden ybaratdyr.

Pudagyň awtomatlaşdyrylan ugurlary hususanda nebit we gaz senagaty kärhanalarynda giňden ýaýbaňlandyrylandyr. Sebäbi bu pudagyň önümçiligi köp ugurly bolmak bilen önümçilik işleri hem örän çylşyrymlydyr. Şol sebäpli Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen bu senagat pudagynyň önümçiligi döwlet derejesinde üns merkezinde saklanýar.

Nebit we gaz senagatynyň önümçiligi ýurdumyzyň ähli çäklerinde giň gerime eýedir we şunuň bilen baglylykda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde, ony durnuklaşdyrmakda hem ýurtda esasy orunlaryň birini tutýar. Kärhananyň awtomatlaşdyrylan ugurlary pudakara önüçilik maglumatlary toplamakda, şol bir wagtyň özünde gyssagly

pudakara meseleleri çözmekde netijeli hyzmat edýär. Ýokarda belleýşimiz ýaly nebit we gaz senagatynyň önümçiligi köp ugurly bolmak bilen, awtomatlaşdyrylan ugurlar hem öz pudakara ugurlary boýunça ýöriteleşdirilendir. Ýagny, her kärhananyň öz alyp barýan önümçilik işleri boýunça awtomatlaşdyrylan merkezler döredilendir. Mysal üçin:

1. Geologiýa gözleg işleri boýunça.
2. Buraw işlerini geçirmek boýunça.
3. Geofiziki işleri geçirmek boýunça
4. Nebiti we gazy çykarmak boýunça
5. Nebiti we gazy ugratmak boýunça
6. Nebiti we gazy gaýtadan işlemek boýunça
7. Nebit we gaz enjamlarynyň üpjünçiligi boýunça we ş.m. beýleki işler boýunça awtomatlaşdyrylan ugurlar hereket edýändir.

Kärhananyň awtomatlaşdyrylan ulgamlaryny dolandyrmak we gurnamak şu aşakdaky bölümlere bölünýär. Olar:

1. Önümçiligi tehniki taýdan taýýarlamagy dolandyrmak
2. Önümçiligi operatiw – çalt dolandyrmak
3. Önümçiligi tehniki we ykdysady taýdan planlaşdyrmak
4. Material – tehniki üpjünçiligini dolandyrmak
5. Hasaphana (buhgalteriýa) hasabatyny dolandyrmak
6. Önümi ýerlemegi dolandyrmak
7. Maliýe işini dolandyrmak
8. Önümiň hilini gowulandyrmagy dolandyrmak
9. Işgär düzümini dolandyrmak
10. Kömekçi önümçiligi dolandyrmak

Kärhananyň önümçiligini gurnamakda we dolandyrmakda ýokarda görkezilşi ýaly her ugurlar boýunça bölümlere bölmek, awtomatlaşdyrylan ulgamlar boýunça maglumat toplamakda we netije çykarmakda özüniň örän oňaýly täsirini ýetirýär.

Önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny dolandyrmak (ÖAUD) nebit we gaz senagaty pudaklarynda maglumatlary we habarlary toplamak üç basgançakdan ybarat gurnalandyr. Olar:

1. Kärhanalaryň derejesinde – maglumatlary toplamak we işlemek gullugy (MTUG).
2. Önümçilik birleşikleriniň derejesinde – maglumatlary toplaýjy we hasaplaýjy merkezler (MTHM).
3. Ministrlikleriň derejesinde – maglumatlary toplaýjy we hasaplaýjy esasy merkezler (MTHEM).

Bu maglumatlar, habarlar we hasabatlar kärhanalar tarapyndan toplanylyp yzygiderli degişlilikde ýokary guramalara ýetirilip durulýar. Bu maglumatlary we habarlary toplamagyň esasy maksady önümçiligi yzygiderli – bökdençsiz we kadaly işletmek bilen bagly bolup durýar.

Önümçilik birleşiklerinde önümçilik meseleleriniň we önümçilik işleriniň möçberine laýyklykda önümçilik gurluşy we işgär düzümi girizilen, olar şu aşakdaky bölümlerden ybaratdyr:

1. Dolandyryjy bölüm
2. Meseleleri özleşdirýän we işläp taýýarlaýan bölüm
3. Maglumatlary toplap işleýän bölüm
4. Tehniki serişdeleriň hyzmatlaryny ýerine ýetirýän bölüm

Maglumatlary toplaýjy we hasaplaýjy merkezleriň iş netijeliligi olaryň alyp barýan işleriniň we maglumatlary işläp taýýarlamagyň hiline bagly bolup durýar. Sebäbi, önümçiligiň kadaly, bökdençsiz we yzygiderli işlemeginiň ykbaly şol maglumatlaryň anyk we netijeliligi bilen kesgitlenilýär. Her bir maglumatlaryň anyk we kesgitli bolmagy üçin tehniki serişdeleriň bökdençsiz we saz işlemegi esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ulgamlarynda maglumatlary toplaýjy we hasaplaýjy merkezleriň iş netijeliligini ýokarlandyrmak üçin olaryň işini bahalandyryjy

görkezijiler işlenilip taýýarlanylandyr. Olar şu aşakdaky ykdysady ähmiýetlikleri boýunça toparlara bölünendir:

1. Maglumatlary toplaýyş we hasaplaýyş merkeziniň täsiri astynda önümçilik birleşikleriniň iş görkezijileri.
2. Maglumatlary toplaýyş we hasaplaýyş merkeziniň önümçilik görkezijeleri.
3. Maglumatlary toplaýyş we hasaplaýyş merkeziniň alyp barýan iş derejesinde hiliniň görkezijileri.

Ministrligiň garamagyndaky maglumatlary toplaýjy we hasaplaýjy esasy merkez (MTHEM) ähli ulgamlardan maglumatlary toplap olary ykdysady-matematiki usulda seljerip we gaýtadan işläp, toplumlaýyn netije çykaryp degişli görkezmeleri, maslahatlary we tabşyryklary berýär.

Pudaklary dolandyrmakda alynyp barylýan işleriň çylşyrymlylygy hem-de köp ugurlulygy bilen baglylykda nebit-gaz senagatynyň kärhanalarynyň awtomatlaşdyrylan ulgamlaryny hem şol ugurlar we wezipeler boýunça ýöriteleşdirilen gurluşlara, bölümlere we bölümçelere bölmeli bolýar. Olaryň esasylary planlaşdyryş, hasabat gözegçilik we seljerme ugurlaryndan ybaratdyr. Şeýle hem wezipeleşdirilen gurluşlar boýunça bölümçelere bölünýär. Olar:

1. Önümçiligi tehniki taýdan taýýarlamagy dolandyrmak.
2. Önümçiligi çalt, tiz (operatiw) dolandyrmak.
3. Önümçiligi ykdysady we tehniki taýdan planlaşdyrmak.
4. Önümçiligiň material-tehniki üpjünçiligini dolandyrmak.
5. Buhgalteriýa hasabatyny dolandyrmak.
6. Önümi öndürmegi we ýerlemgi dolandyrmak.
7. Maliýe işlerini dolandyrmak.
8. Önümiň hiliniň gözegçiligini dolandyrmak.
9. Işgär düzüminiň işini dolandyrmak.
10. Kömekçi önümçiligi dolandyrmak.

Önümçiligi tehniki taýdan taýýarlamak bölümçesi – önümçiligi konstruktorçylyk, tehnologiki we kadalaşdyryjy resminamalar bilen üpjün edýär. Täze önümleri çykarmak üçin onuň taýýarlygyny üpjün edýär we onuň önümçilik şertlerini işläp taýýarlaýar. Ol maglumat bermek boýunça maglumat toplaýyş esasy merkeziň maglumatlary geçiriji çeşmesi bolup durýar. Şonuň üçin ol bölümçe kadalaşdyryjy sorag – jogap işlerini ýerine ýetirmekde esasy maglumatlary häsiýetlendiriji merkez bolup durýar.

Önümçiligi çalt, tiz (operatiw) dolandyryjy bölümçe – bu bölümçe kärhananyň awtomatlaşdyrylan gurluşynyň esasy bölegidir (zwenosydyr). Ol kärhananyň önümçiliginiň ähli bölümleriniň meselelerini çözýär, olaryň işlerini dolandyrmakda kesgitleýji çözgütleri tapýar. Bu bölümçe ykdysady – matematiki usuly şertlerine eýe bolmak bilen önümçiligiň dolanşygyny çalt we tiz gurnaýar. Ýüze çykan önümçilik meselelerini tizden-tiz seljerme geçirip onuň çözgüdini işläp taýýarlaýar we degişli ugurlara kadaly maslahat berýär. Bu bölümçäniň işi önümçiligiň bökdençsiz işlemegine uly ýardam berýär. Şeýle hem önümçiligiň gyssagly meselelerini we zähmet şertlerini operatiw-tiz kesgitläp, degişli çäreler geçirip önümçiligiň işini ugrukdyrýar.

Önümçiligi ykdysady we tehniki taýdan planlaşdyrmak bölümçe – bu bölümçäniň esasy wezipesi önümçiligiň ähli işlerine, hasabat we seljerme geçirmegi hem-de gelejekki planlary düzmegiň guramaçylygyny öz içine alýar. Önümçiligi tehniki we ykdysady taýdan planlaşdyryş döwründe kärhananyň ähli bölümleriniň etmeli tabşyryklaryny kesgitleýär we olara gerek bolan önümçilik serişdelerini hasaplaýar. Munuň içine kärhanada önümi öndürmek, ony ýerlemek, zähmeti we zähmet hak töleglerini gurnamak, önümiň özüne düşýän gymmatyny we beýleki önümçilik jähtdäki alnyp barylýan işleriň gözegçiligini gurnamak girýär. Önümçiligiň awtomatlaşdyrylan gurluşyny dolandyrmakda ykdysady – tehniki planlaşdyryş bölümçe esasy ugrukdyryjy bölümçe

bolup durýar. Umumy görnüşde tehniki ykdysady bölümçäniň wezipeleri we meseleleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Önümi öndürmekde we ony ýerlemekde önümçiligiň iň amatly ýyllyk meýilnamasyny hasaplap düzmek we iş gurallarynyň kuwwatlyklaryny kesgitlemek.
2. Zähmeti we zähmet hakyny gurnamakda önümçiigiň işgär düzümini hasaplap ony planlaşdyrmak, iş öndürijiligini kesgitlemek, iş wagtynyň peýdalanylşyny we onuň ortaça işgärä düşýän zähmet kuwwatlygyny, şeýle hem zähmet hak tölegleriniň we höweslendirme gaznalarynyň emele gelmegini planlaşdyrmak.
3. Önümiň özüne düşýän gymmatyny planlaşdyrmak, munda önümçiligiň her bir ugurlary boýunça harajatlary hasaplap, ony kesgitläp, kärhananyň ähli bölümleri boýunça çykdajylary ölçerip öndüriljek önümleriň, şeýle hem tutuş kärhana boýunça önümiň özüne düşýän gymmatyny kesgitläp, ony planlaşdyrmak.
4. Önümçiligiň işini kämilleşdirmekde we maliýe durnuklylygyny, ykdysady ösüşi gazanmakda kärhananyň beýleki ugurlary boýunça görkezijileri hasaplap, ony kesgitläp planlaşdyrmagy gurnamak.

Material-tehniki üpjünçiligi dolandyrmak bölümçe – bu bölümçäniň işi ykdysady-matematiki usulyýetde dolandyryş işiniň netijeligini artdyrmak üçin önümçiligiň material-tehniki üpjünçiligini bökdençsiz berjaý etmäge gönükdirilendir. Ol hasplaýjy-tehniki we guramaçylyk-tehniki çäreleri düzmek bilen önümçiligiň tehniki üpjünçiligini gurnaýar we oňa gözegçilik edýär. Bu bölümçede şu aşakdaky esasy wezipeler iş ýüzine geçirilýär;

- Talapnamalaryň, şertnamalaryň we beýleki resminamalaryň esasynda önümçilik isleglerini toplamak.

- Baglaşylan şertnamalaryň we takyklanan sanawlaryň esasynda isleg bildirilen önümleri almak boýunça berk hojalyk aragatnaşygy saklamak we başgalar.

Buhgalteriýa hasabatyny dolandyrmak bölümçe – bu bölümçäniň esasy borjy anyk hasabatlar esasynda kärhananyň önümçilik-hojalyk işlerine seljerme geçirmek we netijesi boýunça teklipleri bermek, şeýle hem önümçilikde alynyp barylýan işleriň kanunalaýyk hasabatlaryny ýöretmek bolup durýar. Tehnologiki esaslandyrmalaryň nazaryýeti bilen buhgalteriýa hasabaty iki topara bölünýär. Olaryň birinjisi; maliýe-pul serişdeleriniň, karzlaryň we olaryň netijeligini gazanmagyň hasabatyny ýöretmek, ikinjisi bolsa, esasy serişdeleriň, dolanşyk-material serişdeleriniň, zähmet bilen baglanyşykly hasabatlaryň, taýýar önümleriň we olary ýerlenişiniň hem-de kömekçi önümçiligiň hasabatlaryny ýöretmak bolup durýar. Material jogapkärçiligini çekýän hasabatlaryň tükelleýiş işlerini geçirmek we olaryň harytlarynyň we önümleriniň girdejileriniň we çykdajylarynyň kanunalaýyklygyny gazanmak gözegçiligini berjaý etmek bilen baglanyşykly meseleri çözmekden ybarat bolup durýar.

Maliýe işlerini dolandyrmak bölümçe – bu bölümçe önümçiligiň tehniki-ykdysady görkezijileriniň amal bolmagy üçin pul serişdesi bilen üpjün edýär we ony maksada laýyk paýlaýar. Şu sebäplere görä maliýe işiniň köpugurlylygyny göz öňünde tutup, ony üç esasy gönükdüriji ugurlara bölmek bolar: Olar;

1. Malyýe işlerini we malyýe-ykdysady görkezijilerini planlaşdyrmak.
2. Maliýe ýagdaýlaryna seljerme geçirmek.
3. Maliýe-ykdysady işleri sazlamak.

Şu gönükdürijiler bölümçäniň esasy borçlary we wezipeleri bolup durýar.

Maliýe işlerini dolandyrmak bölümçäniň ýene-de bir esasy maksady, ol hem maliýe işlerini planlaşdyrmagy ylmyň

gazananlary bilen baglanyşdyrmak, önümi ýerlemekden girdeji almak we peýda gazanjynyň, düşewüntligiň artdyrylmagyny gazanmak, şeýle hem malyýe bilen baglanyşykly meseleriň çözgüdini maksada laýyk we netijeli çözmek bolup durýar.

Önümiň hiliniň gözegçiligini dolandyrmak bölümçe – önüm öndürýän ähli pudaklaryň müşderleriniň artmagy, belli bir derejede onuň öndürýän önüminiň hiline bagly bolup durýar. Şol sebäpli bu bölümçäniň wezipesi öndürilýän, çykarylýan önümleriň we olary ýerlenýän pursatlarynda olaryň hillerine gözegçilik etmekden ybaratdyr. Önümçilikde öndürilýän önümleriň hil ýaramsyzlygyna ýol bermezlik, önümiň hilini gowulandyrmak barada çäreleri geçirmek, ol barada maglumatlary yzygiderli ýygnamak we degişli tabşyryklary bermek, şeýle hem ylmyň gazananlary bilen baglanyşykly çäreleri önümçilige ornaşdyrmak boýunça işleri geçirmek bolup durýar.

Işgär düzüminiň işini dolandyrmak bölümçe – bu bölümçäniň esasy_wezipesi bu bölümçäniň esasy wezipesi işgär düzüminiň sanyny bölümler we tutuş kärhana boýunça hasabatyny ýöretmek, şeýle hem işgärleri taýýarlamak we olaryň netijeli işlemegini gazanmak bolup durýar. Işgärleriň tejribeliklerini artdyrmak boýunça okuw-ylmy çäreleri gurnamak we olaryň derejeligini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar. Işgärler düzüminiň ýagdaýlary barada maglumatlary toplamak we degişli teklipleri bermek bilen, olaryň zähmet şertleriniň kadalaşdyrylmagyny gurnamakdan ybaratdyr.

Kömekçi önümçiligi dolandyrmak bölümçe – bu bölümçe kärhanada zähmetkeş topar bilen bagly durmuş-medeni çäreler boýunça işleri alyp barmakda guramaçylyga jogap berýär. Zähmetkeş toparyň durmuş, ýaşaýyş, saglyk we medeni çäreleri gurnamakda işjeň hereketleri bilen ugurda kärhanadaky alnyp barylýan işlere jogap berýär. Zähmetkeş topary höweslendirmek boýunça, ähli babatlarda olary goldaýar we çäreleri işläp taýýarlaýarlar.

Kärhanada durmuş-ykdysady meseleler boýunça düzülýän planlara işjeň gatnaşýar, teklipleri berýär we olar baradaky maglumatlary toplaýar hem-de degişli guramalara ýetirýär.

Pudaklarda awtomatlaşdyrylan gurluşy dolandyrmakda esasy bölümçeleriň biri ol hem häzirki döwürde <u>awtomatlaşdyrylan gurluşlarda planlaşykly hasabaty ýöretmek</u> bolup durýar.

Nebit we gaz senagatynda bu gurluşy ýöretmek oruna eýedir we özüniň netijeligini berýändir. Ony biz mysaly şekil görnüşinde aşakdaky ýaly suratlandyrýarys (Şekil-1):




Şekilde görnüşi ýaly planlaşdyrmagyň tehnologiki hasabatlaryna geçirmek üç ýagdaýda seredilýär, ýagny ulgamlary ulanyşa taýýarlamak, hasaplamalary geçirmek we netijesini paýlamak.

Şu şekilde görkezilen görnüş boýunça edilen hasaplamalar, öz netijeliligi boýunça anyk planlaşdyrmalary üpjün etmek bilen planlaşdyrma hasaplamalarynyň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny tehnologiki görkezijiler bilen üpjün edilmegini gurnaýar. Önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny dolandyrmakda şu aşakdaky esasy üpjünçilikleriň görnüşleri bar. Olar; Maglumatlar üpjünçiligi, logiko-operatiw üpjünçilik, matematiki maglumatlar üpjünçiligi, tehniki üpjünçilik we guramaçylyk üpjünçiligi. Bular öz gezeklerinde her-bir ugurlar boýunça maglumatlary we üpjünçilikleri gurnamakda esasy, kadaly wezipeleri ýerine ýetirýär.Önumçiligiň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny dolandyrmagy özleşdirmegiň maksady kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň netijeliligini gazanmakdan ybaratdyr. Kärhananyň önümçiliginiň her-bir ugurlary boýunça tiz hem-de anyk kesgitli maglumatlary toplamak, şol kärhanany dolandyrmagyň netijeli çözgüdini tapmakda özüniň oňaýly-kesgitli täsirini ýetirýär. Biziň ýurdumyzda önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny kämilleşdirmek häzirkizaman tehnologiki ugurlarda alynyp barylýar. Biziň ýurdumyzda ykdysady ösüşiň esasy binýady bolup duran senagat pudaklaryny awtomatlaşdyrylan ulgamlara öwürmek netijeli amala aşyrylýar. Bu bolsa diňe bir önümçiligiň netijeliligini artdyrmak bilen bagly bolman, eýsem zähmetkeş toparlarynyň hem iş we zähmet öndürijiliklerini ýokarlandyrmakda wajyp meseleri çözýär.

## Edebiýatlar


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
10. "Türkmenistany ykdysady syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasy. Aşgabat, 1999ý.
11. Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli maksatnamasy. Aşgabat-2007ý.

12. Türkmenistanyň kärhanalar (birleşikler) hakyndaky kanuny. Aşgabat-1993ý.
13. А.Д. Бренца. В.Е.Тищенко «Организация, планирование и управление предприятиями нефтяной и газовой промышленности» Москва «Недра» - 1986г.
14. Е.С.Сиромятников. Н.Н.Победоносцева. В.Д.Зубарева. В.А. Шапаков. «Организация, планирование и управление нефтегазо-добывающими предприятиями» Москва «Недра» - 1987г.
15. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2002ý. № 9 (28),
16. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2002ý.№12 (31),
17. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2003ý. № 1 (32),
18. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2003ý. № 2 (33),
19. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2006ý. № 9 (76),
20. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2007ý. № 9 (88),
21. “Altyn Asyryň ykdysadyýeti” žurnaly-2008ý. № 2 (93),
22. “Türkmenistanyň zähmet kodeksi” Türkmenistan gazeti 01.05.2009ý. № 109-112.
23. Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2008-2012-nji ýyllar üçin konsepsiýasy. Aşgabat-2008ý.

## Mazmuny


| | |
|---|---|
| Giriş | - 7sah. |
| Halk hojalygynda önümçilik we kärhana | - 10 sah. |
| Önümçiligiň işini gurnamagyň esaslary. | – 14 sah. |
| Zähmeti kadalaşdyrmak we ony ylmy esasda gurnamak | – 20 sah. |
| Täze tehnikalary döretmegi we özleşdirmegi Gurnamak | – 27 sah. |
| Pudagyň planlaşykly işlemegini gurnamagyň esaslary | – 33 sah. |
| Önüm öndermegi we ýerlemegi gurnamak | – 46 sah. |
| Önümçiligiň tehniki taýdan ösmegini gurnamak | – 53 sah. |
| Önümçiligiň tehniki hyzmatyny gurnamak | – 61 sah. |
| Zähmeti we zähmet hakyny planlaşdyrmagy gurnamak | – 68 sah. |
| Önümiň özüne düşýän gymmatyny planlaşdyrmagy gurnamak | – 75 sah. |
| Pudagyň maliýe işini planlaşdyrmagy gurnamak | – 82 sah. |
| Zähmetkeş toparynyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmagy we ony ösdürmegi planlaşdyrmagy gurnamak | – 92 sah. |
| Önümçilik-hojalyk işlerini seljermegi gurnamak | – 100 sah. |
| Daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmagy gurnamak | – 108 sah. |
| Pudagy dolandyrmak | – 116 sah. |
| Önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ugurlaryny dolandyrmak | – 129 sah. |
| Edebiýatlar | – 139 sah |

Go\undy(ÖGweD)

Nebit we gaz çykaryjy birleşiginiň gurluş düzümi (şekil-2)

